TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

**Gülsün Çaryýewa**

# Garaşsyz Türkmenistan döwrüniň publisistikasy

Ýokary okuw mekdepleriniň žurnalistika hünäriniň talyplary we mugallymlary üçin okuw gollanmasy.

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlendi.

**Aşgabat -2010**

**Çaryýewa G.**

**Garaşsyz Türkmenistan döwrüniň publisistikasy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 124 sah.

# Giriş

## Garaşsyz Türkmenistan döwrüniň publisistikasy

Garaşsyz , baky Bitarap Türkmenistan döwletimiz 1991-nji ýylyň 27-nji iýunynda özüniň garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soňra ýurdumyzyň publisistikasy halkyň ruhy islegini, ýurduň ideologiýa taglymatyny, il-gün, ýurt bähbitli milli gymmatlyklary açyk we erkin beýan etmäge başlady. Ýurdumyzyň köpçülikleýin habar serişdeleriniň wezipesi döwrüň syýasy ugruny halka wagyz etmekden, jemgyýetiň agzybirligini we jebisligini gazanmakdan ybarat. Publisitika sözi gelip çykyşy boýunça latyn sözi bolup, „publicus" – jemgyýetçilik diýen sözden gözbaş alyp gaýdýar. Şeýle-de, publisit sözi jemagatşynaslyk diýen manyny-da berýär. Häzirki döwürde ylmy edebiýatlarda publisistika hakynda birnäçe kesgitleme bar. Munuň özi-de žurnalistikanyň döredijilik işidigi we döredijilik işgärleriniň her biri özüniň publisistiki eserlerinde şahsy, halky garaýyşlary beýan etmek bilen ýazýandygyny görkezýär. Köp halatda publisistika syýasy- jemgyýetçilik durmuşy boýunça metbugat, tele-radio ýaýlymlaryň materiallarynyň jemi hökmünde garalýar. Elbetde publisistika hakynda şeýle netije çykarmak we bu netijäni dogry hasap etmek nädogrulykdyr. Sebäbi publisistika sosial-durmuşy, ylmy-wagyz edijilik işlerinde döwür bilen aýakdaş, operatiw seslenýän žanrdyr. Publisistikany metbugat ýa-da tele-radio ýaýlymlaryň žanry diýip bölmeklik hem onuň esasy ähmiýetine aralaşmakdan daşlaşdyrýandygyny bellemek

gerek. Publisistikanyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri boýunça bölünmegi, meselem metbugat publisistikasy, tele-radio ýaýlymlar publisistikasy, internet publisistikasy diýen ýaly ugurlar boýunça bölünmegi onuň bitewi teoriýasyny düzmäge, oňa umumy obýekt hökmünde garamaga bolan mümkinçiligi daraldýar.

Publisistika ähli döwürde hem köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň esasy özenini düzýär. Halk köpçülige ýetirilýän täzelikleriň, habarlaryň, pikirleriň, ideýalaryň, teklipleriň, akyl ýetirmeleriň, düdşündirmelriň gyzykly, janly bolmagy üçin publisistika bilen iş salyşýan adamlaryň publisistikanyň düýp manysyna doly we dogry düşünmegi ilkinji zerurlykdyr. Publisistikada esasy ölçeg onuň hakykatlygy we janlylygy, aktuallygy, jemgyýetçilik gyzyklanmasyny gazanmagydyr.

Eger-de bir adam bir ýygnakda, ýa-da märekede çykyş edýän bolsa, onuň diňleýjiler auditoriýasy şol ýygnak ýa-da märeke bolýar. Ýöne publisistiň auditoriýasy tutuş bir halk, köp halatda bütin dünýä jemgyýetçiligi-de bolup bilýär. Publisistika žurnalistikanyň oçerk, makala, felýeton, zarisowka ýaly öz içine alyp, publisistika žanrlarynyň bitewiligini düzýär. Özüne mahsus bolan resmi, ylmy, çeper, gepleşik stilleri bilen utgaşýar. Publisitika hakyky maglumatlar esasynda jemgyýetçilik ýaşaýyşynda ýüze çykýan derwaýys meseleler barada ýazylýar. Žurnalistikanyň bu žanrynda awtor öňe sürýän meselesini çözmegiň ýollaryny we tärlerini, ýa-da döredilen mümkinçilikleriň halka bähbitli tarapyny beýan edýär. publisistikada jemgyýet üçin bähbitli, peýdaly habarlaryň, wakalaryň, açyşlaryň,

peýdaly işleri edýän hünärmenleriň (halk hojalygynyň işgärleriniň, intelligensiýanyň we ş.m.) ýa-da durmuşyň beýleki bir möhüm meselesi şöhlelendirilýär. Publisitiki makalalarňy haýsy temadan ýazylýandygyna garamazdan, gozgalýan meseläniň, öňe srülýän pikiriň, beýan edilýän wakanyň jemgyýet üçin peýdaly tarapynyň bolmagynyň publisitikadan edilýän esasy talaplaryň biridir.

Publisistika diňe bir žurnalistikanyň däl, eýsem edebiýatyň hem aktual, iň operatiw ugrudyr. Çeper publisitika durmuşyň öňe süren meselelerini anyk faktlaryň, degişmeleriň üsti bilen halk köpçüligine ýetirilýär.

Türkmenistanyň öz garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen türkmen publisistikasynyň üstüne düşýän borçlar has-da artdy. Ýurdumyzyň islendik ulgamlaryna degişli ösüşleri we öňegidişlikleri beýan etmek işi-de ýene-de publisistikanyň egnine düşýär. Türkmen publusistikasy ýurt garaşsyzlygymyzy alan günümizden bäri dürli ýyllarda ösüş basgançaklary bilen döwrüň ideologiýasyny halk köpçüligine ýetiriji hökmünde çykyş edip geldi. Milli ruhy gymmatlyklarymyzyň döwrebap ösüşler bilen utgaşykly ösdürilmegi döwrümiziň ýaş nesline terbiýe bermekde, asyl dil arassalaygymyzy saklamakda, dünýädäki bolýan ylmy açyşlary halkymzyň bitewi ruhuna laýyklykda durmuşa ornaşdyrmakda publisistikanyň ägirt uly roly bardyr. Ine, garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen jemgyýetinde kemala gelen watansöýüjilikde, türkmen topragyna bolan arassa söýgüsinde publisistiki eserleriň uly ähmiýeti bardyr. Bu ruhy galkynyş 2007-nji ýylda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň

ýurt başyna geçmegi bilen bilim, ylym, döredijilik, žurnalistika ulgamlarynyň, ugurlarynyň täzeçe işläp başlamagy bilen has-da aýdyň netije berip başlady.

## Publisistika

Publisistika latynça publisist-jemgyýetçilik pikirine gönümel täsir etmek maksady bilen, möhüm sosial meseleleri beýan edýän žanrdyr.

Häzirki ylmy edebiýatda publisistika düşünjesi hakynda her dürli kesgitleme bar.Köp halatda oňa syýasat, jemgyçetçilik durmuşy boýunça metbugat, radio-telewideniýe materiallarynyň jemi hökmünde garalýar.Publisistika hakyndaky şeýle kesgitleme nädogrudyr.Sebäbi publisistika döwrüň öňe süren jemgyýetçilik meselelerinden başga-da, häzirki wagtda örüsini giňeldýän, syýasy, sosial, ylmy-wagyz edijilik meseleler-de operatiw seslenýän žanrdyr.Publisistikany metbugat ýada radio-telewidenýe žanry diýip bölmek-de nädogrudyr.Onuň habar beriş serişdeleri boýunça bölünmegi bitewi teoriýasyny düzmäge, oňa obýekt hökmünde garamaga mümkinçiligi daraldýar.

Publisistika habar beriş serişdeleriniň özenini düzýär.Sebäbi gyzykly, janly çykyş ähli hakykaty ýüze

çykýar.

Publisistikada esasy ölçeg onuň janlylygy, aktuallygy, jemgyýetçilik gyzyklanmasyny döretmegidir.Ol köpçülik auditoriýasy arkaly jemgyýetçilik pikirini döredýän metbugat sözi, ses ýa-da şekil bilen täsir edýän tekstdir.

Publisistika hakyky maglumatlar esasynda jemgyýetçilik ýaşaýşynda ýüze çykýan derwaýys meseleler ýazylýar. Žurnalistikanyň bu žanrynda awtor öňe sürýän meselesini çözmegiň ýollaryny we tärlerini beýan edýär.Publisistikada jemgyýet üçin bähbitli wakanyň, açyş, peýdaly işleri edýän şahsyýetiň halk hojalygynyň işgärleriniň, intelligensiýanyň we ş.m. ýa-da durmuşyň beýleki bir möhüm meselesi şöhlenendirilýär.

Haýsy temada ýazylýandygyna garamazdan, gozgalýan meseläni, beýan edilýän wakanyň jemgyýet üçin peýdaly tarapynyň bolmalydygy publisistikadan ediläýn esasy talaplaryň biridir.

Publisistika diňe bir žurnalistikanyň däl, edebiýatyň hem iň operatiw ugrudyr.Çeper publisistika durmuşyň öňe süren meseleleri anyk faktlaryň, degşirmeleriň üsti bilen halk köpçüligine ýetirilýär.

Täze Galkynyş eýýamynda bu žanryň sosial-syýasy ähniýeti artýar, örüsi giňeýär, döwletimizi mundan beýläk-

de pugtalandyrmakdaky, adamlaryň syýasy, sosial işeňňirligini ýokarlandyrmakdaky, doganlyk-dostlugy berkitmekdäki hyzmaty artýar.

Möhüm hem operatiw žanr bolan publisistika durmuşy hemişe dogryçyl beýan etmäge wakalary takyk görkezmäge, adalatly netije çykarmaga çalyşýar.

Publisistikanyň beýan edilşiniň birnäçe görnüşi bar.

**Praktiki görnüş**. Bu görnüşde obýektiň göze görnüp duran zady syn arkaly beýan edilýär.

**Logiki düşündirişi beýan etme görnüşi**. Bu görnüşde waka teoretiki taýdan jemlenilýär, onuň möhümliligi aýratyn belenilýär.

**Sosial-praktiki görnüş.** Bu görnüşde tejribe açyk görkezilýär, kynçylygy ýeňip geçmegiň ýollary salgy berilýär.

**Çeper-Publisistiki görnüş.** Bu görnüşde sosial hakykat obrazlar arkaly, ýagny edebiýatyň täri bilen beýan edilýär.

## Publisistikanyň ösüş ýollary

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda ýurdumyz ykdysady, syýasy we medeni taýdan uly ösüşler bilen öňe barýar.Gazanylýan üstünlekleri has-da berkitmekde jemgyýetçilik aňynyň kämilleşip, halkyň durmuş hakykatyna bolan garaýyşlaryny ösdürmek wezipesi bu günki günüň çykaran baş maksady bolup durýar.Döwlet bilen jemgyýetiň sazlaşykly ösüşini mundan beýläk-de berkitmekde, ýurdumyzda bolup geçýän özgertmeleri, täzelikleri baý çeperçilik mazmun bilen bezäp, halk köpçüligine ýurdumyzda amala aşyrmaly maksatly işlere ugrukdyrýan eserler täze döwrüň sahnasyna çykmaly.Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 24-nji fewralynda ýurdumyzyň döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen geçiren duşuşygynda şeýle diýdi.„Biz ýurdumyzyň döredijilik işgärlerinden kämilligi, çeperçiligi we many-mazmuna baýlygy bilen tapawutlanýan, jemgyýetimiziň ýaşaýyş-durmuşynyň ähli ugurlarynda bolup geçýän öňyn özgertmeleri ussatlyk bilen beýan edýän ajaýyp edebi eserlere we sungat eserlerine garaşýarys’’.

Publisistik edebiýatynyň öňünde hem gündelik wakalaryň töwereginde jemgyýetçilik pikirini kemala getirmek wezipesi durýar.Bu ugurda publisistikanyň iň bir

işjeň žanry bolup çykyş edýändigini göz öňünde tutýarys.

Türkmenistan Garaşsyzlygyny gazanyp, hemişelik Bitaraplyk hukugyna eýe bolanyndan soň, ýurduň syýasy, medeni, ykdysady durmuşynda täze döwür başlandy. Döwleti dolandyrmagyň milli ýoly saýlanyp alyndy.Bu jemgyýetçilik özgertmeleriniň many-mazmuny, ýurdy dolandyrmakdaky ähmiýetli ugurlary bilen halk köpçüligini tanyşdyrmak zerurlygy kanuny ýagdaý bolup durýardy.Döwletiň mundan beýýläki ýöretjek içeri we daşary syýasatyny halkyň goldamagy, ykrar etmegi hökmany şertleriň biridi.Jemgyýetiň durmuşyndaky özgertmeleriň amala aşmagynda halk esasy daýançdyr.Döwletiň ýöredýän syýasatyny wagyz etmekde habar beriş serişdeleri döwlet bilen halkyň arasyndaky köpri bolup durýar.

Türkmenistan döwletiniň Garaşsyzlyk syýasatynyň düýp mazmunyny ýurduň bitewüligini saklamak, milletiň, medenýetiniň, diliniň birligini ykrar etmek meselesi düzýär.Jemgyýetiň bu sazlaşykly ösüşindäki özgerişikler döwleti dolandyrmagyň esasyny düzýän wakalarydyr.Täze jemgyýetiň sazlaşykly ösüşini üpjün etmekde ylym bilen edebiýatyň orny uludyr.Edebiýat bolsa adam ahlagynyň gözel keşbini kemala getirýän ruhy suratçydyr. Jemgyýetçilik aňynyň bu iki görnüşi adamzat durmuşynyň estetiki taýdan gözelleşmegi, ösmegi üçin zerur

şertlerdir.Bir sistema geçen döwletde jemgyýetçilik aňynyň bulaşmagyny gazanmak wezipesini wagyz-nesihat etmek işlerini ýerine ýetirýär.Bu ýol goşgularyň üsti bilen, köpçüligiň üýşen ýerinde çykyş etmek bilen, habar beriş serişdeleri arkaly halka ýetirilýär.Ol jemgyýetçilik ýaşaýşynda ýüze çykýan wajyp meseleler we uly wakalar barasynda hakyky maglumatlar esasynda ýazylýan eseriň bir görnüşidir. Publisistik eserler köpçülige düşünikli, aýdyň, çeper dilde ýazylýar.Onuň esasy aýratynlygy has operatiwliginde, gündelik jemgyýetçilik we syýasy meselelere bada-bat seslenýändigine.Publisistikanyň sözleýiş ýazuwly görnüşleri bolýar.Ýazuwly görnüşine metbugat we neşirýat degişli.Sözleýiş görnüşine bolsa radiodyr teleýaýlymlar degişli.

Türkmen publisistikanyň ösüş ýollaryny beýan etmek üçin onuň köklerini yzarlamak zerurlygy ýüze çykýar.Publisistika edebiýatda orta ýolda goşulan žanr däldir.Onuň köklerini halk döredijiliginden, folklorlarymyzdan, edebi eserlerden, nusgawy şahyrlaryň döredijiliginden gözlesek dogry bolýar.Publisistika-düşündiriş işlerini, wagyz-nesihat edijilik wezipesini ýerine ýetirýän ideologik serişde.Islendik jemgyýetiň döremegi üçin zerur şertler barada halk köpçüliginiň aňynda düşünje bolmagy hökmany ýagdaýdyr.Jemgyýetiň ahlak sagynlygynyň kemala gelmegi halkyň ruhy taýdan pähligini, içki dünýäsiniň gözelligini baýlaşdyrýan

hadysadyr.Şahsyýetiň jemgyýetiň ösüş aýratynlyklaryna bolan garaýyşy filosofiki, etiki, estetiki talaplaryň esasynda özgerýär.

Wagtyň geçmegi bilen her bir milletiň ýaşaýyş-durmuş medenýeti, milli aýratynlygy bilen bagly ylmy, publisistika garaýyşly pikirler garaýyşly peýda bolup başlaýar.Pikir ruhuň galamydyr.Ruhy gözbaşdan gaýdan milli häsiýetiň jemlenmesinden emele geljek döwlet baradaky düşünjeleriň döremegi taryhdaky artymaçlyklydyr.Bu artykmaçlyk milli dilde gürloeýän edebiýatyň peýda bolmagydyr.Bu edebiýat döwlet gurmagyň şertlerini jemgyýetçilik aňyna ýetirmekde çeper sözüň güýjüne daýanmak pikirini öňe çykardy. Jemgyýetçilik aladalaryny döwlet gurmaga gönükdirmekde XVIII-nji asyrda Magtymguly şahyr syýasy düşünjeliligi bilen öz döwrüniň sesine erkinlik baradaky çagyryşy goşdy.Erkinligiň açary bolan agzybirlik öahyryň döredijiliginiň baş gahrymany boldy.Magtymguly ‘’Türkmeniň’’ goşgusynda döwlet gurmagyň şertlerini milli aýratynlyklary göz öňünde tutup aýdyňlaşdyrýar. Onuň ilkinji şertiniň ýurt hem millet bitewülidigidi, täze jemgyýetiň kemala gelmelidigine baglanyşyklydygy baradaky pikir öňe sürülýär. Döwlet üçin ähli şertleriň bar ýerinde bu işi amala aşyrmagy şahsyýetiň paýyna goýup şahyr şeýle diýýär:

Ile döwlet geler bolsa,

Başdan-burun ozan geler.

Ozanyň keşbine giren liriki gahryman döwletli bolmaga çagyryşyny dowam etdirýär. Şahyr ozany syýasy taýdan düşünjeli, jemgyýetçilik pikirini ösdürmäge çagyryjy, öňde baryjy adamyň keşbinde suratlandyrýar. Şahyr şol keşbe girip, döwürdeşlerini birleşmäge çagyrýar:

Teke, ýomut, ýazyr, gökleň, ahal ili bir bolup,

Kylsa bir jaýga ýörişin, açylar gül-lälesi.

Magtymgulynyň döwlet berkararlygynyň daýanç sütüni bolan agzybirligi, watansöýüjilige çagyrýan publisistik häsiýetli şygyrlary syýasy, sossial mazmuna eýe bolan türkmen edebiýatynyň ösüşine giň ýol açdy. Şahyryň erkin ideýalary XIX asyryň edebiýatynda öz ýoluny dowam etdirdi. Şol asyryň şahyrlarynyň türkmen durmuşyny suratlandyrýan, jemgyýetçilik aňyna täsir edýän wakalary görkezýän eserleri döwrüň edebiýatynyň agramly bölegini eýelemegine getirdi diýip aýdyp bolar. Şu getirilen mysallar publisistik žanryň öz ösüşini poeziýanyň üsti bilen dowam etdirmeginde Magtymgulynyň edebi mekdebi esas bolup gelipdir diýmäge itergi berýär. Bu zatlar publisistikanyň poeziýa bilen arabaglanşykly ösüşini görkezýär.

XIX asyryň aýaklarynda Türkmenistanda ilkinji çaphanalar peýda bolup başlaýar. Ilki rus soňra bolsa türkmen dillerinde neşirler döredilýär. Munuň özi ýurduň medeni, syýasy durmuşynda özgerişlikleriň başlangyjyny beýan edýän ilkinji yerli publisistleriň kemala gelmeginde uly mekdep bolupdy. 1914-nji ýylda “Ruznameýi Maweraýi Bahri-Hazar” gazetiniň çykyp başlamagy bilen türkmen publisistikasynyň proza-kyssa görnüşiniň ýüze çykyp hem ösüp başlamagyna itergi bolýar. Gazetde türkmen magaryfçysy Muhammetguly Atabaýewiň publisistik makalalary çykyp başlaýar. M. Atabaýew öz makalalarynda türkmen halkynyň hak-hukuklary baradaky sossial garaýyşlaryny özgertmäge çagyrýar. Milli jemgyýetiň sagdyn pikirli halkyň garaýyşlary bilen ösmegi baradaky düşünjeleri öňe sürülýär. Her bir ynsanyň mertebesini goraýan kanunyň, ilki bilen halkyň ahlak, estetiki, etiki garaýyşlaryna bagly kämil bolup bilýändigi baradaky sossial garaýyşlar magaryfçy we publisist M. Atabaýewiň bu gazetiň sahypalarynda çap edilen makalalarynda öz beýanyny tapypdyr.

XX asyryň başlarynda bolup geçen syýasy wakalaryň halk köpçüligine ýetirilmegini gazanmak maksady bilen ýerli häkimiýet 1924-nji ýylda “Türkmenistan” gazetini ýap etmegi ýola goýýar. Türkmen dilinde çykyp başlan bu gazet publisistikanyň, felýeton, oçerk žanrlarynyň ösmegine uly goşant goşýar.Ýerli žurnalistleriň kemala

gelip başlamagy bilen türkmen žurnalistikasynyň ösmegi bilen öz keşbine jemgyýetçilik mazmuny siňdiriň, estetikanyň talaplaryny kämilleşdirip başlaýar. Ilkinji gazetiň çykyp başlamagy bilen syýasy-jemgyýetçilik pikirlere orun beren publisistikamyz öz mazmunyny baýlaşdyrmagyň çeper obrazly görnüşe girmegiň uly mekdebini geçip gelýär.

Türkmenistan garaşsyzlygyny gazanyp, bitaraplyk hukugyna eýe bolanyndan soň, milli metbugatymyz türkmen durmuşynyň hakykat aýnasyna öwrüldi. Ýurtdaky syýasy-jemgyýetçilik wakalary wagyz etmekde, döwletiň kanunçylygyny halka düşündirmekde publisistika işjeň žanra öwrüldi. Ýurduň HBS-niň üsti bilen çykyş edýän çeper publisistikanyň mazmunynda täze döwrüň ruhy, syýasy-medeni keşbi şöhlelenip başlady. Garaşsyzlyk döwrüniň publisistikasy durmuşda uly syýasy ähmiýete eýedir. Döwrüň ideologiýasyny jemgyýetçilik aňyna ýetirmekde türkmen publisistikasy işjeň wagyzça öwrüldi. Döwletiň ýöredýän bitaraplyk syýasatynyň düýp manysyny halk köpçüligine ýetirmekde hem publisistika metbugatyň. Teleýaýlymyň we radionyň üsti bilen çykyş edip, jemgyýetçilik pikirini döredýän wajyp gurala öwrüldi.

Beýik başlangyçlara badalga beren Hormatly Prezidentimiz ýurtda amala aşyrylýan özgertmeleri halk

köpçüligine ýetirmekde HBS-iň jogapkärçilikli işlemedigini talap edýär.Täze ideologiýanyň döwrüň talaplaryna görä bolmalydygy baradaky pikirleri öňe sürüp, bu ugurda alnyp barylmaly işleriň köpdügüne ünsi çekýär.2008-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň döredijilik işgärleri bilen duşuşanda şeýle diýdi:,,Döwlet adam üçindir'' diýen şygar biziň ideologiýamyzyň esasy bolmalydyr, we ýörelge döwlet baştutanynyň we ýurduň hökümetiniň işiniň özenidir''.Bu aýdylanlar durmuşyň ähli ulgamlaryndaky üstünlikleri, özgertmeleri amala aşyrmaga gatnaşýan halkyň ruhy täzelenşine täsir edýän syýasy, ykdysady, medeni wakalaryň jemgyýetçilik aňynda şöhlelenşini gazanmakda ideologiýa uly orun degişlidigini görkezýär.

## Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynyň ideologiýasy

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başda durmagynda ýurdumyz öz ösüşiniň bütinleý täze derejesine çykdy. Döwlet gurluşy has-da berkedi, jemgyýetde durnuklylyk, abadançylyk hem-de ylalaşyk pugtalandy, ykdysadyýetiň ösüşinde täze depginler peýda boldy we olar häzirki wagtda barha güýçlenýär, medeniýet baýlaşýar, raýatlaryň durmuşynda maddy we ruhy galkynyşlar has anyk ähmiýete eýe bolýar. Ýurdumyzyň dünýädäki at-abraýy barha ýokary galýar.

Ýurdumyzyň abraýyna abraý goşýan bu üstünlikleriň esasynda hormatly Prezidentimiziň oýlanyşykly hem täzelikçil içeri we daşary syýasaty durýar. Ösüşiň öňki etaplarynda gazanylýan iň pozitiw netijeleri pugtalandyrmak bilen bir hatarda milli Liderimiz özüniň düýp manysy boýunça ýurduň ýaşaýşynyň dürli ugurlarynyň batyrgaý reformirlemeklige gönükdirilen täzeçil syýasaty öňe sürdi hem ony üstünlikli amala aşyrýar. Bu syýasatyň doly durmuşa geçmegine her bir raýat öz goşandyny goşmaga haklydyr hem borçludyr. Döwrüň publisistikasy bolsa, täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynňyn syýsatyny, ideologiýasyny halk köpçüligine düşnükli, çeper beýan edilen suratynda ýetirmäge borçludyr.

Hormatly Prezidentimiz 2008-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda ýurdumyzyň döredijilik intelligensiýasynyň wekilleriniň öňünde taryhy çykyş etdi. Hormatly Prezidentimiz özüniň şol çykyşynda ideologiýamyzyň birinji berkararlyk tapgyrynyň başlanandygyny nygtady we döredijilik intelligensiýasynyň wekilleriniň öňünde kämillik ideologiýamyzy ösdürmek, baýlaşdyrmak boýunça edilmeli işleriň, amala aşyrylmaly çäreleriň anyk wezipelerini goýdy.

Islendik aňlatma akyl ýetiriş ýolunyň başynda onuň aslyny, düýbüni gelip çykyşyny aýdyň etmek, anyklamak işi durýar. „Ideologiýa“ sözi babatda alanymyzda, bu adalgany ilkinji bolup fransuz filosofy we ykdysatçy Destýut de Trasin dolanşyga girizipdir. Ol özüniň „Ideologiýanyň amallary“ (1801 ý.) diýen işinde ol bu aňlatmasy syýasatyň, etikanyň we ş.m. berk, sarsmaz,

esaslaryny ýola goýmaga mümkinçilik berýän ideýalar toplumyny öz içine alýan taglymat manysynda ulanypdyr. Üns bereliň: syýasatyň, etikanyň we gaýry zatlaryň berk binýady hökmündäki ideýalar. Ideologiýa döwletiň hem jemgyýetiň aň hem ruhy ýaşaýyşyny akyl tarapdan esaslandyrmaga hyzmat edýän bu ýaşaýşyň dogrudygyna, hakykatdygyna, ynamy döredýän ideýalar ulgamydyr.

Ideologiýa – munuň özi adamlaryň durmuşa hem-de biri-birine bolan gatnaşyklaryny, jemgyýetçilik meselelerini umumylykda aňlatmaga hem-de olara umumy baha bermäge ýardam edýän garaýyşlar bilen ideýalaryň ulgamydyr. Fransuz alymy Destýut de Trasin ideologiýany adamlaryň ideýalarynyň syzgy, duýgy tejribesinden gelip çykyşynyň umumy kanunlary baradaky ylymdyr diýip kesgitläpdir. Ideologiýa esas, syýasat bolsa, esasyň üstünde gurnalýan üstki barlykdyr. Ideologiýasyz syýasat howada asylyp duran boşlukdyr, ideologiýasyz millet – bu mümkin zat däl. Eýsem-de, hormatly Prezidentimiziň öňe sürýän ideologiýasynyň kämillik tapgyry nähili aýratynlyklara esaslanýar; esasy aýratynlyk milli köklere esaslanýan türkmen modelidir. Bu ideologiýa türkmen milletini sagdyn ýaşaýyş obrazynda ýaşatmagyň ideologiýasydyr. Şeýle hem bu ideologiýa halky ruhubelent ýaşamaga galkyndyrmagyň ideologiýasydyr. Bu ideologiýa dünýä tejribesiniň gazananlaryny, şol sanda-da türkmen halkynyň milli köklerine, onuň günki gazananlaryna berk esaslanýar. Hut şeýle bolansoň, bu ideologiýa jemgyýetçiligiň ähli ýerlerinde örän gyzgyn garşylanýar we çuňdan ornaşýar.

Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli we ulgamlaýyn

alyp barýan özgertmeler syýasatynyň möhüm bir ugry milli döwlet ideologiýasydyr. Hormatly Prezidentimiz Beýik Galkynyş zamanasynyň ideologiýasyny beýan etdi. Bu ideologiýa özüniň düýp manysy, häsiýeti we maksady boýunça özgertmeler ideologiýasy bolup, ol ýurtdaky möhüm özgertmeleriň ideologiki taýdan esaslandyrylmagyna gönükdirilendir. Bu ideologiýa milli ideplogiýadyr. Milli ideologiýa – türkmen halkynyň milli-ruhy ideýa gymmatlyklarynyň ulgamydyr. Munuň özi ideologiýamyzyň milli ideýa gymmatlyklarymyza, watansöýüjilige, agzybirlige, kalbypäklige, belent adamkärçilige, sagdynlyga, we ruhubelentlige esaslanýandygyny aňladýar. Bu ideologiýa türkmen halkyny bolçulyga, sagdynlyga, ruhubelentlige eltjek ideologiýadyr.

## Ussatlygyň ugrunda

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde we Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda žurnalistika hünäri açyldy. Žurnalistika hünäri boýunça bilim alýan talyp ýaşlarymyzy hünäre ugrukdyrmak, žurnalistika hünäriniň özboluşlylygy we aýratynlyklary, şeýle hem beýleki hünärler bilen baglanyşygy barada dörelaýyk düşünje bermek mugallymlaryň esasy wezipesi bolup durýar. Žurnalistika hünärine baş goşýan adam wakalaryň

jümmüşinde bolmaga, iň täze habarlary, wakalary ilki bilen bilmäge höwesli bolýarlar.

Žurnalistiň hünäri iň bir hereketli, gyzykly we döredijilikli hünärleriň biri bolup durýar. Belli rus syýasy synçysy, žurnalist Ý.Golowanyň aýtmagyna görä, žurnalistleriň ýalňyşlyga hukugy ýokdur, olar ýazan her harpy üçin okyjylaryň öňünde uly jogapkärçilik çekýärler. Žurnalist nähili kynçylyk bolsa-da, habary ýa-da makalany öz möhletinde tabşyrmalydyr. Olar ýol söküp, döredijilik saparlaryna gitmeli bolýarlar. Žurnalistik wezipe diňe öz işine berlen, teklipçil, hyjuwly, çydamly, zähmetsöýer we jogapkärçiligi duýýan döredijilik adamlaryny kabul edýär. Eger-de şeýle kynçylyklaryň, hysyrdylaryň bardygyna garamazdan, öz ykbalyňyzy bu hünäre bagyşlamagy karar eden bolsaňyz, onda sizi gutlaýmak galýar. Çünki, bu hünär ýaly gyzykly, özüne çekiji, has köp görnüşli we gaýtalanmajak hünär başga ýokdur. Žurnalistika, munuň özi, döwür bilen deň gadam urýan gyssagly maglumatlaryň dünýäsidir.

Žurnalist hemişe wakalaryň jümmüşinde, iň täze maglumatlaryň merkezinde bolýar. Žurnalistiň hünäri şeýle bir köp görnüşli, köp öwüşginli welin, kä halatlarda bu hünäriň spesifikasyny kesgitlemek hem çylşyrymlaşýar. Geliň, bu hünär barada pikir alyşalyň. Eger-de sizden „Žurnalistiň hünäri näme üçin gerek?“ diýip sorasak, onda siz, megerem „Okyjylara, tomaşaçylara, diňleýjilere gyssagly maglumatlary ýetirmek üçin“ diýip jogap berersiňiz. Bu babatda siz mamla. Ýöne ýene bir sowal ýüze çykýar: haýsy nukdaýnazardan? Jemgyýetçilik idealy nämeden ybarat?

Peýda we bähbit näme? Gapma-garşylykly, çylşyrymly meselelerde kimiňki dogry? Şunuň ýaly ýagdaýlary žurnalist nähili beýan etmeli? Aslynda meseleleriň haýsydyr bir hakyky tarapy barmy? Munuň jogaby durmuşyň özünde. Islendik ugurda parahatçylyga, hoşniýetlilige, adalata ýykgyn etmeli. Adamda ynsanperwerligi, onuň kalbynyň ýagty öwüşginlerini ösdürmek, hoşniýetliligi, adalatlylygy wagyz etmek žurnalistiň baş maksadyna öwrülmeli. Eger-de kalplarda hoşniýetlilik näçe köp bolsa, şonça-da jemgyýetde ýamanlyk azalyp, adalat şöhlelenýär. Žurnalistler turuwbaşdan özleriniň ykbalyny baglan hünärlerinde şu ýörelgelere eýerseler, ýokary adamçylyk gymmatlyklary we peýdaly sosial äheňler olaryň ýazýan eserleriniň maýasyna öwrüler.

Bu hünäre täze başlan ýaş žurnalistlere meşhur publisist T.Tess örän paýhasly maslahat berýär: „Özüňe hünär hökmünde žurnalistikany saýlap al, öňi bilen sen bu hünäre näme berip biljekdigiň barada oýlan, emma onuň saňa näme berjekdigi hakda pikir etme, ýöne bir zady ýatda sakla, seniň eliňe örän güýçli ýarag berlendir. Seniň ony çäksiz halallykda saklamagyň gerekdir“. Häzirki döwürde T.Tessiň bu çagyryşy ýokary derejede derwaýys, sebäbi halal we jogapkärçiligi ýokary bolan žurnalistika biziň jemgyýetimiziň kadaly ösüşini üpjün edip bilýär.

**1994-nji ýyl „Edebiýat we sungat“ gazeti. 30-njy sentýabr. Publisistik makalanyň ady „Erkinlik“**

Mary welaýatynyň Üçdepe diýlip atlandyrylýan

ýerinde tutulan toýuň dabaraly başlanyşy, toýuň dabarasy barada çeper sözler bar.

Mysal üçin: „Tozap ýatan çöle ak öýler zynat berýär, adamlaryň keýpi diýseň çag, ak ojakda ojar oduna tüňçeler lasyrdap gaýnaýar, milli tagamlar bugarýar..“ diýen ýaly suratlandyrmalar bilen başlanýar.

Awtor „Erkinlik ýaly süýji zat ýok. Erkin adamyň keşbi-de. Ýöreýşi-de, gep-gürrüňem üýtgeşik bolýar. Erkinlik ynsan arzuwynyň naýbaşysy. Ony türkmene Garaşsyzlyk berdi“ diýip nygtaýar. Awtor şu makalada milli azatlygyň näderejede gymmatly zatdygy barada belläp geçýär.

**2009-njy ýyl „Aşgabat“ gazeti. 26-njy dekabr. Publisistik makalanyň ady „Halallyga ygrarlylyk“ Ogulnar Hydyrowa**

Žurnalist Ogulnar Hydyrowa bu makalasyny mähriban Prezidentimiziň alyp barýan adyl hem süňňi-süýegi ynsanperwerlige ýugrulan syýasy ýoly bilen ýurdumyzyň genofonduny gorap saklamak, neşe belasyny ýok etmek barada alyp barýan işlerine ýokary baha berýän setirler bilen başlanýar. Degişli makalada 2009-njy ýylyň 24-nji dekabrynda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Kasamguly jülgesinde Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň beýleki degişli edaralar bilen bilelikde sazlaşykly hereketb etmegi bilen ele salnan neşe serişdeleriniň 1 tonna 279 kilogramynyň külüniň göge sowrulandygyny ýazýar.

Bu publisistiki makala neşekeşlik belasynyň aradan

aýrylmagy üçin döwlet derejesinde alnyp barylýan işleriň netijeliligi we döwrüň gaýragoýulmasyz meseleleriniň biri bolan neşekeşlige garşy tutuş dünýäde barlyşyksyz tagallalary birleşdirmegiň tarapdary bolup çykyş edýän, islendik çözgüdiň gözleginde halkara integrasiýasynyň ägirt uly mümkinçiliklerinden peýdalanmagyň konstruktiw ýörelgesine hemişe ygrarly Türkmenistanda neşekeşlige garşy göreşmek işiniň yzygiderlilige we toplumlaýyn häsiýete eýedigini nygtaýar.

Makalada ýörüte peçlerde ýakylan neşe serişdeleriniň ýönekeý bir himiki maddalar däl-de, ençeme maşgalanyň, ençeme ýaş ömürleriň başyndan howp bolup injek bolan, emma degişli gulluklaryň tutanýerliligi bilen öňi alnandygy beýan edilýär.

**Publisistik makalanyň ady „Röwşen geljekli güneşli diýar“ 2010-njy ýyl. „Galkynyş“ gazeti. 26-njy maý.**

**Gurbanmuhammet Ilmyradow,**

Her bir ugra, ulgama degişli makalalary ussat žurnalist ýazan ýagdaýynda ol makala ähli taraplaýyn şowly çykýar. Ýöne žurnalistikada işlemeýän hünärmeniň biri öz işi, hünäri dogrusynda, ýa-da şoňa dahylly mesele barada makala ýazaýsa, ol eýýäm has başgaça bolýar. Çünki hünärmen öz işiniň kynçylygyny, ýeňilligini, lezzetini ýüreginden geçiren adam bolýar. Ine, şu makalada hem Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň ykdysady informatika kafedrasynyň uly mugallymy Gurbanmuhammet

Ilmyradow täze tehnikalaryň tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen dahylly mümkinçilikler, ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen dünýäniň iň bir abraýly döwletleriniň hataryna goşulandygyny uly buýsanç bilen beläp geçýär. Ýokary okuw mekdepleriniň kompýuterle'dirilmegi bilen talyplaryň hünär taýýarlygynyň ep-esli derejede ýokarlanandygyny aýdyp, awtor öz makalasynyň düýp özenini hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriniň netijesinde ýurdumyzyň edara-kärhanalaryna täze tehnologiýa enjamlarynyň satyn alynmagynyň gowy netije berýändigi hasap edýär. Makalalanyň dowamynda okyjyny özüne çekiji maglumatlara esaslanmak bilen, awtor döwür bilen aýakdaş gitmekligi, her bir ýaş nesliň täze tehnologiýa enjamlaryndan ussatlarça baş çykarmagynyň döwrüň talabydygyny nygtaýar.

**Täze Galkynyş eýýamy.**

1. **Beýik Galkynyşyň eşretleri**
2. **Täze Galkynyş eýýamynyň üstünlikleriniň publisistikada açylyp görkezilişi**

Beýik Galkynyş zamanasy halkyň galkynan göwünleriniň joşgunyna öwrüldi. Ýurdumyzda amala aşyrlýa özgertmeler halkyň gündelik durmuşyna ýakynlyga bilen alamatlandyrylýar, ýurtda ýaşaýan her bir raýatyň durmuş hal-ýagdaýy gowulaşyp, mertebesi belende göterilýär.

Adam dünýä inenden oňa gowuluklaryň hemra bolmagyny üpjün etjek kararlaryň kabul edilmegi we olaryň gaýra goýulmazdan berjaý edilmeginiň döwletiň üns merkezinde bolmagyny häzirki günüň aýratynlygydyr. Soňky ýyllarda durmuşa geçirilýän reformalar adam zehini bilen uzak ýyllarda döredilen gymmatlyklary täze bir belent derejä göterdi. Biziň ýurdumyzda amala aşyrylýan reformalar dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilýär.

Sahawata we berekete baý göz guwanjymyz, baş buýsanjymyz ata Watanymyzy ösdürmek we belent sepgitlere ýetirmek ýaly asylly maksatlardan ugur alnyp, durmuşa geçirilýän oňyn özgertmeleriň netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz ösen ýurtlaryň hatarynda öz mynasyp ornuny tapdy we dünýäniň şu günki gazananlaryny ýurdumyzyň ähli pudaklarynda ornaşdyrmakda uly işler alnyp barylýar. Munuň şeýledigine paýtagtymyzda geçirilýän halkara

sergilerdir forumlar hem şaýatlyk edýär. döwlet durmuşynyň ähli ugurlary boýunça ösüşlere beslenýän ýurdumyz dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekmek bilen, Milli Liderimiziň başlangyçlary esasynda syýasy, ykdysady, medeni ugurlarda täze ösüşlere beslenýär.

2 . Annaberdi Agabaýewiň „Abadançylyk, parahatçylyk – eziz ýoly türkmeniň“ atly publisistik makalasy.

Makala şeýle çeper başlanýar. Ýagny awtor bir minutlyk gözüni ýumanda alys Hytaýda, gazak, rus oba şäherlerinde gaz ojagyny (plitasyny) otlap duran enenler, gelinler şeýle hem Pars aýlagynyň sebitinden, Eýranyň, Gazagystanyň üsti bilen nobatdaky täjirçilik saparyndan gelen ýigidiň A'gabadyň keşbi täzelenen demirýol menzilinde otludan düşüpduran bagtyýar keşbi göz öňünde janlanýar:“Bu ajaýyp görnüş elbetde, meniň hypal guşumyň ganatlarynda alyp gelen görnüşleri. Ýöne aňymdan, kalbymdan önen bu jandaryň, göýä meni bir ýerlere ýetmäge ugrukdyrýan ýaly üstümde ýyldyrym çaltlygynda ganat kakyp pel-pellemesi nämekä? Ol meni nämä çagyrýarka? Geljegemi? Ýaňky göüme görnen halatlaryň tizräk oraşan bolup, hakykata öwrülmegi üçin beýik Hereketemi? Hawa, hut şeýle“.

Ine, şu makala bähriban Prezidentimiziň „Türkmenistan – Hytaý“ gaz geçirijisiniň gözbaşyna baryp oňa badalga bermegi, Uzen – Gyzylgaýa – Bereket – Gürgen transmilli polat ýolunyň ilkinji relsini goýmaga gatnaşmagy, Hazarýaka gaz geçirijisiniň taslmasy boýunça, goňşy döwletleriň ýolbaşçylary bilen

duşuşyklaryndan soň, şeýle asylly maksatlaryň awtora eden täsiri netijesinde ýazylýar.

Ata watany, sebiti, Zemini abadanlaşdyrýan her bir bina, çar bag, desga, köpri, her bir gurluşyk, her bir döwletli tutum parahatçylygyň mäkäm girewidir. Parahatçylyk bolsa taryhda ençeme uruşlar gören, gylyç ýerine gazma dutaryny kesgir ýarag edinen türkmen halkynyň baky göwün telwasydyr, baş syýasatynyň özenidir. Parahatçylyk ýoly türkmeniň asyrlarboýy arzylan hem ezizlän keramatly ýoludyr. Hormatly Prezidentimiziň 2007-nji ýylyň 26-jy sentýabrynda Nýu-Ýorkda BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýsynda dünýäniň mertebeli münberinden nygtap aýdan sözleri jahan ýüzüne alysda-ýakynda parahatçylyk söýüji ýüreklere Şükür bagşynyň dutarynyň şirin owazy bolup ýaň saldy:"Türkmenistanyň kanunçylygy biziň ýurdumyzyň ýadro, himiki-bakteriologik ýaragly we köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň beýleki görnüşlerini hem-de olary öndürmegiň tehnologiýalaryny edinmekden, öndürmekden, saklamakdan, daşamakdan el çekýändigini jar edýär.

Awtor „parahatçylyk“ sözüni analizleýär, ýagny, asly „rahatlyk“ sözi bolup, parahatlyk bütin dünýäniň ahwalyna diň salmagy, her bir ýurduň, her bir zähmetkeşinden belki anyk tagallalar talap edýändigini, parahatçylygyň girewiniň, durkunyň hem goragynyň döredijilikli zähmetdedigini nygtaýar.

Makalada Gazagystanyň, Eýranyň üstünden geçjek Demirgazyk – Günorta halkara demir ýolunyň, transmilli syýahatçylyk zolagynyň gurluşyklary agzalyp, bu beýik

işleri amala a'yrmakda hormatly Prezidentimiziň tagallalary, ata-baba gelýän parahatçylyk ýol-ýörelgeleri açylyp görkezilýär.

## Dünýä ýurtlary bilen täze gatnaşyklar.

**1.Garaşsyz ýurduň Täze Galkynyş eýýamy.**
**2.Ýurtda daşary ýurtlar bilen gatnaşyklaryň ösmegi hem pugtalanmagy.**
**3.Publisistikada daşary ýurt syýasatynyň açylyp görkezilişi.**

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk sypasatyna daýanmak bilen, döwletimiziň daşarky dünýä bilen, ýakyn we daşda ýerleşen döwletler bilen hoşniýetli, özara bähbitli gatnaşyklary has-da ösdürmek we berkitmek ugrunda uly işleri alyp barýar. Munuň subutnamasy hökmünde döwlet Baştutanymyzyň Prezidentlige saýlananyndan soň, ilkinji on aýynda 10 ýurda resmi sapara gidendigini, onlarça döwletara şertnamalaryna gol çekendigini mysal getirmek bolar. Şeýle hem şu döwürde Türkmenistana daşary ýurtdan dürli derejedäki delegasiýalaryň we işewür toparlaryň 300-e golaýynyň gelmegi hem Türkmenistanyň daşary ýurtlar bilen gatnaşyklarynyň soňky döwürde jeň häsiýete eýe bolandygyny aýdyň görkezýär. Häzir Türkmenistanyň dünýäniň 129 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary bar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007- nji ýylyň sentýabr aýynyň üçünji ongünliginde ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherine eden sapary, ol ýerde eden çykyşlary we duşuşyklary türkmen diplomatiýasynyň we daşary syýasatynyň giňden dabaralanýandygynyň alamaty boldy. Hormatly Prezidentimiziň BMG-nyň 62-nji we 64-nji sessýalarynda başlyklyk etmegi dünýä diplomatiýasynyň merkezi bolan BMG-nyň belent münberinden eden taryhy çykyşlary Garaşsyz hem baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň içeri we daşary syýasatda öz halkynyň we dünýä jemgyýetçiliginiň bähbitlerine doly gabat gelýän durnukly ýörelgesiniň bardygyny subut etdi.

Hormatly Prezidentimiziň şu syýasatyň esay ugurlaryny we onuň düýp mazmunyny dünýä jemgyýetçiligine açyp görkezdi. Türkmenistanyň Prezidenti BMG-da eden çykyşynda, Kolumbiýa uniwersitetinde talyplaryň, Rokfeller merkezinde işewür adamlaryň öňünde eden çuňňur mazmunly çykyşlarynda türkmen döwletiniň syýasatda, ykdysadyýetde we sosial sferada ileri tutulýan ugurlaryny anyk, aýdyň belläp ýurtda amala aşyrylýan özgertmeleriň jalkyň durmuşyny düýpli täzeden gurmak babatda uly möçberli maksatnamalaryň mazmunyny düşündirdi.

Türkmenistanyň halkara bileleşiginiň doly hukukly agzasy, umumydünýä swilizasiýasynyň möhüm bölegi hökmünde halkara arenasynda has belende göterdi we berkitdi. Türkmenistanyň BMG-nyň Baş Assambleýasynyň wise-başlyklygyna iki gezek saýlanmagy, bu dünýä guramasynyň Aşgabatda merkezi Aziýa boýunça BMG-niň öňüni alyş diplomatiýasynyň

sebit merkeziniň 2007-nji ýylda Bitarply baýramynyň öňüsyrasynda açylmagy ýudrdumyzyň halkara abraýyny has-da belende göterdi. Oňa dünýäniň 50-den gowrak döwletiň wekilleri, bütindünýä, regional we halkara guramalrynyň köp sanly wekilleri gatnaşdy.

Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi ýurdumyzyň ylym-nbilim toplumynyň ösüşine uly itergi berdi. Ylmyň dürli pudaklarynda geçirilýän halkara konferensiýalaryň, maslahatlaryň, simpoziumlaryň, seminarlaryň, tegelek stollaryň, ylmy-amaly çäreleriniň sany we netijeliligi görnetin artdy. Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistany dünýäniň ösen we demokratik döwletleriniň hataryna goşmak ugrunda dyngysyz alada edýär. Şu nukdaýnazardan Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynda düýpli özgertmeleriň bolup geçýändigi tebigy ýagdaýdyr.

Türkmenistanyň Prezideni Gurbanguly Berdimuhamedow döwletimiziň dünýä üçin açyk ýurdygyny yglan etdi. Türkmenistanyň daşary syýastynyň özeni onuň Bitaraplyk derejesine daýanýar.

Hormatly Prezidentimiz Bitaraplyk derejesini goňşy we beýleki ýurtlar bilen hiç bir jähetden arany çäklendirmek üçin däl-de, has-da ýakynlaşdyrmak, dünýäniň hemme ýurtlary bilen özara peýaly, hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmek maksadyna taraplaryny özünde jemleýän Konstitusiýanyň täze redaksiýasynyň demokratik usulda kabul edilmegi Türkmenistanyň daşary ýurtlar bilen gatnaşyklaryna hem oňaýly täsir edýär.

Türkmenistanyň bitaraplygy, onuň işeňňir ylalaşdyryjylyk işi ýaş milli döwleti dünýä syýasatynyň

belent sahnasyna çykardy. Türkmenistanyň ylalaşdyryjylyk mümkinçilikleri sebitdäki ýagdaýa durnuklaşdyryjy täsir edýän netijeli gurala öwüldi. Bitaraplygyň türkemn nusgasy gysga möhletiň içinde wagt synagyndan geçdi. Ol milletleriň dünýä bileleşiginiň mynasyp bahasyna eýe boldy.

Publisistik makalalar: H.Goçmyradowyň „Türkmenistan Ata Watan“ („Edebiýat we sungat“ gazeti. 1995-nji ýyl. 10-njy oktýabr), Atamyrat Atabaýeiwiň „Aýak diräre toprak, arka diräre Watan“ („Esger“ gazeti. 199-njy ýyl. 11-nji mart), başga-da birnäçe ýazyjy-şahyrlaryň döredijiliginde, KHBS-niň işgärleriniň taýýarlaýan gepleşiklerinde Bitaraplyk derejämiz, onuň gadyr-gymmaty açylyp görkezilýär.

## Türkmenistan dünýäniň energiýa howpsuzlygy ugrunda

**1. Hormatly Prezidentimiziň umumyadamzat bähbitli başlangyçlary.**

**2. „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty“ Rezolýusiýasynyň kabul edilmegi.**

**3. Hormatly Prezidentimiziň energiýa serişdelerini geçirijileri howpsuzlygyny halkara derejesinde üpjün etmek baradaky beýik naşlangyjynyň dünýä jemgyýetçili tarapyndan gyzgyn goldanylmagy.**

Dünýä jemgyýetçiligi keremli Diýarymyzda hormatly Prezidentimiz Gurbamguly Berdimuhamedowyň badalga beren beýik Galkynyş zamanasynda eýe bolýan uly özgerişlikleri, öňegidişlikleri hakynda günübirin seslenmek bilen. Türkmenistanda bolup geçýän wakalara ýokary baha berýärler. Eziz Diýarymyz bütin dünýäniň üns merkezinde bolup, jahana ýaň salan şanly wakanyň – hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen geçirilen „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly halkara maslahatyň hem şaýady boldy.

Atan Watanymyz Türkmenistan ägirt uly ýangyç-energetika mümkinçiliklerine eýe bolmak bilen, tebigy

baýlyklaryny adamzadyň ähliumumy bähitleriniň hyzmatynda goýmagy maksat edinip, jahanyň döwletleriniň bu baradaky tagallalaryny birleşdirmegiň zerudygyny dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni çekýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýöredýän energetika syýasaty milli nebit-gaz toplumyny ösdürmegiň diwersifikasiýasyny, şeýle hem türkmeniň nebitini we gazyny dünýä bazarlaryna eksport etmegiň kepillendirmelerini üpjün etmek bilen baglanyşykly hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmek ýaly tutumly işleri öz içine alýar. Elbetde, bu işleriň howpsuzlyk tarapyny aýratn hasaba almak zerurlygy bar.

Turbageçirijileriň tebigy-geologiki howpsuzlygyny üpjün etmek (ýer titremesi, sil suwlarynyň opuryjylygy, ýangyn hadysalary) şeýle hem olary hyýanatçylykly we harby hereketlenden gorap saklamak häzirki dünýäniň çözmeli wezipeleri bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiz şu wezipeleriň halkara derejesinde çözülmeginiň zerurdygyny ilkinjiler bolup görmegi başardy. Ol bu baradaky başlabgyçlary bilen BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasynda giňişleýin çykyş etdi. Öonda ol özüniň öňe süren täze ugruny dünýäniň köp ýurtlarynyň arzuw-umytlaryna, halkara howpsuzlygynyň bähbitlerine laýyk gelýändigi, sebitiň we dünýäniň global meselelerinden birisi bolup durýandygy, ähliumumy parahatçylygyň hatyrasyna häzirkizaman dünýäsiniň talaplaryna guluk etmegiň zerurdygy bilen düşündirdi.

BMG-nyň Baş Assambleýasy 2008-nji ýylyň jemlerine bagyşlanan mejilisinde (2008-nji ýlylyň 19-njy

dekabry) Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň täze başlangyçlary bilen eden tekliplerine garady we 192 döwletiň biragyzdan goldamagynda „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty“ýörüte Rezolýusiýa kabul etdi. Munuň özi BMG-nyň Türkmenistanyň gatnaşyklarynyň taryhynda täze sahypany açdy. Dünýä jemgyýetçiligi Türkmenistany ýene-de bir gezek häzirki zamanyň ösüşinde tanady. Has takygy bu ykrarnama hormatly Prezidentimiziň bitaraplyk, parahatsöýüjilik, konstruktiw hyzmatdaşlyk ýörelgesine eýerýän syýasy ugruna wepadarlygy dünýä jemgyýetçiligine aýan etdi. Döwletleriň we halklaryň taryhyna giren bu Rezolýusiýanyň örän uly syýasy ähmiýeti bar.

***“Türkmenistan – täze başlangyçlarya mekany”***

***Muhammet Şyhdurdyýew,***

***“Türkmenistanyň nebiti, gazy we mineral serişdeleri”***

***žurnalynyň baş redaktory.***

***“Türkmen dünýäsi” gazeti 2009-njy ýyl. 23-nji aprel.***

Häzirki wagtda halkara energiýa syýasatynyň işjeňleşýändigine göz ýetirýäris. Beýleki aktual, derwaýys häzirki zaman möhüm meseleler bilen bir hatarda energiýa syýasaty hem dünýä syýasatynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi.

Döwletler milli bähbitlerinden ugur alýan, geosyýasy we geostrategiki nukdaýnazardan özlerine oňaýly energiýa syýasatyny işläp düzýärler. Häzirki zaman dünýämizde ilat sanyna, ykdysady, harby-syýasy kuwwatyna garamazdan, döwletleriň aglabasynyň energiýa syýasaty bilen ýakyndan gyzyklanýandygyna şaýatlyk edýäris.

Dünýä döwletleriniň, halkara bileleşiginiň agzalarynyň alyp barýan energiýa syýasatlary halkara energiýa syýasatyny emele getirýär.

Halkara energiýa syýasatynyň häzirki zamanyň iň derwaýys meseleleriniň birine öwrülmegini ösen ykdysadyýetleriň we ykdysadyýetlerde senagatlaşma derejesiniň düýp göter ýokarlanmagy bilen baglanyşdyrmak mümkindir.

Dünýäniň ösen ykdysadyýetlerinde senagatlaşma derejesiniň ýokarlanmagy, ýangyç – energetika, has takygy energiýa serişdelerine bolan islegi – de ýokarlandyrdy. Häzirki wagtda hem ykdysady läheňleriň energiýa serişdelerine bolan isleginiň ýylsaýyn artýandygyna şaýatlyk edýäris.

Aýratyn hem Hytaý Halk Respubikasynyň, Hindistanyň, Ýewropa Bileleşiginiň bu ugurda artýan islegleri dünýäde energiýa syýasatynyň has-da aktuallaşmagyna getirdi.

Häzirki wagtda halkara energiýa syýasatynyň alnyp barylýan ugurlaryny birnäçe toparlara bölmek mümkindir. Olar:

- energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek;
- energiýa serişdeleriniň eksport we import mümkinçiliklerini diwersifikasiýalaşdyrmak;
- Halkara energiýa syýasatyny alyp barmakda ýüze çykýan syýasy we ykdysady riskleri azaltmak bolup durýar.

Halkara energiýa syýasatynyň esasyny düzýän bu ugurlarda Türkmenistan döwletimiz hem uly tagallalar edýär.

Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan "Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty" atly Rezolýusiýanyň 2008 – nji ýylyň 19 – njy dekabrynda biragyzdan kabul edilmegi, 2009-njy ýylyň aprel aýynda Aşgabatda BMG-niň howandarlygynda ýokary derejeli halkara maslahatyň geçirilmagi halkara energiýa syýasatyny häzirki zaman şertlerinde ynamly alyp barmakda uly goşant bolup durýar.

Geçirilen ýokary derejedäki halkara maslahatyň gün tertibinde garalan meseleler halkara guramalarynda we dünýä döwletlerinde tarapyndan uly gyzyklanma döretdi.

Halkara energiýa howpsuzlygynyň üpjün edilmegi, dünýä döwletleriniň tebigy baýlyklarynyň has takygy energiýa serişdeleriniň elýeterliligine, ykdysady nukdaýnazardan energiýa serişdeleriniň ygtybarlylygyna, ekologik we tehnologik taýdan mümkinligine bagly bolup durýar.

Türkmenistan Bitarap we şol bir wagtyň özünde energetika döwleti bolmak bilen, parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmagyň hatyrasyna özüniň halkara borçnamalaryna gyşarnyksyz eýermek maksadynda öz statusyny durmuşa geçirmek üçin ähli tagallalary edýär.

Geografik taýdan amatly ýerde ýerleşmegi, tebigy baýlyklary we ony netijeli peýdalanmagy häzirki günde Türkmenistanyň iri energetiki döwlet hökmünde ykrar edilmegine getirdi.

Häzirki döwürde halkara we milli bilermenleriň çaklamalaryna görä, Türkmenistanyň uglewodorod serişdeleriniň mukdary 20,8 tonna nebite we 24, 6 trillion kub metr gaza barabardyr. Uglewodorodlaryň umumy resurslary 45 milliard tonnadan gowrak şertli ýangyja barabar diýlip çak edilýär.

Türkmen ýerasty baýlyklarynyň ummasyzdygyny Hazaryň entek işlenip taýýarlanmadyk ýataklary, Amyderýanyň sag kenaryndaky perspektiwaly meýdanlar aýdyňlygy bilen subut edýär.

Günorta Ýolöten – Osman ýataklary Türkmenistana iri energetiki ýurt hökmündäki derejäni berdi. Bu ýataklar türkmen geologlarynyň iň iri açyşlarynyň biridir. Ol özüniň 4 trilliondan 14 trillion kub metre çenli bolan tebigy gaz gorlary bilen dünýäde bäşinji ýa – da dördünji orny eýeleýär.

“Gaffney Cline & Associates” (Beýik Britaniýa) kompaniýasynyň geçiren halkara auditi netijesinde alnan türkmen ýataklarynyň gorlary hakyndaky maglumat

hakykatdan hem haýran galdyran täzelik boldy.

Bu ýatagyň halkara arenasyndaky ornuny has aýdyňlaşdyrmak üçin dünýäniň beýleki iň uly gaz ýataklarynyň gorlaryny seljermek ýeterlik bolsa gerek.

Halkara Energiýa Gullugynyň berýän maglumatlaryna görä, dünýäniň iň uly tebigy gaz ýatagy Eýranyň we Kataryň çäklerinde ýerleşýän North Dome – South Pars (41 trillion kub metr) ýatagydyr.

Dünýäniň iň uly beýleki ýataklary bolsa Russiýanyň çäklerinde ýerleşýän Urengoý (5,3 trillion kub metr) we Bowanenskoýe (4,4 trillion kub metr) ýatagydyr.

Energiýa geçirijileriň diwersifikasiýalaşdyrylmagynda soňky ýyllarda işjeňligini has artdyran Türkmenistanyň örän uly gaz geçiriji taslamalary ýangyç bilen üpjün etmäge bolan mümkinçilikleri hakyndaky şeýle gyzyklanmalara esasly jogaplaryň bardygyny, özi-de onuň halkara audit barlaglarynyň netijesinde anyk kesgitlenendigini biz häzir kanagatlanmak bilen belleýäris.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan parasatly syýasatlarynyň netijesinde Türkmenistan häzirki wagtda iň ygtybarly energetiki döwlete-hyzmatdaşa öwrüldi. Ýeri gelende aýtsak , Türkmenistanyň alyp barýan energetika diplomatiýasy halkara energiýa syýasatynyň ýörelgeleri bilen utgaşýar. Bu bolsa Türkmenistanyň halkara mertebesini has belende göterýär.

***"Halkara energiýa syýasaty we Türkmenistan"***
***Gylyçmuhammet Joraýew,***
***"Nesil" gazeti 2009-njy ýyl, 14-nji iýul.***

## Sungatdaky Galkynyş

**1.Täze Galkynyş eýýamynyň sungaty.**
**2. Sungat meselesiniň publisistikada açylyp görkezilişi.**

Biz Watanymyzyň at-abraýynyň belende galýan, halkymyzyň dünýä tanalýan zamanasynda ýaşaýarys. Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanasynda döwrüň beýikligine buýsanyp ýaşamagyň özi ykbalymyzyň bize eçilen peşgeşidir. Bu günki gün ýurdumyz hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ösüş ýolunda. Ýurdumyzyň her bir ýaşaýjysy halka, Watana hyzmat etmegi, ýurt Baştutanymyzyň alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň durmuşa geçmegine mynasyp goşant goşmagy özüniň mukaddes borjy hasaplaýar. Bu asylly işe ýurdumyzyň medeniýet we sungat işgärleri hem işjeň gatnaşýarlar.

Sungat – çuň umman. Ol dilden-dile geçpär, ertire nusga bolup galýar, heňňamlaryň hekaýatlaryny nesillere ýetirýär.

## Gözellik paýlaýan gudrat

Haýsydyr bir hasyl ýa-da miwe hakda gürrüň gozgalanda, olaryň bütin durky göz öňüňe gelýär: erik diýilse, şänigi bilen, üzüm diýilse, dänesi bilen, hoz diýilse, maňzy bilen, gawun-garpyz çigidi bilen aňyňda janlanýar. Şeýle göz öňüne getirmegiň özi her bir zadyň asyl maňzynyň unudylmaýandygyny aňladýar. Barmagujy

boýy bolan şol däneler, gününi sanap ösüşlerine, topragy böwsüp çykýarlar-da, owadan dünýäde ers-mers bolup gidýärler. Edil adam ýaly. Eždatlarymyzyň eserlerinde adamzadyň toprakdan bina bolandygy gaýta-gaýta nygtalýar. Ýöne onuň ösüp-ösüp asmana ýetmelidigi hem ünsden düşürilenok. Asmana ruhy ganat bilen ýetilýär. Adamy ruhy taýdan taplaýan gymmatlyklaryň biri bolsa medeniýet. Medeniýet, ertekilerde suratlandyrylýan naz-nygmaty bol han saçaklary ýaly bir zat. Ol dünýäniň geografiki kartasyna girmedik, ýöne bütin dünýäni gurşap duran umman. Gök däl-de, älemgoşar reňkli asman. Hüwdüleýän sallançak, ýöne çaýkanmaýan zemin. Medeniýet — gözellige, kämillige mahsus ähli ajaýyplyklary özünde jemleýän bitewilik. Ösüşiň ölçegini kesgitleýän birlik. Islendik taryh kitabyny açyň-da göräýiň, medeniýeti pajarlan döwletler ösen döwletler hökmünde görkezilýändir. Ol bir görseň, aryp gelen adama dem-dynç, rahatlyk beriji, bir görseňem, täze işlere ugrukdyryjy, ruhlandyryjy serişde. Şeýle gymmatlygyň manysyna düşünilen ýerde döwletem, rysgal-berekedem, şatlyk-şowhunam barha owadan öwüşgine eýe bolýar. Diňe bir beýik Galkynyş zamanasynda däl, eýsem türkmeniň bütin taryhynda hem ilkinji gezek bellenilip geçilýän Medeniýet we sungat işgärleriniň güni bu gymmatlyga goýulýan beýik sarpanyň güwäligi.

Türkmeniň taryhy medeniýet meýdanynda ymykly yz galdyran şöhratly şahsyýetlerden doly. Yzyňa göz aýlasaň, olar giň bir dünýä. Şahyr, kyssaçy, halyçy, aýdymçy, sazanda, zergär... mahlasy, her hünäriň özi hakda aýratyn gürrüň gozgalanda diliňe geläýmese, ählisini sanap

oturmaga wagtam, ýadam ýetenok. Ilkibada adaty bir dünýewi zerurlyk, gyzyklanma bolan zatlar müňýyllyklaryň dowamynda has kämilleşip, medeniýetiň, sungatyň aýratyn bir şahasyna öwrüldiler. Bilýänsiňiz, jennetde Tuba diýip bir daragtyň bardygyny. Eşidensiňiz, şahalaryny aşak egip durşuna, her kim elini uzadyp, şol daragtdan göwün küýsän miwesini iýip bilýändigini. Medeniýet we sungat — şu dünýäniň Tuba daragty. Adamzat jemgyýetini medeniýetden üzňe göz öňüne getirmek asla mümkin däl. Sebäbi ynsan gözellige teşnemätäç. Medeniýetiň wezipesi — hakyky gözelligi adamlaryň ýüregine ornaşdyrmak. Şahyr öz goşgusy bilen, kyssaçy öz söhbedi, dessany bilen, zergär sünnäläp ýasan şaý-sepleri bilen, halyçy nepis çitimli halylary bilen, bagşy sazy, aýdymçy owazy bilen gözelligiň müň öwüşginli keşbini ýüreklere ornaşdyryjy adamlardyr. Bularyň eserlerini okanyňda, diňläniňde, synlanyňda kalbymyza ornaýan aramy, tesellini, ynjalygy, rahatlygy duýup bolýar. Gülleriň, anbaryň, müşküň ysy burnuňyza uranda, dünýäňiz heýjana gelýändir. Adamyň süňňüne medeniýet ornanda, ol barha kämilleşmek bilen bolýar. Ýöne kämillige çäk ýok. Adamlaryň aňyna has täze we ter duýgulary bermek üçin bu ugruň wekilleri elmydama özlerini taplap gezmeli. Orta asyrlarda ýaşap geçen belli arap suhangöýi, akyldary Sahyp ibn Abbad: «Şu günki döreden eseriňizi bir gün geçenden soň okap görseňiz, käbir ýerlerini üýtgedesiňiz geler. Şu ýerini aýraýyn, bu ýerini goýaýyn diýersiňiz. On gün geçenden soň, gaýtadan okap görseňiz, ýene bir ýerini üýtgetmegiň, goşmagyň-aýyrmagyň hyýalyna münersiňiz. Bir ýyldan soňam, bäş,

on bäş, ýigrimi bäş ýyldan soňam şol eseri eliňize alanyňyzda, käbir setirlerini üýtgedip, sözleriniň ýerini çalşasyňyz geler durar. Bu ýagdaý şol eseriň ilkibada ýazylanda harsal ýa-da çigligini däl-de, kämillige çäk ýokdugyny aňladýar. Sebäbi adam her bir zady öňküdenem has kämilleşdirmek isleýär” diýipdir. Döredijilik, medeniýet, sungat işgärleri has täze, täsirli eserleri döretmegiň yşkynda bolmaly. Ýüreklere şatlyk paýlap bilmegiň özi ata-baba sogaply amallardan hasap edilýär.

Beýik Galkynyşly türkmen döwletinde dünýä medeniýetiniň her bir aýratynlygy jemlenen. Edebi döredijilikler, sahna oýunlary: drama, opera, sirk, aýdym-saz, inçe tilsimli zergärçilik... Özi hem bularyň köpüsi gaýtadan dikeldildi. Şeýdibem dünýäniň bitewi medeni maşgalasyna ymykly birikmegi başardy, bu ýerde özüne mynasyp orun tapdy. Hiç bir adam, hiç bir jemgyýet, hiç bir medeniýet haýsydyr bir zatdan, beýleki bir medeniýetden täsirlenmän, täze ösüşlere geçip bilmeýär. Özge medeniýetleri, beýleki gymmatlyklary öwrenmek we olaryň üstüne öz milliligiňi çaýmak bilen, täze parlak zatlary gazanyp bolýar. Onsoňam medeniýet guş dili ýaly bir zat, ol haýsy dilde ýaňlanýandygyna garamazdan, haýsy ülkede, nähili ýagdaýda kemala gelendigine garamazdan, öz ýüreklerimizi joşguna gaplar. Oňa terjimeçi gerek däl.

Dünýä döräli bäri bir aýdyň hakykat bar: zeminiň Gün düşüp duran tarapy ýagtydyr. Biziň beýik Galkynyşly zamanamyz döwrüň depesindäki parlak gün. Ýollarymyz ýagty, maksatlarymyz aýdyň. Bu biziň

geljegimiziň has-da nurana boljakdygyny aňladýar. Çünki muňa taryhdanam, şu günümizdenem ýeterlik delil tapyp bolýar: türkmende şöhratly eždatlaryň dowamaty bolan watansöýüji, ruhubelent nesil bar. Bular tutuş Gündogaryň edebiýatyny, döredijilik dünýäsini, medeniýetini baglan Abu Bekr Horezmileriň, Barbad Merwezileriň, Mahmyt Zamahşarylaryň, Abu Nasyr Farabylaryň neslidir. Bu nesil hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwürlere we döwletlere nusgalyk syýasatynyň tuguny göteriji nesildir. Beýik Galkynyş eýýamynyň döwletli many-mazmunyny ýüreklere ýaýyjy nesildir. Giň dünýägaraýyşly, çuňňur düşünjeli, dörediji, şahyr we ýazyjy nesildir. Ýüreklere gözelligiň keşbini çekýän ösen medeniýetli nesildir.

**Rahmet GYLYJOW,**
**«Nesil».**

**Milli medeniýetimiz galkynýar**

1. **Täze Galkynyş zamanasynda medeniýetimiziň ösi we galkynyşy.**
2. **Publisistikada milli ahlak.**

Medeniýet. Geçmişde dünýä medeniýetiniň ösüşine saldamly goşant goşan, gadyny swilizasiýalaryň watany hasaplanýan Türkmenistan bu gün ýene-de galkynýar, goja zemine ýaň salýar, ady arşa göterilýär. Bu durmuşyň ähli babatlarynda , şol sanda medeniýet meselesinde hem şeýle.

Beýik Galkynyş zamanasyny peşgeş beren belent mertebeli Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow, sözüň doly manysynda milli medeniýetimiziň we sungatymyzyň hak Hossaryna hem-de Howandaryna öwrüldi. Türkmen milli medeniýeti Beýik Galkynyş zamanasynda giň gerime eýe boldy. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2009-njy ýylyň 6-njy aprelinde bolup geçen giňişleýin mejlisinde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow çuň manyly çykyş edip, Beýik Galkynyş eýýamynyň ideologiýasyna saldamly goşant goşýan medeniýet we sungat işgärleriniň, döredijilik adamlarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde zähmet çekýän žurnalistleriň adyna örän ýakymly sýzleri aýtdy, olaryň işine ýokary baha berdi. Ýurt Baştutanymyzyň pähim-paýhasyndan kemal tapan çykyşy türkmen žurnalistlerini, medeniýet we sungat işgärlerini has-da ruhlandyrdy.

Ýurt Baştutanymyz „Biziň gülläp ösýän döwletimiz dünýä medeniýetiniň ösüşinden hiç haçan yza galmaly däldir“ diýip aýdýar hem-de onuň iş ýüzünde durmuşa geçmegi üçin ähli şertleri we amatlyklary döredýär. Aslynda, ýurt Baştutanymyzyň aýdýan sözleri edýän işinden hiç haçan aýry çykmaýar. Olo sözleriň aňyrsynda durmuş hakykaty ýatyr. Galyberse-de, olaryň üstünlikli durmuşa geçirilişiniň özümiz janly şaýady bolup ýörüs.

Türkmen opera sungatynyň dikeldilenine şeýle köp wagt geçmänkä „Şasenem-Garyp“ operasy sahnalaşdyrylyp tomaşaçylara hödürlenildi. Bu opera mähriban Prezidentimiziň özüniň tomaşa etmegi-de tutuş medeniýet we sungat işgärlerini öz işine has-da

höweslendirdi, uly ruhubelentlik we buýsanç döretdi. Onuň yzysüre, „Leýli-Mežnun“, „Zöhre-Tahyr“ operalary hem sahnalaşdyryldy.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen Türkmenistanyň Milli medeniýet merkeziniň Mukamlar Köşgünde döredilen Döwlet simfoniki orkestri hem geçen 2008-nji ýylyň şanly wakalarynyň biri hökmünde milli medeiýetimiziň taryhyna girdi. Bu simfoniki orkestr ýurdumyzyň meşhur kompozitorlarynyň ölmez-ýitmez nusgawy eserleri bilen bir hatarda, daşary ýurt kompozitorlary Bethoweniň, Mosartyň, Çaýkowskiniň, Haçaturýanyň, Bizeniň we başgalaryň belli eserlerini ussatlarça ýerine ýetirip, köp sanly sungat muşdaklarynyň alkyşyna mynasyp bolýar.

Biziň Döwlet simfoniki orkestrimiziň ýurdumyzyň paýtagty ak mermerli Aşgabatda aýry-aýry wagtlarda awstriýaly we orsýetli sazandalar bilen bilelikdäki çykyşlary göwünleri galkyndyrdy.

Dünýä medeniýetinde sirk sungatyna hem aýratyn orun degişlidir. Bu sungatyň wajyplygy we özboluşlylygy göz öňünde tutulyp, baryp-ha 1985-nji ýylda gurlan Türkmenistanyň Döwlet Sirkiniň binasynda düýpli rejeleýiş işleri geçirilip, ulanylmaga berildi. Türkmen döwlet medeniýet institutynda estrada we sirk artistlerini taýýarlaýan hünär okadylyp başlandy.

Muzeýler ýurdumyzyň şanly geçmişini, taryhyny we şu gününi giňden açyp görkezýän, milli medeniýeti öwrenýän hem-de ony gorap saklap, geljekki nesillere başbitinligi bilen ýetirýän medeni ojakdyr. Hut şonuň üçin hem milli medeniýetimiziň aýrylmaz synasy bolup durýan

bu pudak ýurt Baştutanymyzyň ýiti nazaryndan sypmaýar. Hormatly Prezidentimiz Türkmenabat, Balkanabat, Mary şäherlerinde muzeýleriň gurluşygyny dowam etdirmeli, Aşgabat şäherinde etnigrafiýa, Ülkäni öwreniş we Türkmenistanyň Prezidentiniň muzeýlerini ulanmaga berilmelidigini 2009-njy ýylyň başynda bolup geçen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde belläp geçipdi.

Halkymyzyň ruhy baýlygyny özünde jemleýän kitaphanalary kitap dezi hasap etsek, onda oňa gelip goşulýan kitaplar derýanyň joşgunly, tereň hem-de bol suwly bolmagy Beýik Galkynyş zamanasynyň talabydyr. Şonuň üçin hem ýerli we iri kitaphanalary kitaplar bilen üpjün etmek işi esasy meseleleriň biri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz bu wajyp meseläni örän kesgitli goýdy we onuň gyşarnyksyz durmuşa geçirilmegini gazandy. „Galkynyş“ kitap merkezi döredildi. 2010-njy ýylyň 1-nji aprelinden başlap ähli etrap merkezlerinde merkezi kitaphanalar halka hyzmat edip başlady.

Beýik Galkynyşyň aýdyň ýoly bilen barýan milli medeniýetimiziň we sungatymyzyň halkara gatnaşyklarynyň ösmegi bilen türkmen halkynyň baý medeni mirasyny dünýä ýaýmaga ýakyndan ýardam edýär, şeýle-de dostluk köprülerini berkitmäge giň ýol açýar, döredijilik gatnaşyklarynyň ýygjamlaşmagyna, tejribe alyşmaga mümkinçilik döredýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlaryn alýyklykda, 2008-nji ýylyň dowamynda diňe medeniýete we sungata dahylly halkara derejesindäki çäreleriň, halkara maslahatlaryň sany onlarça boldy. Her ýylda şeýle uly

tutumly dabaralaryň sany artýar.

Biziň ýurdumyzda Beýik Galkynyş zamanamyzda medeniýet ulgamyndaky özgerişleri bu gün tutuş dünýä jemgyýetçiligi ykrar edýär. hormatly Prezidentimize bu ugurdan bitiren hyzmatlary üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO-nyň) „Awisenna“ altyn medaly gowşuryldy.

---

**„Mertebe“ O.Hydyrowa, „Aşgabat“ gazeti. 2008ý.4-nji oktýabr.**

**„Zürýat gerekdir ýigide“ O.Ödäýew, „Nesil“ gazeti 2008ý. Maý.**

**„Göwher sözüň gymmaty“ A.Şagulyýew „Aşgabat“ gazeti 2007ý, 21-nji awgust.**

**Türkmen ylmyndaky galkynyşlar**

1. **Türkmen ylmyndaky eýýamyndaky ylym-bilim ulgamyndaky reformalar**
2. **Hormatly Prezidentimiziň ylym ösdürmekdäki tagallalary**

Amal hakyda, aňyň hakydasy. Ylym bilen amala a’yrylan işler islendik babatda aňyňda döwrüň ösüşleri bolup şöhlelenýär. Ol ösüşler, öňegidişlikler birsydyrgynlyk, adatlyk bilen çäklenmeýär. Ol durmuşda täzelikler, açyşlar bilen öňe gitmäge, okgunly ýaşaýyşa ýykgyn edýär. Ol döwrüň aňyýetini täzelemäge,

päkizelemäge, işjeňlik bilen täsir edýär. Gönüden-göni alsak, ylym adamzadyň beýnisi. Diýmek, ol aň. Mähriban Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan ylym-bilim syýasatynyň özeninde türkmen jemgyýetiniň gazananlary bilen aýakdaş ösdürip, Türkmenistan döwletimizi dünýä arenasynda täze aňyýetli, täze ylmy syýasaty ýurt hökmünde çykarmak maksady bardyr.

Taryhy jähetden öräb ujypsyz bolan üç ýylyň içinde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow "Döwlet adam üçindir" diýen şygyry iş ýüzüne geçirip, il üçin, halk üçin, döwlet üçin bähbitli bolan birnäçe taryhy Kararlara gol çekdi. Şolaryň biri hem hormatly Prezidentimiziň 2007-nji ýylyň 12-nji iýunynda çykaran 8699-njy Karary bilen tassyklanýan Türkmenistanda ylmy we tehnikany ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň sanawydyr:

"Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakynda",

"Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakynda",

"Türkmenistanyň Ýokary hünär synagy komiteti hakynda",

"Türkmenistanyň Ylym we tehnika gaznasy hakynda",

"Alymlyk derejeleri bermegiň we alymlyk atlaryny dakmagyň tertibi hakynda" kabul edilen juda wajyp Kararlar Täze Galkynyş zamanasynyň ösüşine badalga boldy. Ýurdumyzda bitewi ylym-tehnika syýasatynyň alnyp barylmagyny üpjün edýän we ylmyň iň täze

gazananlaryny halk hojhalygyna, jemgyýetimiziň ähli ugurlaryna ornaşdyrmagy, halkymyzyň ýaşaýyş-tehniki ösüşiniň döwlet Maksatnamasy hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň yglan eden ylmy taglymaty bolup öňe çykdy.

Täze Galkynyş zamanamyzda döwletiň, jemgyýetiň şu günki we geljekki ösüşini nazarlaýan ylym ulgamynda bolup geçýän öňegidişlikler, özgerişlikler, aspiranturanyň, doktoranturanyň, kliniki ordinaturanyň we dalaşgärleriň işiniň ýola goýulmagy ylym syýasatynyň iş ýüzündäki ynamly ädimleridir. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr" atly kitabynda şeýle diýýär: "Güýçli döwletde ylym esasy orny eýeleýär, diýmek biz ylmyň iň täze gazananlary bilen aýakdaş gitmelidiris".

Artykmaç düşündirme talap etmeýän bu sadadan köpmanyly setirlerde ylym hakynda örän çuň paýhas dürdäneleri bar. Täze Galkynyş zamanasynda ylmy galkynyş türkmeniň taryhyna-da, şu gününe-de deň derejeli bolup, ol syýasy, ykdysady, ruhy sütünleriň dikeldilmegi, milli aňyň oýanmagyny, ösmegini, täze şahsyýetiň kemala gelmegini öz içine alýar.

Şeýle ösüşler şu günüň ýazyjy şahyrlarynyň eserlerinde hem-de KHBS-niň işlerinde öz beýanyny tapýar. Ylymda-bilimde gazanylýan üstünliklerimiz barada uly göwrümli makalalar ýazylyp Täze Galkynyş eýýamynyň ylmy-bilimi wasp edilýär. Publisistik makalalar "Nesil" gazetiniň 2007-nji ýylyň 6-njy fewralynda O.Abdyýewiň "Ösüşiň täze tapgyry" atly makalasynda, A.Agabaýewiň "Edebiýat we sungat"

gazetiniň 2008-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda “Tolgunyň, dörediň, söýüň, şatlanyň!” diýen makalasynda, O.Ödäýewiň “Türkmen dünýäsi” gazetinde 2008-nji ýylyň maý aýynda çykan “Sungat kämilligi” atly makalasynda türkmen ylym-biliminiň ýeten derejeleri, bu ugry ösdürmekde hormatly Prezidentimiziň tagallalary açylyp görkezilipdir.

## Beýik Galkynyş zamanasynyň oba hojalygy

1. **Beýik Galkynyş zamanasynyň oba hojalygynyň ösüşi we özgerişi**
2. **Oba hojalygyny ösdürmekde hormatly Prezidentimiziň tagallalary**

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşini çaltlandyrmak iň möhüm pudaklaryň biri bolan oba hojalygynyň ösüşini ýokarlandyrmak, ösüşini täze belentliklere çykarmak üçin gaýrgoýulmasyz işler amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň döwletimizi okgunly ösdürmekde öňe süren ykdysady, ona hojalyk, ylym-bilim ýaly birnäçe syýasatlary üstünlikli durmuşa ornaşdyrylýar. Oba syýasaty daýhanlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýlägem gowulandyrmaklyga gönükdirilen oba hojalygyny ýokary netijeler bilen işleýän pudaklaryň hataryna goşmak we bu pudakda işleýänleriň girdejilerini artdyrmak – munuň özi Beýik Galkynyş zamanasynyň

talabydyr.

Beýik Galkynyş zamanasynyň gysga wagtyň içinde adamzat bähbitli ençeme işleri amal edendigini bütin dünýä bilýär. Türkmenistanyň 20-nji Halk maslhatynda oba hojalygyny ösdürmek we özgertmek ugrunda derwaýys kanunlar we kararlar kabul edildi. Bu möhüm kanunlaryň, kararlaryň kabul edilmegi ilki bilen oba hojalygynda agrar önümçiliginiň ýokary netijeliligini gazanmak boýunça hukuk binýadynyň döredilmegine şert döreden bolsa, ikinji tarapdan, pagtanyň, gallanyň satyn alyş nyrhlarynyň ýokarlandyrylmagy oba hojalygynyň düşewintli pudaga öwrülýändiginiň alamatydyr.

Hormatly Prezidentimiz 2009-njy ýylyň 6-njy martynda Türkmenabatda geçirilen Ýaşulylar Maslahatynda oba hojalygy we bu ulgamyň ösmegi barada anyk wezipeleri goýdy. “Biziň oba hojalygyndaky syýasatymyzyň baş maksady, ilkinji nobatda, ýurdumyzyň azyk bolçulygyny döretmekden, soňra bolsa, oba hojalyk önümlerini daşary ýurtlara satmagy ýola goýmakdan ybaratdyr” diýýän mähriban Prezidentimiziň oba hojalygy babatdaky öňdengörüjilikli syýasatyny diňe bir daýhanlar, maldarlar däl, eýsem tutuş halkymyz goldaýar. Hakykatdan hem Beýik Galkynyş zamanasynda oba hojalygynyň düşewintli pudaga öwrülip barýanlygynyň oba ilatynyň pagtadan, bugdaýdan alýan pul girdejileriniň mysalynda hem görüp bolýar.

Beýik Galkynyş zamanasynda ýaşaýşa söýgi döredýän zat näme? Halk bähbidini ileri tutýan Prezidentimiz öz çykyşlarynyň birinde “Eger biz adamlara mynasyp durmuşy üpjün etmegi, olaryň maddy-hal

ýagdaýyny ýokarlandyrmagy başrsak, munuň özi ähli ugurlarda özgertmelere has netijeli iterg berer” diýip jaýdar belledi. Hormatly Prezidentimiziň aladalary bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy işlenilip düzüldi. Türkmen Lideri obalary, şäherleri, etraplary senagat, ykdysady, medeni, we durmuş taýdan ösdürmeklige uly üns berýär. Beýik Galkynyş zamanasynda Türkmenistanyň ähli obalarynyň, şäherleriniň, etraplarynyň keşbini özgertmek we olaryň ilatynyň durmuş derejelerini ýokarlandyrmak hormatly Prezidentimiziň baş maksatlarynyň biri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň “Döwlet adam üçindir” diýen baş şygary Garaşsyz Diýarymyzda belentden-belent ýaňlanýar. Biziň ýurdumyzda adam hakdaky aladalaryň, adamlaryň bol-elinlikde, eşretli durmuşda ýaşamagy üçin amala aşyrylýan işleriň çägi ýok.

Hormatly Prezidentimiz oba hojalygyny ösdürmekde halkara gatnaşyklarynyň örän möhüm ähmiýetiniň bardygyny nygtaýar. Hormatly Prezidentimiz haýsy ýurda iş sapary bilen gitse-de, ilki bilen ýurduň ösüşi bilen gyzyklanýar. Şol ýurduň ylmynyň, biliminiň, oba hojalygynyň, ykdysadyýetiniň, medeniýetiniň, saglygy goraýyşynyň we beýleki ulgamlaryň ösüşi bilen içgin gyzyklanýar we öwrenýär. Esasanda, oba hojalygyny ösdürmekde ylmyň gazanan kämil, ýokary öndürijilikli tehnikalary satyn alynýar. Şunlukda, öňdebaryjy agrutehnikanyň netijeli işlemegi, oba hojalyk önümleriniň ýokary hasylly bolmagyna we zaýasyz ýygnalmagyna

ýardam berýär. Bu ýokary öndürijilikli tehnikanyň güýjine daýanyp, halkymyz erkinlikde, bol hasyl alýarlar.

---

**“Türkmenistan” gazeti. 2008-nji ýyl. 11-nji iýul. Tagangül Taganowa “Taňryýalkasyn, ene toprak!” publisistik oçerk.**

Oguljeren atly zenanyň ene topraga hyzmaty bilen bagt tapyşy barada, onuň bagtly günlere ýetýänçä gören günleri beýan edilýär. Oguljereniň iç gepletmesi, ýagny, ene topraga ýüzlenmesi: “Eý, meniň mähriban topragym! Sen meniň üçin nähili eziz. Saňa hyzmat edip diňe ýagşylyk gördüm. Seniň minnetsiz çöregiň tagamy-da başga. Bugdaý ekilip başlanaly bäri senden alan hasylymy diýsene. Saňa hyzmat edip ogul öýerdim, gapym ulagly, saçagym berketli, jünim pully, gapym mally boldy”. Şu ýerde-de ol ýatlama ummanyna çümýär. “Ejem pahyrdan bir gezek çöregiň nämeden bişirilýändigini soradym. Ol pahyr “Bugdaýdan gyzym” diýip, jogap beripdi. Ejemiň bugdaý diýýänini göresim gelýärdi. Gumda asla gök agaç ýok, sazk, selin, çeti diiýen ýaly ösümlikler bitýär. Soň durmuşa çykyp Çalyş obasyna düşüşi, ilkinji gezek gök tutup oturan alma görüşi suratlandyrylýar. Soňra hormatly Prezidentimiziň daýhanlara alyp beren tehnikalary, olaryň gudraty beýan edilýär. Gudratly tehnikalaryň, daýhan

yhlasynyň bileleşip ene toprakdan alýan bol hasyly, bugdaýyň ýedi hazynanyň birine deňelmegi, türkmene bugdaý agraslygynyň, bugdaý meňziniň deňelmegi ýaly pikirleriň üsti bilen daýhan bagty açylýar. Bagtuýar zenan:”Eziz ene ýer! Sen änhili owadan hem mähriban. Saňa sepilen tohum gögerip, hasyla duraňda sen owadan gelne, hasylyňy eçileniňden soň bolsa, çagajyklaryň bagtyna guwanýan enä meňzeýärsiň. Şonuň üçinem sen Ene ýersiň, onsoň saňa sežde etmän bolarmy?!” diýen alkyşlar ýaňlanýar.

---

## Ýaş nesliň aladasy

**1. Ýaşlaryň ruhy dünýäsi**
**2. Türkmen ýaşlary jemgyýetiň aýnasydyr**
**3. Beýik Galkynyş we ýaşlar**
**4. Hormatly Prezidentimiziň ýaş nesil üçn durmuşa geçirýän işleriniň publisistika beýan edilişi.**

### Ýaşlaryň ruhy dünýäsi

Her bir ata-ene öz perzendiniň edep-terbiýeli, aň-düşünjeli, ilhalar adam bolup ýetişmeklerini arzuw edýär we bu arzuwyň hasyl bolmagy üçin alada edýär. Bäş-alty

ýaşly çagasynyň elinden tutup, oňa dutar, skripka ýaly sungatyň haýsy-da bolsa bir ugry boýunça, ýa-da futbol, karate ýaly sportuň haýsy hem bolsa bir görnüşi boýunça tälim bermeklerini sorap ussatlaryň ýanyna barýan ata-enelere köp gabat gelipdim. Ýaşlykdan çaganyň ünsüni, zehinini belli bir ugra, hünäre gönükdirmegiň onuň edep-terbiýesine, düşünjesine-de örän oňyn täsiri bardyr.

Beýik Galkynyş zamanasynda mähriban Prezidentimiziň ýaş nesil hakdaky edýän aladalary, çagalaryň okamagy, dynç almagy, wagtlaryny peýdaly geçirmegi üçin üçin döredýän mümkinçilikleri her bir ata-enäniň kalbynda hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän özgertmelerine, bitirýän işlerine bolan hoşallygy, buýsanjy has-da artdyrýar.

Çagalaryň ruhy baýlygyny artdyrmak, bu olaryň geljekde beýik şahsyýet bolup ýetişmeginiň ilkinji talabydyr. Durmuşyň iki ýüzi bolýar: biri görünýän we beýlekisi görünmeýän hasaplanylýar. Görünýäni – adamyň fiziki barlygy, onuň jemgyýetdäki orny, hususy „menligi“. Görünmeýäni – ruh bilen teniň sazlaşygyndan emele gelýän ruhy barlygy, kalby. Bularyň ikisine sazlaşykly ýagdaýda üns berilende şahsyň şahsyýetleşmegine tarap hereket başlanýar. Ine, şu ýönekeýje, emma örän düýpli özara hyzmatyň sazlaşygyny emele getirmäge çagalar baglaryndan başlap girişilmegi mähriban Prezidentimiziň ýaş nesil hakdaky aladasynyň örän oýlanyşyklydygyny görkezýär.

Öňňin, 4-nji martda mähriban Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň mejlisi geçirmek bilen halkyň bähbidine gönükdirilen birnäçe Kararlara gol çekdi. Gol

çekilen resminamalaryň aglabasynyň ýaş nesliň durmuşyna dahyllydygy halkymyzy has-da begendirdi. Sebäbi çagalary begendirmek, ata-eneleri begendirmek, çagalar üçin bilim we dynç alyş ojaklaryny döretmek, ata-eneler üçin göwün aramyny, hoşallyk ojagyny döretmekdir.

Mähriban Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde 1-nji iýunda Çagalary goramagyň halkara gününi ýokary derejede bellemek, Hazaryň kenarynda ÝUNISEF bilen bilelikde 28-nji maý we 2-nji iýun aralygynda Zehinli çagalaryň halkara festiwalyny geçirmek, bu festiwala Gaitide bolan ýer titremesi zerarly ejir çeken çagalaryň gatnaşdyrylmagy we olaryň Awazada bir aý mugt dynç almaklaryny guramak hakyndaky, Gökderede häzirkizaman mebelleri, kompýuterleri, sport we sagaldyş enjamlary bilen üpjün edilen täze çagalar dynç alyş merkezleriniň ýene-de üçüsini gurmak, Çagalar söwda-dynç alyş merkezini gurmak baradaky, ýurdumyzyň medeniiýet we sungat ojaklaryny ýörüte hünärli hünärmenler bilen üpjün etmek maksady bilen Türkmenistanyň Medeniýet we tele-radio ýaýlymlar ministrliginiň garamagyndaky Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebini döretmek we bu mekdebi okuw binasy we umumy ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmek hakyndaky Kararlara-da gol çekdi. Gurulmagy tassyklanan binalaryň bir we bir-ýarym ýyl möhletde gurlup tabşyrylmalydygyny hem belläp geçmek ýerlikli bolar. Munuň özi gurluşyk babatynda köp tejribe toplan Türkmenistan döwletimizde gurulýan her bir binanyň haýal-ýagallyga ýol bermezden, öz wagtynda gurlup

ulanylmaga berilmelidigini anyk kesgitleýändigini görkezýär.

Beýik Galkynyş zamanasynda ýurdumyzyň medeniýetini we sungatyny ösdürmek barada has çynlakaý çemeleşilip başlanandygyny hemmämiz hem bilýäris. Mähriban Prezidentimiziň amala aşyrýan işleriniň netijeliligi muňa has-da doly göz ýetirmäge esas döredýär. Zehinli çagalary ýüze çykarmak maksady bilen geçirilýän döredijilik bäsleşiklerinde ýeňiji bolan ýaşlaryň ünsden düşürilmezligini, olaryň sunagt mekdeplerine kabul edilmelidigini nygtaýan Ýurt Baştutanymyz Beýik Galkynyş zamanasynda döwrebap medeniýeti kemala getirmekde uly işleri durmuşa geçirýär. Medeniýet ojaklarynyň, kinokonsert zallarynyň durkuny bütünleý täzeläp ulanylmaga berilmegi, köpçülikleýin kino we konsert tomaşalarynyň guralmagy, şäherlerde, etrap merkezlerinde hereket edýän kitaphanalaryň täze kitaplar bilen doly üpjün edilmegi barada edilýän aladalar bu günki güniň ýaş neslinde täze bir ruhy bitewiligi emele getirýär. Ýaşlaryň okuwdan boş wagtlaryny netijeli geçirmeklik üçin guralýan medeni köpçülikleýin çäreler, dynça alyş günlerinde Gökderede ýerleşen çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde ýokary derejede dynç almagy üçin döredilýän mümkinçilikler ýaş nesliň her bir hereketiniň we wagtynyň bisarpa bolmazlygy üçin, olaryň zyýanly endikleri daşda bolmagy üçin edilýän aladadadygy ata-eneleriň her birine mälimdir.

Ýaşlaryň ruhy baýlygyny artdyrmak üçin olaryň milli edebiýatymyzdan, milli sungatymyzdan ýeterlik derejede habarly bolmagyny gazanmak gerek. XX asyryň

ahyrlaryna çenli döwürde, ýagny milli Garaşsyzlygymyzy çenli çap edilen neşirleriň kiril elipbiýinde bolmagy bu döwre degişli ähli kitaplaryň şu günki ýaşlar üçin, aýratynda kiçi ýaşly mekdep okuwçylary üçin okamak kynçylygyny döredýändigi öz-özünden düşünlikdir. 2000-nji ýyldan bäri türkmen milli elipbiýimiz umumy ulanyşa girizilenden soňra nusgawy şahyrlarymyzyň eserleriniň çap edilişini üns berlende bu babatda işjeňligi gazanmaga wagt bolandygyna göz ýetirýärsiň. Ine, şu nukdaýnazardan seredenimizde, Beýik Galkynyş zamanasynda mähriban Prezidentimiziň tagallasy bilen XX asyryň görnükli ýazyjy-şahyrlarynyň ençeme eserleri ýaşlara elýeterli edildi. Şeýle eserleriň ýene-de biriniň, „Yşk mülkiniň şasy“ Mollanepesiň „Zöhre – Tahyr“ dessanynyň täzeden neşir edilmegini bellemek ýerlikli bolar. Mähriban Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde bu eseriň täze neşiri bilen halkymyzy gutlamagy bahar paslynyň ilkinji günlerinde, şeýle-de Mollanepesiň 200 ýyllyk ýubileýiniň dabaraly bellenilmeginiň öňüsyrasynda türkmen okyjylaryna uly sowgadyň buşlugy bolup eşidildi.

Häzirki döwürde köpçülikleýin sport bäsleşikleriniň giň gerime eýe bolmagy, sportuň dürli görnüşleri boýunça türgenleşmek üçin mükinçilikleriň uly tapgyrynyň döredilmegi sporta ilgezik ýaşlaryň artmagyna oňaýly täsirini ýetirdi. Bu babatda mähriban Prezidentimiziň şahsy göreldesiniň hem örän uludygyny nygtasym gelýär. Beden sagdynlygy bilen deň hatarda ruhy sagdynlygyň-da sazlaşykly ösdürilmegini gazanmak döwrümiziň möhüm talaby. Binýady mäkäm tutulan binanyň başy näçe belent

bolsa-da, onuň ygtybarlydygyna kepil geçip bolar. Ýaşlaryň beden we ruhy sagdynlygyny gazanan ýurduň geljeginiň röwşenligi-de alysdan görünýändir.

Köňüllerde baharyň ylhama ýugrulan şygry ýaly näzik duýgyny oýaryp bilýän özgertmeler diňe bir ýurduň däl, dünýäniň howasyna ýakym çaýýandygyny belläsim gelýär. Gaiti döwletinde bolan betbagtçylykly hadysa hemmeleri ýadyndadyr. Gatilileriň kömege mätäç pursatynda mähriban Prezidentimiziň 500 ýüz müň amerikan dollary möçberinde kömek pullaryny bermek hakynda Karara gol çekendigininiň-de gaitilileriň ýadynda hemişelik galjakdygyna şek-şühbe ýokdur. Ine, 1-nji iýunda Çagalary goramagyň halkara güni mynasybetli Hazaryň kenarynda ÝUNISEF bilen bilelikde 28-nji maý we 2-nji iýun aralygynda Zehinli çagalaryň halkara festiwalyny geçirmek, bu festiwala Gaitide bolan ýer titremesi zerarly ejir çeken çagalaryň gatnaşdyrylmagy we olaryň Awazada bir aý mugt dynç almaklaryny guramak hakyndaky Kararyň sogabyny-da biz ölçäp bilmeris. Biz diňe munuň adamzat jemgyýeti üçin, dünýä çagalarynyň sagdyn ösmegi üçin mähriban Prezidentimiziň rehimdar ýüreginiň hemişe aladalanýandygyny aýdyp bileris.

Mähriban Prezidentimiz diňe türkmen çagalarynyň däl-de, dünýä çagalarynyň hem Howandarydyr. Medeniýetiň gymmatyna, sungatyň sarpasyna, ýaşaýyşyň mazmunyna, durmuşyň manysyna çuňdan düşünýän mähriban Prezidentimiziň türkmen ýaşlary üçin döredýän mümkinçilikleri bahasyna ýetip bolmajak bagtdan nyşandyr.

## Türkmen ýaşlary jemgyýetiň aýnasydyr

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasyna gadam basan türkmen jemgyýeti hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýurdumyzy ykdysady, syýasy, medeni taýdan ösdürmegiň täze gapysyny açdy. Durmuşyň ähli ugurlarynda bu günki gazanylýan üstünlikler, ýetilýän sepgitler Garaşsyz hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň pajarlap ösmegine giň ýol açýar. Ösüşleriň tiz bolmagy jemgyýetden işjeňligi, döwre aýakdaş bolmagy talap edýär. Hormatly Prezidentimiziň durmuşyň ähli sweralarynda geçirýän reformalary il-halkyň arzuw-isleginden ugur alýar.

Hormatly Prezidentimiziň: „Adam baş baýlygymyzdyr, baş maksadymyz onuň rowaçlygy we bagtydyr“ diýen paýhasa ýugrulan sözlerinden ugur alnyp, bu gün Türkmenistanda her bir raýatyň, aýratyn hem ýaş nesliň aladasy edilýär. Beýik Galkynyş eýýamynyň süňňünden eriş-argaç bolup geçýän täzelikler merdana, zähmetsöýer halkymyza hemra bolup, uly hyjuw, ýaşaýyşa çäksiz söýgi berdi. Eziz diýarymyzyň paýtagty Aşgabat şäherimiziň görküne görk goşýan ajaýyp binalar günsaýyn artyp barýar. Hormatly Prezidentimiz golaýda şeýle gözel binalaryň üstüni ýetirjek ýene bir binany gurmak hakyndaky Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Türkmenistanyň döwlet we jemgyýetçilik durmuşynda medeni, syýasy we ykdysady ösüşleriň

dabaralanmagyna goşulýan goşantlary nazara alyp, Türkmenistanyň Umumymilli „Galkynyş“ herekitiniň düzümine girýän jemgyýetçilik guramalarynyň işleriniň has-da sazlaşykly alnyp barylmagyny üpjün etmek we merkezi edarasynyň işgärleri üçin has oňaýly şertleri döretmek, şeýle hem „Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry“ Milli maksatnamasyna laýyklykda Aşgabat şäheriniň binagärlik-şähergurluşyk keşbini has-da gözelleşdirmek maksady bilen Arçabil şaýolunyň ugrunda Türkmenistanyň Umumymilli „Galkynyş“ hereketiniň edara binasyny gurmaga ygtyýar berildi. Bu binanyň taslamasyny düzmek we ony doly enjamlaşdyryp gurmak, şeýle hem umumy meýdany 25 müň inedördül metr bolan ýanaşyk ýerleri abadanlaşdyrmak barada „Buig Watiman Internasional“ fransuz firmasy bilen goşulan baha üçin salgyt hasaba alynmanynda umumy bahasy 47.600.000 ýewro bolan şertnama baglaşyldy.

Desganyň gurluşygyna 2009-njy ýylyň ýanwar aýynda başlamak we ony 2011-nji ýylyň ýanwar aýynda ulanmaga doly taýýar edip tabşyrmak bellenildi.

Ata-babalarmyzdan galan gurmak, döretmek ýoly täze röwüşde özüniň milliligi bilen döwlet derejesinde dowam etdirilýär. Döwlet Baştutanymyzyň durmuşa geçirýän pozitiw reformalary jemgyýetçilik durmuşymyzyň ähli çygyrlaryny gurşap aldy. Her bir kärde, islendik hünärde, wezipede ýaşlara uly ähmiýet berilmegi Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň işini has-da artdyrýar. Çünki, hormatly Prezidentimiziň bizden esasy talaplarynyň biri-de

ruhubelent, ylymly-bilimli we sagdyn nesil ýetişdirmek bolup durýar. Ýaşlary döwrebap terbiýeli, ahlakly edip ýetişdirmekde ýadawsyz zähmet çekýän guramamyzyň işi ýene ilerlemäge uly mümkinçilik tapdy. Türkmenistanyň Umumymilli „Galkynyş“ hereketiniň düzümine girýän jemgyýetçilik guramalarynyň ählisiniň bir binada ýerleşmegi işimizi sazlaşykly alyp barmaga itergi berer.

Gysga möhletiň içinde Türkmenistanyň ykdysadyýetini, gurluşygyny, jemgyýet kanunçylygyny düýpli özgertmek, elbetde, örän uly paýhasy we anyk prinsipleri talap edýär. Dünýäniň ösen döwletleri bilen hyzmatdaşlyklaryny günsaýyn artdyrýan ýurdumyzyň nesil terbiýesi-de nusgalyk bolmalydyr. Munuň üçin bizde şertler bar.

## Beýik Galkynyş we ýaşlar. 2009-njy ýyl türkmen ýaşlarynyň ykbalynda

Mähriban Prezidentimiziň ýaşlaryň arasynda ýygy-ýygydan bolup, olaryň pikirlerini diňlemegi, sargytlaryny aýtmagy ýaşlarda uly ruhubelentlik döredýär.

Häzir göz öňümde ýurt Baştutanymyzyň geçen ýylyň maýynda Bereket etrabyna öňünden duýdurmazdan amala aşyran iş saparynyň çäginde «Bilbil» çagalar bagyna baran, körpejeleriň bu ýagdaýa ynanjagyny-da, ynanmajagyny-da bilmän, gözlerini tegeläp, uly tolgunma bilen goşgy okap beren pursatlary janlanýar. Şonda hormatly Prezidentimiziň Bereket etrabynda täze çagalar bagyny we mekdebi gurmak barada aýdanlary olary nähili begendiripdi! Şol mähirli wakadan soň «Ynha, menem

mähriban Prezidentimize goşgy aýdyp bererin» diýip, ürç edinip goşgy ýat tutup ýören körpejelere özüm-ä birnäçe gezek gabat geldim.

Mähriban Prezidentimiziň ýaşlar bilen islendik duşuşygy ähli türkmenistanly ýaşlarda ýakymly duýgulary döredýär.

Hormatly Prezidentimiziň serhet galasyny açylyşynda, esgerleriň arasynda bolup, olaryň ýaşaýyş durmuşy bilen içgin gyzyklanan, olar bilen bir saçakdan naharlanan pursatlarynyň täsirini hem hiç zat bilen çalşyp bolmaz. Munuň ýaş esgerlerde uly hyjuw, geljege ynam döredýändigi aýdyň.

Geçen ýylyň aprelinde ýurt Baştutanymyz Ahal welaýatyna iş saparynyň çäginde Gökdepäniň dokma toplumynda zähmet çekýän ýaşlaryň arasynda hem bolupdy. Şeýle duşuşyklaryň öňünden meýilleşdirilmezden amala aşyrylmagy bolsa oňa has tebigy röwüş berýär. Şonda hormatly Prezidentimiz olaryň zähmet şertleri hakda gyzyklanmak bilen, maşgala sagdynlygy, durmuşda öz ýoluňy tapmak hakynda-da gyzmmatly sargytlaryny aýdypdy.

Her bir agaç, her bir ekin öz möwsümine, paslyna görä ekilýär. Durmuşda düşünjeler, maksatlar, edilmeli işler hem şonuň ýaly. Her ýaşyň öz aladasy, öz etmeli işi bar. Maşgala gurmak - durmuşyň her bir ýaş ynsanyň öňünde keserdýän, özi-de aňly-başly çözgüt talap edýän meselesi. Çünki bu meseläniň çözgüdi jemgyýetiň ykbalyna-da gönüden-göni dahylly. Mähriban Prezidentimiz 2009-njy ýylyň başynda geçirilen Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyrylyşynyň I

maslahatynda:«Maşgala türkmen jemgyýetiniň özeni bolup durýar. Ol özboluşly ilkinji guramadyr. ...Biziň wezipämiz türkmen maşgalasynyň sütünlerini gorap saklamakdan we berkitmekden, onuň maddy üpjünçiligini gowulandyrmakdan ybaratdyr» diýipdi. Şonda ýurt Baştutanymyzyň, ilkinji nobatda, çaga terbiýeleýän raýatlarymyzy iş bilen doly üpjün etmek, eneligi we çagalygy goramak, üç, dört we bäşden köp çagany dünýä indermäge höweslendirmek boýunça ýeňillikleriň ulgamyny işläp düzmek, on bäş ýaşa çenli çagalara edilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň çykdajylaryny döwletiň öz üstüne almagy babatda aýdan sözleriniň aňyrsynda, öňi bilen, milletiň geljegi bolan ýaş nesil hakynda çynlakaý alada ýatyr.

Şeýle-de hormatly Prezidentimiz maslahatda «Her bir maşgala aýratyn öý ýa-da jaý bilen üpjün edilmelidir. Döwlet maşgala ýeňillikli karzlaryň hasabyna birmeňzeş we ýokary amatlykly jaýlardan elýeterli bahadan öýleri satyn almakda goldaw bermelidir, jaý almak üçin nobat bolsa biziň durmuşymyzdan hemişelik ýitip gitmelidir» diýip belledi.

2009-njy ýylyň dowamynda döwrebap ýaşaýyş jaýlarynyň yzygiderli ulanylmaga berilmegi, ýaşaýyş jaýyny almakda ýeňillikli karzlaryň göz öňünde tutulmagy, çaga dogrulanda, çaga ideg etmek boýunça berilýän kömek pullarynyň 27-30 göterim artdyrylmagy... şol aýdylanlaryň durmuşda öz wysalyny tapmagydyr. Geçen ýylda Lebap welaýatynda tarp ýerde Dwletli etrabynyň açylmagy bolsa oba ýaşlaryny has-da galkyndyrdy.

Şunuň ýaly durmuş ýeňillikleriniň döredilmegi ýaş nesliň edep-terbiýesinde-de möhüm orun eýeleýär. Adam güzeran meselesi öz-özünden çözülip, eli uzadan ýerine ýetende ähli üns-aladasyny perzent terbiýesine gönükdirip bilýär.

***

Ýurdumyzda medeniýet-sungat ulgamynda-da ýaş zehinleriň ýüze çykmagy babatda uly işler alnyp barylýar. 2009-njy ýylda ýurdumyzda ilkinji gezek Medeniýet we sungat işgärleriniň güni bellenilip geçildi. Şu ýerde her ýyl ýurdumyzyň medeniýet, sungat, döredijilik işgärleriniň arasynda geçirilýän Türkmenistanyň Prezidentiniň „Türkmeniň Altyn asyry“ baýragyny almak ugrundaky bäsleşiginiň geçen ýylky tapgyrynda ýaşlara uly orun berlendigini, ýaş zehinleriň uly toparynyň bu abraýly döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri hökmünde yglan edilendigini, olara dürli atlaryň, derejeleriň berlendigini aýtman geçmek bolmaz. 2009-njy ýylyň ilkinji gününde işe başlan, beýik Galkynyşyň owazy bolup kalplara şatlyk paýlan „Türkmen owazy“ atly bäşinji teleýaýlym ähli sungat, döredijilik işgärleri bilen birlikde ýaş zehinlerimiziň döredijiliginde uly mümkinçilik boldy.

Ýeri gelende aýtsak, häzir hormatly Prezidentimiziň Kararyna laýyklykda, Aşgabatda «döredijilik şäherjiginiň» jaýlarynyň toplumy gurulýar, oňa Türkmen döwlet medeniýet instituty, Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internady, 200 orunlyk çagalar bagy, 600 orunlyk umumy bilim berýän mekdep, ilata durmuş taýdan hyzmat edýän desgalar, 216

öýlük üç sany ýaşaýyş jaýy gurulýar.

Bu çynlakaý aladalar üçin türkmen ýaşlary hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden taňryýalkasyn aýdýarlar. Olar özleri üçin edilýän bu aladalary çyn yhlas, irginsiz zähmet bilen ýerine salarlar.

***

Häzir ýörite hünärmenler dünýä ýüzünde ýene tapylmadyk hazynalaryň on müňlerçesiniň bardygyny çaklaýarlar. Elbetde, çaklanylýan bolsa ugrunda bardyr. Ýöne, bir zat – adam aňynda, ukyplarynda «gizlenen» hazynalaryň çäksizligi welin, çaklamasyz aýdyň hakykat. Ony ýüze çykarmak üçin hem ylmyň-biliminiň kämilligi zerur. 2009-njy ýylda bu ugurlarda uly işleriň bitirilendigi bizi aýratyn begendirýär. Özi-de bu alada çagalar baglaryndan başlap, mekdeplerde, ýokary okuw mekdeplerinde sazlaşykly ýöredilýär.

2009-njy ýylda döwrebap çagalar baglarynyň, orta mekdepleriň ençemesi ulanylmaga berildi. Türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk instituty, Türkmenistanyň Polisiýa akademiýasy täze jaýlara göçüp bardylar, Harby Akademiýanyň ikinji nobatdakysynyň gurluşygy amala aşyryldy. Häzirki wagtda ýurdumyzda birnäçe täze ýokary okuw mekdepleriniň, şol sanda Aşgabatda Türkmen döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň we Daşoguzda Oba hojalyk instititutynyň gurluşygy alnyp barylýar. Şeýle-de ýakyn geljekde Türkmen Politehniki instituty, Türkmen döwlet medeniýet instituty, şeýle hem Türkmen döwlet energetika instituty, Türkmenistanyň Daşary işler

ministrliginiň Halkara gatnaşyklar instituty, Türkmenistanyň Sport we syýahatçylyk instituty täze jaý toýlaryny toýlarlar.

Türkmen Politehniki institutynyň okuw binasynyň taslamasynyň ýurdumyzyň taryhynda ilkinji gezek talyplarymyzyň gatnaşmagynda taýýarlanylandygyny buýsanç bilen nygtamak isleýäris. Munuň özi guwanylmaly, gutlanylmaly ýagdaý! Bu – beýik ynamyň miwesi!

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «arheologiýa», Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda «hindi dili», Türkmenistanyň Döwlet Energetika institutynda «senagat elektronikasy» we Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda «Döwlet we ýerli dolandyryş» hünärleriniň açylmagy bolsa ýaşlar üçin giň mümkinçilikleri döretdi. .

Adamy ynam adam edýär. 2009-njy ýylda hormatly Prezidentimiziň Russiýa Federasiýasyna, Ýaponiýa saparlaryna gatnaşmak bagtynyň talyp ýaşlarymyza hem miýesser edendigini bellemelidiris.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň gaýtadan dikeldilmegi hem kämil nesli kemala getirmekde möhüm ähmiýeti bolan wakadyr.

Ýaşlaryň durmuşyna tehnologiýasyz göz öňüne getirip bolmaýar. Bu babatda

2009-njy ýylda uly öňegidişlikleriň bolandygyny, 3G aragatnaşyk hyzmatlarynyň ornaşdyrylyp başlanandygyny, internet nokatlaryny çekmegiň ýaýbaňlandyrylandygyny bellemelidiris.

Biz Seljukly türkmenleriň ylma uly üns berendikleri, Mälik şanyň döwründe medresesiz, kitaphanasyz bir şäheriň hem bolmandygy, medreselere edilýän ýyllyk çykdajynyň mukdary 600 müň dinara, kitaphanalara edilýän çykdajy 400 müň dinara ýetendigi, her ýylda 10 milliondan gowrak dinaryň ylym işlerine sarp edilendigi baradaky taryhy hakykaty buýsanç bilen ýatlaýarys. Beýik Galkynyş zamanasy hem bilimiň, ylmyň galkynan zamanasy hökmünde asyrlara ýaň salar.

***

Edil bilimde, döredijilikde bolşy ýaly, türkmen ýaşlarynda sporta gyzyklanma hem diýseň uly. Çetki obalarda-da her köçäniň çagalary, ýetginjekleri özüçe futbol toparyny döredip, özara bäsleşik geçirip ýörendirler.

2009-njy ýyl türkmen ýaşlaryna sport babatda-da ýakymly pursatlary bagyş etdi. Bu ýylda taryhymyzda ilkinji gezek Kazan – Aşgabat halkara awtorallisi geçirildi.

Ahal, Mary, Lebap we Balkan welaýatlarynda 10 müň orunlyk stadiony we basseýnleri bolan «sport şäherjikleri», şeýle hem trenažýorlar bilen üpjün edilen bedenterbiýe – sagaldyş toplumlary we sport mekdepleri ulanylmaga berildi. Ýakyn geljekde bolsa Aşgabatda sebitdäki iň iri Olimpiýa şäherjigi, welaýatlarda bolsa aýlawlar, awtodromlar we beýleki sport desgalary peýda bolar.

Geçen ýylda hormatly Prezidentimiz ýaşlary ýene bir hoş habar bilen begendirdi. Ol hem ýurt Baştutanymyzyň umumilli sport bäsleşiklerini geçirmek baradaky

Kararydyr. Ol ýaryşlar sportuň dürli görnüşleri oýunça okuw mekdepelriniň, pudak edaralarynyň arasynda geçiriler. Ilkinji spartakiadanyň final tapgyry şu ýylyň martynda bolar. Sporty ösdürmegiň döwlet derejesine ýetirilmegi, jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň sporta işjeň gatnaşmagynyň gazanylmagy biziň durmuşymyza oňyn täsirini ýetirer, beýik galkynyş sagdyn nesli kemala geler.

Şeýle uly ýaşlarymyzda belent joşgun, hyjuw döredýär. Ýeri gelende aýtsak, 2009-njy ýylda hem ýaşlarymyz ençeme halka sport bäsleşiklerinde ýeňiji bolup, Watanymyzyň halkara abraýyna goşant goşdular.

***

Biz häzir diňe ýaşlaryň durmuşyna gönüden-göni dahylly bolan wakalary ýatladyk. Aslynda, ýurtda bitirilýän hiç bir işe ýaşlaryň ykbalyndan üzňe diýip bolmaz. Biz bir zady nygtamak isleýäris: bir gezek Günüň nurundan ganan kişi soň şemiň yşygy bilen kanagat etmeýär. Hut şonuň ýaly-da, bir güne, bir ýyla şeýle beýik işleri sygdyryp bolýandygyna göz ýetiren nesilleriň haýal-ýagallyk etmän, işe yhlasly ýapyşjakdyklaryna ynanyp bolar.

«Ýaşlar – esasy aladam» diýip, biz hakynda çynlakaý tagalla edýän hormatly Prezidentimiziň başy dik, jany sag, işleri mundan beýläk-de rowaç bolsun!

## Beýik nesibeli nesil

Dünýä durmuşynda eý görülýän zatlar az däl. Hersiniň gadyr-gymmatyna görä olaryň mertebesem, sylagam artyp gidýär. Çünki adam balasy islendik zadyň

bahasyny, gymmatyny şol zatlaryň öz durmuşyna - düýnüne, şu gününe we ertesine nä derejede gerekdigine, zerurdygyna görä kesgitleýär. Ýürege ýakyn närsäni ileri tutýar. Süňňüniň, köňlüniň mährini, ýylysyny şoňa bagyş edýär. Şol gözellikde özüniň bagtyny, kämilligini, dowamatyny görýär. Çünki adamzadyň bakylyga ulaşasy gelýändigi gizlin däl. Özi bezenmese-de, özi begenmese-de, şony bezäsi, begendiresi gelýär. Geljege ynamly taýýarlaýar. Hatyrasy belentden tutulýan bu gymmatlyga nesil diýilýär.

Bu dünýä - bakylyk düşelgesiniň bosagasy. Her döwür, her zamana soňsuz taryhyň hataryna goşulýan kejebeli kerwen. Taryhda yz galdyrmak üçin aýagyňy mäkäm we dürs basmalydygy haçan-eýýam ýaňzydylan hakykat. Şeýtmeseň, hatda çägäň üstünde-de öwnerlikli yz goýup bolanok. Ýerdäki ýük, egindäki labyr agzybirlik bilen göterlende hiç kimiň üstüne artykmaç agram düşmeýär. Ne ýaş-u akyl babatda bizden öňürdenler, ne söbügimizi basyp gelýän ýaş nesiller taryhyň, täleýiň agyrlygyny duýar. Durmuş, ine şunuň ýaly, agzybirlik, arkalaşyk, birek-birege ynam bilen ötülmeli ýoldur. Bu babatda häzirki nesle bildirilýän ynam has-da uly. Çünki bu nesliň aladasy belentden tutulýar. Nesil goja biliň kuwwaty, argyn dyzyň daýanjy, gözleriň guwanjy, körpe nesliň ýol görkezijisi hasaplanýar. Ol döwletliligiň nyşany we döwletiň hem diregidir. Islendik zada direg bolmak üçin üç häsiýeti hökman özüňde jemlemeli: aýagyňy basan ýeriň dürs, düz we tekiz bolmaly; köňlüň, süňňüň, bedeniň dik we

göni bolmaly; egniňe göteribiljek ýüküňi almaly. Gorkut paýhasy, Görogly gaýraty, Pyragy hikmeti bilen, Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli syýasy taglymaty bilen terbiýelenýän bu günki nesil Watanyň we milletiň, halkyň we döwletiň hatyrasyna juda köp işleri bitirmäge taýýar. Sebäbi bu Täze zamananyň nesli, bu täze nesil. Mukaddeslikleriň gymmatyna çuňňur düşünýän nesil.

Ýurdumyzda bolup geçýän beýik özgertmeler, ruhy-medeni we ykdysady galkynyşlar, beýik aň öwrülişigi durmuşyň asyl manysyna, ýaşaýşyň mazmunyna, köňüllerde gül gämikledýän paýhas gözelliginiň maňzyna giňden düşünmäge kömek etdi. Adamlary ruhy-medeni taýdan galkyndyrdy. Ata-babalarymyzyň taryhdaky şöhratyna bolan buýsanç bu günümiziň belentligi bilen utgaşyp, watansöýer nesliň kemala gelmegine uly goşant goşdy.

Aslynyň beýikdigi, şöhratlygydy adamyň buýsanjyny, ynamyny oýarýan zatlaryň biri. Özüňi ruhubelent, maksada okgunly duýmak we geljege ynamly garamak üçin milli buýsanç köp täsir edýär. Ata-babalarymyzyň daşlara nagyşlan, kagyzlara sünnälän, hatyralara we hakydalara berçinlän ýazgylarynda türkmenleriň owal-ahyr Alla ýalkan kowumdygy, köp dürli ukyp-başarnyklar bilen ýugrulandygy gaýta-gaýta nygtalýar. Dünýäde iň köp döwleti guran eždatlarymyzyň geçen taryhy ýoly muňa delildir. Ylym-bilimi, medeniýeti ösdürmek türkmeniň ganynda bar häsiýet. Has täze röwüş alan bu

aýratynlygy biz şu wagtam öz durmuşymyzda görýäris. Hormatly Prezidentimiziň ýaşlar hakda edýän aladasy barmak büküp sanardan has kän we has beýikdir. Orta mekdepleriň on ýyllyk, ýokary okuw jaýlarynyň bäş we alty ýyllyk edilmegi, bilimiňi kämilleşdirmek, toplan tejribäňi özleşdirmek we durmuşa ornaşdyrmak üçin ylym-bilim ojaklarynyň gapysynyň giňden açylmagy, ýaş nesliň sowatly, aň-düşünjeli, giň dünýägaraýyşly bolmagy üçin zerur şertleriň döredilmegi... nesil aladasynyň birje bölegi. Diňe şu zatlara göz aýlabam, nesillere bildirilýän ynamyň näderejede beýikdigine akyl ýetiräýmeli. Taryhda tarypy ýetirlen we Hakdan bagt wada berlen halkyň dowamaty bolan, hem-de göwün göteriji şeýle gözellikler, gowulyklar bilen gurşalan bu günki nesil, Hormatly Prezidentimiziň saýasy astynda, sözüň doly manysyndaky, beýik nesibeli nesildir.

Bu beýik ynama halal zähmeti, yhlasy, erjelligi, maksada okgunlylygy, wepalylygy bilen jogap bermek nesillere hökmany borç hem-de mertebe bolup durýar. Daragt içjek suwuny kökünden süzüp alşy ýaly, bu günki nesil hem Watan üçin bagyş etjek ukyp-başarnygynda ýaşuly nesliň tejribesinem, jemlenen paýhasynam özüne ganalga, gönezlik edinmelidir. Nesil milletiň üznüksizliginiň, jebisliginiň alamatydyr. Şol bir wagtda Watan söýgüsini ýüreginde saklaýan, ilini-gününi söýüp-sylaýan her bir raýat bu döwletiň neslidigine juda buýsanmalydyr. Çünki söýgä beslenen ýürekler elmydama juwanlygyny saklaýar.

Adam özüniň jemgyýeti emele getirýän müňlerçe-

millionlarça halkalaryň biridigine, halkalaryň biri gowşak bolanda, beýlekileriň ählisine zeper ýetirýändigine düşünende, ýaşaýşa yhlasy artýar, öz ornunda berk durmaga jan edýär. Hormatly Prezidentimiziň tutumly işleriniň, ajaýyp başlangyçlarynyň her biri raýatlarda şu ajaýyp duýgyny – öz-özüne jogapkärçiligini, ynamyny artdyrýadygy bilen beýikdir. Biz hormatly Prezidentimiziň aýdyň syýasatlarynda:“Adama şeýle bir hormat goýuň, goý, ol şol hormata mynasyp bolmak üçin çalyşsyn“ diýen ýörelgäni görýäris. Megerem, döwletiň iň uly üstünligi, ýeňşi hem hem raýatlary öz-özi höwesli zähmet çeker derejä ýetirip, olarda bar bolan ukyp-başarnyklaryň ählisini ýurt ykbalyna dahylly haýyrly işlere gönükdirip bilmeginde bolsa gerek. Çäkli wagtyň içinde şeýle üstünligi gazanmagy başaran hormatly Prezidentimiziň turuwbaşdan ýaşlara aýratyn üns bermegi diýseň guwandyrýar.

Uzyn-uzyn menzilleriň ykbalyny ilkinji ädimler kesgitlärmiş. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurt başyna gelip, ilkinji Permanyny bilim ulgamyna – ýaşlaryň – Watanyň kämil geljegine gönükdirmegi hemişe nygtalmaga mynasypdyr. Sebäbi bu möhüm ädim sagdyn jemgyýet gurmagyň zamanasynyň başlanandygyny, bu babatda ylymly-bilimli ýaşlara uly orun berilýändigini äşgär edipdi. Bilimiň özgermegi – ýurduň özgermegi. Sebäbi jemgyýet hemişe ylymly-bilimli ynsanlara daýanýar.

2007-2008-nji okuw ýylyndan mugallymlaryň iş ýüküniň 30 sagatdan 24 sagada getirilmegi, synplarda

okuwçy sanynyň 25-e getirilmegi, 1-3-nji synplarda olaryň sanynyň 30-dan, 4-10-njy synplarda 34-den köp bolan halatynda ugurdaş synplary açmaga rugsat berilmegi... bilim ulgamynda möhüm ädim boldy.

Bir zady belläliň. 1219-1237-nji ýyllar arasynda Anadoly-Seljukly döwletini dolandyran Anadoly Keýkubadyň gyzy Hudawend Hatyn tarapyndan 1253-nji ýylda gurdurylan, Türkiýäniň häzirki Erzurum şäherinde ýerleşýän «Erzurum Hatynyýe» medresesinde okuw okadylyşy hakynda birnäçe gürrüňler galypdyr. Şolaryň birinde aýdylyşyna görä, medresäniň mugallymlarynyň biri okuwçysy bilen «Daş dükanlar» bazarynyň deňinden geçip barýarka, okuwçynyň gözi aýna we çäç önümlerine düşýär we serinde «Bir daş bilen näçe käse döwüp bolýarka?» diýen sowal döreýär.

Bu sowal medresä gelip derse başlanlarynda-da serinden gitmeýär. Onuň ünssüzligini aňan mugallym okuwçysyndan ýagdaýynyň sebäbini soraýar. Okuwçy ýagdaýyny beýan eden dessine, mugallym eglenmän, okuwçysyny ýaňky çäç önümleriň setir-setir goýlan dükanyna äkidipdir. Käseleriň bahasyny töläp, okuwçysynyň eline-de bir daş berip, käseleri döwmegini talap edipdir. Şeýdip okuwçy özüni biynjalyk edýän hälki sowaldan halas bolýar. Diňe şondan soň, mugallym medresä gelip, derse gaýtadan başlapdyr.

Taryh sahypalarynda galan bu manyly wakany ýatlamak bilen, ýaş nesliň durky-durmuşy bilen okuwyna berilmegi üçin ähli zerur mümkinçilikleriň döredilmeginiň, ünsi sowýan meseleleriň aradan

aýrylmagynyň kämil bilimiň ykrar edilen baş şertidigini nygtamak isledik. Ýurt baştutanymyzyň Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda ýokarda agzan ýeňilliklerimiz bilen birlikde mugallymlaryň zähmet haklaryny, talyplaryň talyp haklaryny ýokarlandyrmak barada ýörite resminamalara gol çekmeginiň aňyrsynda-da, ine, şu maksat — gündelik hysyrdylaryň, aladalaryň mugallymlaryň bilim berşine, talyplaryň hünär öwrenişine ýaramaz täsirini ýetirmezligini gazanmak maksady ýatandyr.

Ýurt baştutanymyzyň hökümet maslahatlarynyň birinde Türkmenistanda şäherdigine ýa-da oba ýeridigine garamazdan, häzirki zaman multimediýa we maglumatlar tehnologiýalary göz öňünde tutulmadyk, şol sanda bütindünýä internet ulgamyna birikdirilmedik mekdepleriň we çagalar baglarynyň ulanylmaga kabul edilmejekdigi barada aýtmagy ýöne ýere däldir.

Tehnikanyň iň soňky gazananlary bilen üpjün edilen täze mekdepleriň we mekdebe çenli çagalar edaralarynyň, şeýle hem has oňaýly çagalaryň sagaldyş we dynç alyş merkezleriniň gurluşygynyň ýurdumyyň ähli künjünde ýaýbaňlanmagy döwrümiziň aýratynlygydyr. Umumybilim berýän döwrebap edaralaryň hatarynda paýtagtymyzda açylan, takyk we tebigy bilimleri çuňňur öwrenmäge ýöriteleşdirilen „Beýik Serdar nesilleri“ we „Ruhnama“ mekdepleri, şeýle hem „Bagtyýar nesiller“atly umumybilim berýän mekdep bar. Çoganlyda 500 orunlyk täze mekdebiň gurluşygy tamamlanyp barýar, basym bolsa paýtagtymyzyň demirgazygynda ýene-de birnäçe orta

umumybilim berýän edaralaryň we çagalar baglarynyň korpuslary gurlar. Şeýlelikde, tutuşlygyna alnanda 2008-2009-njy ýyllarda ýurdumyzda umumybilim berýän 30-syny hem-de mekdebe çenli çagalar edaralarynyň 22-sini gurmak we ulanmaga bermek meýilleşdirilýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzda birnäçe täze ýokary okuw mekdepleriniň, şol sanda Aşgabatda Türkmen döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň hem-de Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň we Daşoguzda Oba hojalyk instititutynyň gurluşygy alnyp barylýar. Şeýle-de ýakyn geljekde Türkmen Politehniki instituty, Türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk instituty, Türkmen döwlet medeniýet instituty, şeýle hem Türkmen döwlet energetika instituty täze jaýa göçüp barar. Şunuň bilen birlikde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň köne korpuslarynyň durkuny täzelemek we uniwersitet şäherjiginiň täze desgalaryny bina etmek, şeýle hem Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby akademiýasynyň ikinji nobatdakysynyň gurluşygy boýunça işler dowam etdirilýär. Geljekde ýurdumyzyň işläp gelýän ýokary okuw mekdeplerinde täze fakultetleri we hünäreri açmak hem-de elbetde, täze ýokary okuw mekdeplerini döretmek hem meýilleşdirilýär. Bilşimiz ýaly, hormatly Prezidentimiziň Nowruz aýynyň 20-sinde çykaran Permany bilen Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty döredildi, bu institutuda okuwlar ýakynlaşýan Ruhnama aýynyň 1-

inde başlanar.

Beýik Galkynyşyň ýaşlara eçilen ajaýyp bagty hakda söz açylana, bir zady aýratyn nygtamalydyrys. Täze zamana milli bilim ulgamyny dünýä derejesine ýetirmek bilen birlikde, türkmen ýaşlarynyň dünýäniň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde bilim almagyna he mümkinçilik döretdi. Diňe geçen ýylyň özünde türkmen talyplarynyň 260-dan gowragy Türkiýe Respublikasynyň, Rusiýa Federasiýasynyň, HHR-iň we Malaýziýanyň ýokary okuw mekdeplerine okuwa iberildi. Bu ýerlerde türkmen ýaşlary dürli hünärleri ele alýarlar. Diňe Türkiýäniň özünde ýaşlarymyzyň 71 hünär boýunça bilim alýandygymyza bu aýdanlarymyzyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň ykdysadyýet toplumyny ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlary boýunça hünärmenleri taýýarlamaga uly üns berilýär. Mysal üçin, nebitgaz pudagy üçin hünärmenler Russiýanyň esasy ýokary okuw mekdeplerinde taýýarlanylýar, türkmen talyplary ýüpekçiligiň we gündogar lukmançylygynyň syrlaryny Hytaýda, iň täze maglumatlar we inženerçilik tehnologiýalaryny Malaýziýada hem-de Rumyniýada ele alýarlar. Täze okuw ýylynda türkmenistanlylaryň 1500-e golaýy dünýäniň iň abraýly ýokary okuw mekdeplerine okuwa iberiler.

Häzir ýurdumyzda konstitusion özgertmeler alnyp barylýar. Şu özgertmeleriň ýaşlaryň ykbalynda hem möhüm orna eýedigini hormatly Prezidentimiziň 2008-nji ýylyň Magtymguly aýynda Türkmenistanyň

Konstitusion toparynyň mejlisinde eden çykyşy doly aýan etdi. Şonda ýurt baştutanymyz Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň raýatlarymyzyň bilim almagy baradaky 35-nji maddasynyň doly derejede işlemelidigini nygtap şeýle diýdi: “Ýaşlaryň biliminiň we hünär taýdan taýýarlygynyň Ýewropa standartlaryna gabat gelýän derejelerine ýetilmegi bize jemgyýetiň kuwwatly sosial gatlagyny – milli intellektual elitasyny döretmäge, Türkmenistany dünýäniň ösen döwletleriniň birine öwürmäge mümkinçilik berer”.

Bu işler türkmen jemgyýetiniň geljeginiň mizemezliginiň, sagdynlygynyň, berkliginiň kepilidir. Ýurdumyzda milli baýramçylyklaryň senenamasyna Ylymlar gününiň, bilimler gününiň we Talyp ýaşlar gününiň, Çagalary goramagyň halkara gününiň girizilendigini, munuň hormatly Prezidentimiziň ýaş nesil hakyndaky aladasynyň güwäsidigini hem bellemelidiris. Şu günler ýaşlarymyzyň dünýä ýüzünde dürli ugurlar boýunça halkara olimpiadalaryna, bäsleşiklerine gatnaşyp, ýurdumyza altyn-kümüş medallar, baýrakly orunlar bilen dolanyp gelmekleri hem, elbetde, şu aladalaryň, beýik işleriň netijesidir. Şeýle halkara fesiwallaryň, sergi-maslahatlaryň biziň ýurdumyzda hem yzygiderli geçirilmegi aýratyn guwandyrýar.

Beýik Galkynyşyň ýaşlaryň ykbalyndaky orny diňe ylym-bilim ulgamy bilen bagly däldir. Bu diňe esasysydyr. Ýaşlaryň ukyp başarnygyny ýüze çykarmagy, islegine laýyk zähmet çekmegi babatda-da näçe gürrüň etseň, edip oturmaly. Eýsem, ýurdumyzda

täze-täze etraplaryň döredilip, desgalaryň açylmagy ýaşlar üçin iş orunlarynyň döredilmegi dälmi?!

Beýik galkynyş zamanasynyň möhüm aýratynlygy onuň tutuş ýurdumyzda, ähli ugurlarda dabaralanýandygydyr.

Täze zamananyň öwüşgini oba ýaşlarynyň durmuşynda-da aýdyň görünýär. Döwlet tarapyndan obanyň durmuş-ýaşaýyş şertleriniň ýokarlanmagy üçin 4 milliard amerikan dollarynyň goýberilmegi, obalaryň şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli Maksatnamada bellenilen maksatlary durmuşa geçirmek üçin „Türkmenistanyň raýatlaryna gozgalmaýan emlägi girewine alyp karzlary bermegiň usulyny ösdürmek hakynda“ Kararyň kabul edilmegi bu babatda möhüm ädimlerdir.

Bir zat aýan: ýurtda kabul edilýän kararlaryň, kanunlaryň hiç birisi-de ýaşlaryň durmuşyndan sowa geçenok. Biz – ýaşlaryň hem bu işlerden sowa geçmezligimiz, beýik özgertmeleriň durmuşa geçirilişine işjeň gatnaşmagymyz möhümdir.

---

Edebiýatlar: **„Ýaşlaryň ruhy dünýäsi“ publisistik makala. Seýitmyrat Geldiýew, Magtymguly adyndaky TDU-nyň talyby.**

**„Nesil“ gazeti. 2010-njy ýyl.**

**„Türkmen ýaşlary jemgyýetiň aýnasydyr“ publisistik makala. Aýgözel Bekiýewa, „Güneş“ žurnaly 2009-njy ýyl.**

**„Beýik Galkynyş we ýaşlar“ publisistik makala. Kakamyrat REJEBOW, „Neil“ gazeti 2009-njy ýyl.**

**Türkmen Bitaraplygy**

1. **Türkmen Bitaraplygy hakynda**
2. **Türkmen Bitaraplygynyň hukuk we ahlak nazaryýeti**
3. **Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň ykrar edilmegi**
4. **Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň publisistika beýan edilişi**

## Türkmen Bitaraplygy hakynda

Türkmen halkynyň uly dabara bilen belleýän 12-nji dekabr — Bitaraplyk güni Türkmenistanyň garaşsyz ösüşiniň taryhyna altyn harplar bilen ýazylan ajaýyp senedir. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabr güni Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 185 agza döwletleriň biragyzdan ses bermegi bilen “Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy” hakyndaky ýörite rezolýusiýasy kabul edildi. Şunuň bilen birlikde, Birleşen Milletler Guramasy ýaş türkmen döwletiniň

amala aşyrýan daşary syýasy ugruny doly goldaýandygyny aýan etdi we oňa hormat goýmaga bütin dünýäni çagyrdy.

Dünýä jemgyýetçiligi, wagt geçdigiçe, Türkmenistanyň bitaraplyk daşary syýasatynyň halkara ähmiýetiniň diňe ýokarlanýandygyna şaýat bolýar. Geçen gysga wagtyň içinde türkmen bitaraplygy sebitde we tutuş dünýäde özüniň parahatçylykly hyzmatdaşlygy guramakdaky uly mümkinçiliklerini barha giňden peýdalandy. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy bu öz-özüňi çäklendirme däl-de, eýsem adalatly we açyklyga esaslanan gatnaşyklaryň giň ýoluny döredýän ýörelge bolup durýar. Hut şonuň üçin hem Watanymyzyň paýtagty Aşgabat şäheri bütin dünýäde parahatçylyk merkezi hökmünde giňden tanalýar.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly ýolbaşçylygynda beýik Galkynyşlar ýoly bilen barýan türkmen döwletiniň bitarap daşary syýasaty häzirki taryhy döwürde aýratyn many-mazmuna eýe boldy. Türkmenistan parahatçylyk we ösuş ugrunda möhüm başlangyçlar bilen çykyş edip, Ýer ýüzündäki ähli halklaryň bagtynyň we abadançylygynyň hatyrasyna giňden hyzmatdaşlyk etmek üçin açyk ýurt hökmünde tanalýar. Türkmenistanyň bitaraplyk derejesine sebitde durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň, parahatçylyk söýüjilikli başlangyçlary durmuşa geçirmegiň, halkara möçberinde wajyp meseleleri ara alyp maslahatlaşmagyň we olary çözmegiň möhüm serişdesi hökmünde garalýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň belent tutumlary we

öňdengörüjilikli maksatlary dünýä möçberinde giň goldawa we hormata eýe bolýar.

Türkmenistan garaşsyz we özygtyýarly döwlet hökmünde halkara hukugynyň doly ygtyýarly subýekti bolup durýar we öz milli bähbitlerinden ugur almak hem-de umumy ykrar edilen hemişelik bitarap halkara-hukuk statusyna daýanmak bilen, özüniň daşary saýasy strategiýasyny amala aşyrýar. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzyň milli bähbitlerini üpjün etmek bilen bagly strategiki maksatlar halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek, adamzada abanýan howplaryň we wehimleriň garşysyna göreşmekde tagallalary berkitmek, söwda-ykdysady we medeni-gumanitar hyzmatdaşlygy giňeltmek, transkontinental transport-aragatnaşyk geçelgelerini döretmek ýaly global meseleler bilen hem aýrylmaz bagly bolup durýar.

Türkmenistanyň dünýäde diplomatik işjeňliginiň güýçlenýändigi we onuň halkara gatnaşyklary ulgamynda tutýan ornunyň giňelýändigini we diplomatik gatnaşyklaryny saklaýan döwletleriň sanynyň 128-e ýetendigini nygtamak ýakymlydyr. 2008-nji ýylyň 11 aýynyň dowamynda dünýäniň 17 döwletiniň ilçileri Türkmenistana öz ynanç hatlaryny gowşurdylar. Öz gezeginde, biziň döwletimiziň Saud Arabystanynda we Azerbaýjanda ilçihanalary açyldy we Türkmenistanyň Kubada, Litwada, Müsürde, Şweýsariýada, Ysraýylda we Italiýada ilçileri bellendi.

Türkmenistanyň söwda-ykdysady hyzmatdaşlygynda bilelikdäki sergiler, konferensiýalar, biznes-forumlar barha uly orun tutýar we olara giň işewür toparlarynyň

wekilleri gatnaşýarlar. Hususan-da, şu ýylyň dowamynda Aşgabatda Gresiýa, Gyrgyzystan, Latwiýa, Polşa, Russiýa Federasiýasy, Şweýsariýa döwletleri bilen konsultasiýalar, Azerbaýjan, Germaniýa, Koreýa, Horwatiýa we Russiýa bilen bolsa biznes-forumlar guraldy.

Türkmenistanyň oňaýly geografiki ýerleşişi onuň halkara söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmekde, transportuň, aragatnaşygyň we kommunikasiýanyň global derejede giňelmeginde tutýan ähmiýetli ornuny has-da berkidýär. Türkmenistanyň halkara söwda-ykdysady gatnaşyklaryna işjeň gatnaşmagynyň esasy faktorlarynyň biri hökmünde onuň ägirt uly energiýa potensialy, aýratyn hem, uglewodorodlary çykaryş we eksport ediş kuwwaty bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistan özüniň örän uly energiýa we transport-kommunikasion mümkinçiliklerini ähli adamzadyň maksatlaryna gönükdirmek işini ileri tutýar. Şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasy başlangyçlaryna ünsi çekmek ýerliklidir. Ol başlangyçlar biziň döwletimiziň halkara arenasynda okgunly we işjeň häsiýetini aýdyň açyp görkezýär.

Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistan parahatçylyk söýüji syýasaty ýöretmek, şol sanda Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa boýunça Öňüni alyş diplomatiýasy baradaky sebit merkezini döretmek bilen bagly birnäçe başlangyçlary öňe sürmek arkaly halkara derejesinde uly at-abraýa eýe boldy hem-de özüniň ykdysady we serişdeler babatdaky potensialyny tutuş adamzadyň bähbidine gönükdirmäge çalyşýandygyny we

muňa taýýardygyny ýene-de bir gezek aýdyň görkezdi. Halkara jemgyýetçiligi, aýratyn hem, dünýäde iň uly we abraýly halkara guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasy Türkmenistanyň daşary syýasatda edýän her bir ädimini, onuň sebitiň parahatçylygy, halklaryň abadanlygy we ösüşi ugrundaky anyk çärelerini giňden goldaýar. Türkmenistanyň daşary syýasatynda ileri tutýan möhüm ugry iri halkara guramalary, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy bilen netijeli hyzmatdaşlyk bolup durýar.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow halkara jemgyýetçiliginiň tagallalarynyň Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde jebislenmegine uly ähmiýet berýär. BMG parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň strategiki häsiýetli problemalaryna seretmäge ygtyýar berlen köptaraplaýyn mandaty bolan guramadyr. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň köp başlangyçlary häzirki zamanyň aktual meseleleri babatynda BMG agza bolan döwletleriň hyzmatdaşlygynyň syýasy-hukuk esasyny giňeltmäge gönükdirilendir. Türkmenistanyň öňe süren we BMG-niň Baş Assambleýasynyň 63-nji sessiýasynyň gün tertibine girizilen “Energiýa göterijileriň ygtybarly we durnukly tranziti we onuň ykdysady ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde tutýan orny” atly rezolýusiýanyň taslamasy hem ýaňky aýdanlarymyza mysaldyr.

BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasynyň Sebit merkezi Türkmenistan bilen hyzmatdaşlykda şu ýylyň sentýabr aýynyň başynda

“Dawalaryň öňüni alyş: hereketleriň analizi” atly ýörite seminar geçirdi. Seminarda Merkezi Aziýa döwletleri bilen halkara guramalarynyň, ilkinji nobatda, BMG-niň arasyndaky hyzmatdaşlygyň geljekki ugurlaryna seredildi. Bu seminaryň işine Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Daşary işler ministrlikleriniň jogapkär işgärleri, BMG-niň agentlikleriniň wekilleri we sebitde iş alyp barýan beýleki halkara guramalarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Oktýabr aýynda Merkezi Aziýa döwletleriniň daşary işler ministrleriniň sebit hyzmatdaşlygy barada duşuşygy geçirildi we oňa BMG-niň Sekretariatynyň Syýasy departamentiniň ýolbaşçylarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Şeýle çäreler Türkmenistanyň Lideriniň daşary syýasy başlangyçlarynyň uly potensialyna şaýatlyk edýär. Ol bolsa bu babatdaky halkara hyzmatdaşlygynyň hakyky faktlarynyň we netijeleriniň anyk mysallarynda görünýär.

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň halkara bileleşiginde ähmiýetiniň barha güýçlenmegi bilen, onuň beýleki möhüm başlangyçlarynyň hem anyk ýüze çykyp ugraýanlygyny bellemek zerurdyr. Ol başlangyçlar transkontinental transport-aragatnaşyk geçelgelerini, energiýa göterijilerini dünýä bazaryna eltmegiň iň tygşytly ýollaryny döretmäge we beýleki teklipleri amala aşyrmaga gönükdirilendir. Olaryň arasynda hazarýaka gaz geçirijisini gurmak, Gazagystan-Türkmenistan-Eýran demir ýoly, Türkmenbaşy-Astrahan-Aktau geňiz-parom gatnawy ýaly guryýer we suw ýollaryny döretmek bilen bagly taslamalar ýakyn goňşularyň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň uly goldawyna eýe boldy.

“Açyk gapylar” syýasatynyň gyşarnyksyz ýöredilmegi biziň jemgyýetimizde düýpli özgertmeleri geçirmek we ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan okgunly öňe gitmegi üçin oňaýly daşary syýasy şertleri döretmegiň esasy faktorlarynyň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, halkara işewür we maliýe taraplarynyň Türkmenistana uzakmöhletleýin maýa goýmaga bolan gyzyklanmalarynyň barha artýandygyny bellemek gerek. Munuň mysaly hökmünde hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda işlenilip düzülen Hazaryň ýakasynda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagyny döretmek baradaky taslamany, Türkmenistanyň ýol-transport infrastrukturasyny döwrebaplaşdyrmak baradaky maksatnamany, ýurdumyzyň gündogarynda we günbatarynda nebit-gaz ýataklaryny özleşdirmek baradaky uly tutumly teklipleri, şeýle hem senagata, gurluşyga, aragatnaşyga, kommunikasiýa hem-de beýleki pudaklara düýpli maýa goýumlary çekmek baradaky işleri görkezmek bolar.

Türkmenistan hoşniýetli, deňhukukly we özara bähbitli, aýratyn hem parahatçylygy we howpsuzlygy, abadançylygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde hyzmatdaşlyk üçin açyk bolmagynda galýar. Türkmenistan parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň, dürli döwletleriň arasynda birek-birege hormat goýmaklyga we deňhukuklylyga esaslanýan gatnaşyklary ösdürmegiň mizemez ýörelgelerine gyşarnyksyz eýerýär. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hem ynsanperwerlik-gumanitar ölçegleri bilen baha berilýän ýörelgeler bolup durýar.

Türkmenistan gumanitar ugurlarda umumy ykrar edilen halkara hukuk esaslaryna we kadalaryna gyşarnyksyz eýermek bilen, Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda beýanyny tapan demokratik hukuklaryň we azatlyklaryň amala aşmagy üçin gerek bolan syýasy, ykdysady, ýuridiki we beýleki kepillendirmeleri üpjün edýär. Bu maksatlar üçin Türkmenistan uly we abraýly halkara guramalary, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk ugrunda Hyzmatdaşlyk Guramasy we beýleki guramalar bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk saklaýar.

Bu gün Türkmenistanyň mukaddes ýaşyl Tugy dünýäniň öňdebaryjy we abraýly ýurtlarynyň baýdaklarynyň hatarynda belentde parlaýar. Mähriban Watanymyzyň baky bitaraplyk derejesine sebitde durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň, parahatçylyk söýüjilikli başlangyçlary durmuşa geçirmegiň, halkara möçberinde wajyp meseleleri ara alyp maslahatlaşmagyň we olary çözmegiň möhüm serişdesi hökmünde garalýar. Ak mermerli gözel Aşgabadymyz ylalaşdyryjy merkez, dürli ugurlar boýunça ençeme halkara duşuşyklaryň geçirilýän ýeri hökmünde giňden tanalýar. Türkmenistanyň baky bitaraplygy, BMG-niň resminamasynda kesgitlenilişi ýaly, özüniň hakyky manysynda sebitde we dünýäde parahatçylygy saklamak we ony berkitmek maksatlaryna gulluk edýär.

**Begenç GARAÝEW**

Türkmenistanyň çuňňur taryhy köklere esaslanan Bitaraplyk hukuk binýady dünýä taryhynda öçmejek şamçyraga öwrüldi. Bitaraplyk – bu biziň ata-babalarymyzyň durmuş ýörelgelerinde taplanyp, Garaşsyz döwletimiziň kemala gelmeginde möhüm ähmiýete eýe bolan, indi bolsa dünýäniň ykbalynda ahlak-hukuk esaslarynyň aýgytlaýjy güýjüne öwrülen çuňňur pelsepedir. Şonuň üçin pelsepe dilinde aýtsak, Bitaraplyk taglymaty – munuň özi türkmeniň gadymdan gelýän ýaşaýyş-durmuş ensiklopediýasynyň we onuň içinden eriş-argaç bolup geçýän ruhy-ahlak kadalarynyň gazanan ägirt tejribesiniň dünýäniň syýasy ýörelgesine öwrülmegidir.

Türkmen milletiniň ruhy we taryhy nukdaýnazardan ýeten derejesini baky bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň esaslary bilen kesgitlesek, biziň pikirimizçe, bu meselä iň zerur ýerinden çemeleşdigimiz bolar. Gadymy grek filosofy we matematigi Pifagor (b.e. öňki 570 − 490 ý.ý.) «Herki zadyň başlangyjynyň tebigatyny görmek kyn. Eger biz başlangyçda ýalňyşlyk goýbersek, soňra tutuş ylymda, ondaky ähli zatlarda ýalňyşaýmagymyz ähtimal» diýipdir. Edil şonuň ýaly Bitaraplyk hukugyna hem taryhy-ylmy taýdan düşündiriş bermek, şeýdibem, onuň esasy taryhy baglanyşygyny HUKUK we AHLAK mehanizmlerinden gözlemek juda ýerlikli bolsa gerek. Ilki bilen, taryhy **ahlak** mehanizmlerini getirip çykarmaga synanyşalyň!

Ahlak, biziň pikirimizçe, iki etap boýunça mehanizme öwrülýär:

a) döredijilik ýoly bilen;
b) ahlak namalary bilen.

Döredijilik – munuň özi ahlagyň esasy kategoriýasydyr. Onuň häsiýeti çeşme mysalydyr, ol edepden edebiýat meýdanyna girýär. Döredijilik ruhuň gazanan önümidir. Içki dünýä bilen daşky dünýäniň arasyndaky baglanyşyk kysymly hadysadyr. Döredijilik medeniýetiň ösüş şertini kanagatlandyrýar we şeýdibem real durmuşyň akymyna goşulýar.

Ahlak namalary diýýänimiz – bu uzak wagtyň tejribesinden bir galyba giren edepnamalardyr. Bular nakyllarda, atalar sözlerinde we halk döredijiliginiň beýleki görnüşlerinde şöhlelenýär. Bu etapda döredijilik etaby nama häsiýetine geçýär. Ahlak mehanizmi babatda grek akyldarynyň «Halklar! Kanunlardan owal ýagşy gylyk-häsiýetleri edinmäge çalşyň: ýagşy gylyk-häsiýetler kanunlaryň esasydyr» diýen sözlerini ýatlamak artykmaçlyk etmese gerek.

Ruh ahlagyň şineden nama çenli aralygyndaky bitewi otributydyr. Pelsepeleýin çemeleşsek, ahlak – bu ynsan ruhunyň Esasy Kanunydyr diýip kesgitlemek bolar. Türkmeniň ruhundaky yşk we mähir, batyrlyk we garadangaýtmazlyk, adalatlylyk we agzybirlik serişdeleri bolsa millilik hem-de halkylyk täsirini türkmen edebiýatyna siňdiripdir.

Türkmen halkynyň dünýäniň ahlak gymmatlyklarynyň deňinde duran ägirt ruhy döredijiligi bar. Ol hem biziň «Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly»

eposlarymyzda, «Şasenem-Garyp», «Nejeboglan», «Ýusup-Ahmet» ýaly ençeme dessanlarymyzda, «Syýasatnama», «Wagzy-azat», «Rownakyl-yslam» ýaly ylmy-traktatlarymyzda şöhlelenýär. Ýagny bu dürler hazynasynda biziň hemişelik oňyn Bitaraplygymyzyň ruhy-döredijilik tapgyrlary aýdyň görünýär. Oguz hanyň basyp alan ýerlerindäki adamlary öz ruhy dünýäsinden aýyrmazlygy, ýerlerde talaňçylyga ýol bermezligi, Göroglynyň gaçany kowujy bolman, ejizlere hemaýat edişi, hukugy boýunça adaty adamlardan tapawutlanmazlygy, «Gorkut atadaky» adam bilen tebigatyň gatnaşygy, umuman, ol eserlerdäki gahrymanlaryň göwnaçyklyk, myhmansöýerlik, adalatlylyk, mertlik, batyrlyk ýaly häsiýetleri türkmeniň taryhy hukuk aňynyň näderejededigini we olaryň medeniýetdäki ornuny umumylap açyp görkezýär. Ine, gysgaça bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň ahlak metodiki esaslary.

Bitaraplygyň hukuk mehanizmleri – bu ahlak kadalaryna esaslanyp düzülen halkara hukugynyň umumy ykrar edilen hukuknamalarynyň jemidir. Ýöne bu hususy kesgitlemämiz seredýän meselämiziň gerekli tarapyny açyp bererden biraz kemterlik edýär. Sebäbi bitaraplyk hukuk tejribesi, ilkinji nobatda, biziň döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk syýasaty bilen bagly bolup durýar. Türkmenistanyň bitaraplyk babatda toplan tejribesi aýratyn hukuk ulgamyny emele getirýär. Şonuň üçin, biziň pikirimizçe, gelejekde ýurdumyzyň bitaraplyk hukugyny sistematizasiýalaşdyrjak täze bir hukuk mehanizminiň

işlenilmegi döwrüň hukuk meseleleriniň esasylarynyň biri bolmalydyr. Häzir bolsa gysgaça şu işiň başlangyjy hökmünde hemişelik bitaraplygymyzyň **ESASLARYNY** görkezmek isleýärin:

**1. Türkmenistanyň bitaraplygynyň hukuk mehanizmleriniň esaslary:**

a) Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» baradaky 50/80 A belgili Rezolýusiýasy;

b) 1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda kabul edilen «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanuny;

ç) Türkmenistanyň Konstitusiýasy.

**2. Bitaraplyk taryhda, esasan, şu aşakdakylarda şöhlelenýär hasap edýäris:**

a) parahat söýüjilikde;

b) internasionallykda;

ç) ylalaşdyryjylykda;

d) halkara hukuk şertnamalarynda.

**3. Bitaraplyk alnanda ýüze çykýan esasy metodlar:**

a) bitaraplyk hakynda halkara şertnamasyny

baglaşmak;

b) bitaraplyk hakynda kanun.

**4. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy onuň:**

a) içeri,

b) daşary

**syýasatynyň esasy bolup durýar.**

**5. «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň Girişinde bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň:**

a) syýasy,

b) ykdysady,

ç) ynsanperwerlik

**esaslary kesgitlenýär.**

**6. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy konstitusion gurluşynyň esaslary bolan döwlet gurluşynyň:**

a) sütünini;

b) strategiýasyny;

ç) ýörelgelerini

**özünde jemleýär.**

**7. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk derejesinininiň ykrar edilişiniň esasy aýratynlyklary:**

a) Ilkinji gezek Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edildi;

b) 1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda Bitarap Türkmenistanyň adamyň hukuklary babatdaky halkara borçnamalary hakyndaky Jarnamany yglan etdi.

**8. Halkara hukugynda bar bolan kesgitlemelere (definisiýalara) laýyklylykda, Türkmenistanyň bitaraplygy:**

a) gelip çykyşy boýunça – ykrar edilen;

b) görnüşi boýunça – hemişelik;

ç) mazmuny boýunça – oňyn we konstruktiw

**bolup durýar.**

**9. Hemişelik bitaraplyk syýasatynyň çäginde:**

a) 1999-njy ýylyň 11-14-nji martynda BMG-niň howandarlygy bilen owganara ýagdaýy düzgünleşdirmek baradaky Aşgabatda geçirilen gepleşikleriň netijesinde owgan taraplary «Talyplar» bilen «Demirgazyklylar»

esasy meseleler boýunça ilkinji gezek ylalaşdylar;

b) 1999-njy ýylyň dekabrynda ölüm jezasy ýatyryldy;

ç) täjik we owgan meseleleri yzygiderli çözülip gelinýär;

d) 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa sebiti boýunça Öňüni alyş diplomatiýa merkezi döredildi;

e) Konstitusiýanyň täze redaksiýasy kabul edildi;

ä) Türkmenistan BMG-niň iň ähtibarly döwletine öwrüldi...

Ine, gysgaça Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň esaslary şulardan ybarat. Dogrusy, biz muny öz bildigimizden kesgitleýäris. Aslynda welin, onuň möhüm jemgyýetçilik-syýasy nukdaýnazaryndan inçe taraplaryny näçe artdyrsaň, artdyryp oturmaly. Ýöne biz, sözümizi gysgaldyp, bitaraplygyň esaslarynyň strategiýalaryny we ýörelgelerini özünde jemleýän **DÜZÜMLER** barada kelamagyz aýtmagy wajyp bildik.

**10. Türkmen döwletiniň Bitaraplyk filosofiýasynyň meýdanynda ýerleşýän ruhy teoretikanyň tejribesi bilen 1995-nji ýyldan soň iki sany uly şygar döredi:**

a) XXI asyr – türkmeniň altyn asyrydyr!

b) Döwlet adam üçindir!

**1. Ilkinji ädimler:**

a) 1992-nji ýylyň 5-nji fewralynda Türkmenistan Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk baradaky Geňeşe kabul edildi. Bu örän uly halkara guramasy Türkmenisatnyň alyp barýan syýasatyny Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk baradaky Geňeşiň parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek boýunça jar eden maksatlaryna doly laýyk gelýän syýasat hökmünde ykrar etdi;

b) 1992-nji ýylyň 10-njy iýulynda Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk baradaky Maslahata gatnaşyjy ýurtlaryň döwlet hem-de hökümet ýolbaşçylarynyň Helsinkide geçirilen maslahatynda ilkinji gezek halkara derejesinde ýurdumyzyň oňyn bitaraplyk hem-de «açyk gapylar» syýasatyny ýöretmek ugry jar edildi.

ç) Türkmenistan 1994-nji ýylyň 10-njy maýynda NATO-nyň «Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» diýen meşhur maksatnamasyna goşuldy.

d) 1995-nji ýylyň 14-15-nji martynda Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň agzalary bolan döwletleriň baştutanlarynyň Yslamabatda bolan üçünji duşuşygynda Prezident S.Nyýazow Türkmenistanyň çäklerinde Aziýanyň parahatçylyk we durnuklylyk zolagyny döretmek baradaky başlangyç bilen çykyş etdi. Bu çykyş EKO-nyň agzalary bolan döwletleriň baştutanlary tarapyndan gyzgyn goldanyldy.

e) 1995-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda Kolumbiýanyň

Kartahen şäherinde Goşulmasyzlyk hereketine gatnaşyjy ýurtlaryň döwletleriň we hökümetleriniň baştutanlarynyň nobatdaky II duşuşygy boldy, onda Türkmenisatan bu halkara guramanyň doly hukukly agzasynyň derejesini aldy.

ä) 1995-nji ýylyň 22-24-nji oktýabrynda BMG-nyň 50 ýyllyk ýubileý sessiýasynda Türkmen döwletiniň baştutany tarapyndan Türkmenistanyň hemişelik oňyn bitaraplygyny iş ýüzünde amala aşyrmaga esaslandyrylan daşary syýasat maksatnamasy bilen dünýä bileleşigi tanyşdyryldy. Bu çykyş giň goldawa eýe boldy.

**Netijede, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» baradaky 50/80 A belgili Kararnamasy kabul edildi.**

**2. Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistan daşary syýasatynyň Baş ýörelgesinde şu jähtleri kesgitleýär:**

*a) syýasy jähtler; munuň mehanizmleri «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň 3,4,5,6-*njy *maddalarydyr. Bu mehanizmleriň manysy, esasan, şulardan ybaratdyr:*

– parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty durmuşa geçirmek, başga döwletler bilen gatnaşyklary deň hukuklylyk, özara hormat goýmak we başga döwletleriň içeri işlerine gatyşmazlyk ýörelgelerinden ugur almak

esasynda guramak;

– harby bileleşiklere we birleşmelere, çäklendiriji borçnamaly ýa-da gatnaşyjylaryň köpçülikleýin howsuzlygyny göz öňünde tutýan döwletara birleşiklerine gatnaşmazlyk, beýleki döwletleriň bähbitlerini çäklendirmezlik, zeper ýetirmezlik we olaryň howpsyzlygyna wehim salmazlyk;

– uruşlary we harby dawalary başlamazlyga, öz-özüňi goramak hukugyny durmuşa geçirmekden beýleki halatlarda olara gatnaşmazlyga, urşa ýa-da harby dawa getirip biljek syýasy, diplomatik ýa-da bolmasa beýleki hereketleri etmezlige borçlanmak;

– ýadro, himiki we bakteriologik ýaragy we köpçülikleýin gyryş ýaragynyň beýleki görnüşlerini edinmezlik, öndürmezlik we ýaýratmazlyk, öz ýerlerinde daşary ýurt döwletleriniň harby menzilerini ýerleşdirmezlik.

**Hemişelik bitaraplygyň syýasy jähtleriniň esasyny harby-syýasy ugur boýunça kesgitlemek bolar. Bu babatda Türkmenistanyň ratifikasiýa eden käbir resminamalaryny agzamak isleýäris:**

• Ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk hakyndaky 1968-nji ýyldaky Şertnama;

• BMG-niň Bakteriologik (biologik) we toksik ýaragy işläp taýýarlamagy, öndürmegi we gorlaryny toplamagy gadagan etmek hem-de olary ýok etmek

hakyndaky 1972-nji ýyldaky Konwensiýa;

• Himiki ýaragy işläp taýýarlamagy, öndürmegi, toplamagy we ulanmagy gadagan etmek hem-de ony ýok etmek hakyndaky 1993-nji ýyldaky Konwensiýa;

• Pyýada goşunlara garşy ulanylýan minalary ulanmagy, gorlaryny toplamagy, olary öndürmegi we bermegi gadagan etmek hem-de ýok etmek hakyndaky 1997-nji ýyldaky Konwensiýa;

• 1998-nji ýylyň 6-njy fewralynda parahatçylyk we bitaraplyk syýasatyny geçirmäge tarap Türkmenistanyň Prezidentiniň jar eden ugruna laýyklykda, ýurduň Mejlisi «Ýadro synaglaryny hemme ýerde gadagan etmek hakyndaky Şertnamany tassyklamak hakynda» Karar kabul etdi.

*b) ykdysady jähtler; «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň 7 we 8-nji maddalary ykdysady jähtleriň mehanizmini emele getirýär.*

Şu Kanunyň 8-nji maddasyna laýyklykda, «Türkmenistan özüniň maliýe-ykdysady giňişliginiň açyklygyny üpjün edýär, döwletleriň we halkara ykdysady hem-de maliýe guramalarynyň ählisi bilen hyzmatdaşlyk edýär, ykdysady meseleleri çözmekde dünýä bileleşiginiň tagallalaryna ýardam edýär». Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 10-njy maddasynda berkidilişine görä, ýurdumyzyň ykdysadyýeti bazar gatnaşyklary ýörelgelerine esaslanýar. Şeýle-de Esasy Kanunymyzyň 9-

njy maddasynda eýeçilik eldegrilmesizliginiň hem-de döwletiň eýeçiligiň ähli görnüşleriniň deň derejedäki goragyny kepillendirýändiginiň we olaryň ösmegi üçin deň şertleri döredýändiginiň hukuk mehanizmi döredilýär. Ine, şularyň esasynda-da Bitaraplygyň ykdysady jähtleri kemala gelýär.

Biziň döwletimiziň ägirt uly serişde gorunyň bardygyny, olar babatda ýurdumyzyň birnäçe halkara taslamalary yzygiderli durmuşa geçirýändigini, daşary ýurt döwletleriniň hususy kompaniýalarynyň, banklarynyň, halkara maliýe edaralarynyň maýa goýumlaryny çekmekde gazanan tejribesini nazara alsaň, onda, hakykatdan hem, Türkmenistanyň dünýä ykdysadyýetinde uly ornunyň bardygyny aýdyň görýärsiň.

Biziň Watanymyz uglewodorod çig mal serişdeleriniň dünýä möçberinde ägirt uly gorlaryna eýe bolup, özüniň tebigy baýlyklar babatdaky uly potensialyny häzirki wagtda tutuş adamzadyň bähbitleri üçin netijeli peýdalanmak bilen bagly global meseleleriň çözülmegine diýseň jogapkärli we konstruktiw çemeleşýär hem-de bu işde milli Liderimiziň öňdebaryjy syýasy ýörelgeleri iňňän uludyr we wajypdyr. Şu ýerde türkmen diplomatiýasynyň uly ýeňişleriniň esasylarynyň biri bolan hormatly Prezidentimiziň başlangyjy esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 63-nji sessiýasynda «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» baradaky

Rezoýusiýanyň kabul edilendigini ýatlaman geçmek bolmaz. Rezolýusiýanyň esasy maksatlarynyň biri halkara energetika infrastrukturasyny döretmekden we onuň hukuk esaslarynyň üstünde işläp, dünýäniň howpsuzlygyny we durnukly parahatçylygyny ymykly gazanmakdan ybaratdyr.

Türkmenistanyň bitarap döwlet hökmünde daşary syýasatynyň Maksatnamasynda göz öňünde tutulyşy ýaly, özüniň özygtyýarlylygyny ykdysadyýet babatda durmuşa geçirmekde çözgütleri kabul etmekde erkin bolmagynda galmak bilen, Türkmenistan halkara ykdysady we maliýe gurluşlary bilen hyzmatdaşlyk edýär. Türkmenistan ykdysady meseleleri düzgünleşdirmekde dünýä bileleşiginiň, esasy halkara guramalarynyň tagallalaryna ýardam berýär. 1997-nji ýylyň 12-nji iýulynda bolsa Türkmenistan Halkara Maliýe Korporasiýasynyň agzalygyna kabul edildi. YHG-sy (EKO) bilen Türkmenistanyň arasyndaky yzygiderli we möhüm meseleler babatdaky ykdysady gatnaşyklaryny bolsa gündelik durmuşymyzdan hem görüp ýörüs.

*ç) ynsanperwerlik jähtler; munuň mehanizmleri – «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň 9-njy maddasy hem-de 1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda kabul edilen «Bitarap Türkmenistanyň adamyň hukuklary babatdaky halkara borçnamalary hakyndaky Jarnama»; Türkmenistanyň Konstitusiýasy.*

Umuman, ynsanperwerligiň düýp mazmuny adam hukuklaryny we azatlyklaryny kanun esasynda goramak

we olara bar bolan ähli ýeňillikleri döretmekden ybarat bolup durýar. Adam hukuklarynyň ilkinji goragy, bilşimiz ýaly, 1948-nji ýylda BMG-nyň Baş Assambleýasynyň kabul eden «Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasynda» şöhlelenýär. Türkmenistan bu Jarnamany tutuşlygyna kabul etdi we onda jemlenen ýokary ahlak derejeli hukuk kadalarynyň kämilleşmeginde biziň döwletimiz ähli tagallalary dünýä döwletleri bilen des-deň paýlaşýar. Hukuk nukdaýnazaryndan çemeleşenimizde, adam hukuklary barada şeýle teoriýa bar: **ADAM HUKUKLARY TEBIGY HUKUKLARDYR, OLARY HIÇ KIM ADAMYŇ ELINDEN ALYP BILMEZ!**

Adam hukuklarynyň Jarnamasynyň 1-nji maddasynda: «Ähli adamlar mertebe we hukuklar babatda deň bolup dogulýar. Olara aň we wyždan berlen we olar babatda doganlyk ruhunda hereket etmeli» diýlip berkidilýär. Diýmek, biziň bitaraplyk taglymatymyzyň ynsanperwerlik jähtleri teoretika taýdan juda giň düşünjedir. Şygarymyz bolsa − **DÖWLET ADAM ÜÇINDIR!**

### 3. Ykrar edilmek.

Bu adalga dünýäniň şu günki durkunda iňňän köp ulanylýan adalgalaryň biridir. Sebäbi «ykrar edilmegiň» aňyrsynda «ykrar etdirmek» pelsepe daýanjy ýatyr. Adam dünýä inende, ilkinji nobatda, özüni ykrar etdirmekden başlaýar. Sebäbi ykrar edilmek – bu hakyky dogluşdyr! Filosofiýada özüňi ykrar etdirmek diýip ýörite kategoriýa bar. Munuň özi özüňi, ýagny öz «menligiňi» hemmeler

tarapyndan ykrar etdirmekden ybarat. Her bir zadyň aslyýyetinde ykrar edilmek filosofiýasy ýaşaýar. Şonuň ýaly-da Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy ykrar etdirmek etaplarynyň hemmesini geçip, iň soňunda dünýäniň iň uly halkara guramasy bolan BMG-niň Baş Assambleýasynda 185 döwletiň − şuny aýratyn nygtamak isleýärin − biragyzdan ses bermegi bilen ykrar edilendir. Şu Gurama bilen ykrar edilmedik islendik resminama içerki kanunçylygyň häsiýetine eýedir. Bitaraplyk ýörelgesi hukuk döwletimiziň halkara syýasatynda çuňňur hem yzygiderli döredijilik ýörelgesini kesgitleýär.

**4. TÜRKMENIŇ BAKY BITARAPLYGY halkymyzyň ruhy dünýäsinde, esasan, şu häsiýetlere eýe boldy:**

− hukuk ýagdaý;

− taglymat;

− nyşan.

Ine, türkmeniň bitaraplyk filosofiýasynyň 10 sany esaslaryny we 4 sany esaslarynyň düzümlerini gysgaça kesgitlemek bilen, biz türkmeniň milli baýramy bolan Bitaraplygyň 14 ýyllygy mynasybetli, jemi 14 sany aýratynlygy şöhlelendirmek isledik. Hakykatdanam, bitaraplyk ýokarky sanan üç häsiýetiň her biri hökmünde aýratyn öwrenilmäge degişlidir. Mähriban Prezidentimiziň ylym-bilime giň ýol açan beýik Galkynyş zamanasynda türkmen bitaraplygynyň gazanan tejribesini ylym hökmünde öwrenip, dünýä ýaýmak we döwletimiziň

hukuk esaslaryny durnukly kämilleşdirip, olara öz mynasyp goşandyňy goşmak ýaş nesliň öňündäki iň wajyp borçlaryň biridir. Milli Liderimiziň syýasy filosofik pikirlerine içgin aralaşyp, olaryň many-mazmunyna doly düşünmek we giňişleýin akyl ýetirmek, şeýle-de öz okuwymyzda, işimizde olara salgylanyp ýaşamak biziň öňümizde goýan iň beýik maksadymyzdyr!

## Baky bitaraplyk – baky abadançylyk

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Beýik Galkynyşlar zamanasynda Türkmenistan döwletimiz daşary syýasatda örän uly üstünlikler gazanýar. Bu üstünlikler ýurdumyzyň dürli ugurlarda – ykdysady, syýasy, medeni ugurlarda giň gerime eýe bolýan hyzmatdaşlyklarynda aýdyň şöhlelenýär. Ýurdumyzyň bitaraplyk derejesinden gelip çykýan hukuklary we borçlary halkara gatnaşyklarynda öz beýanyny tapýar.

Mundan on üç ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň ýörite rezolýusiýasy bilen Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi ykrar edildi. Şondan bäri hem her ýyl ýurdumyzda döwlet derejesinde Bitaraplyk baýramy bellenilip geçilýär. Bitaraplyk derejesiniň aýratyn bir baýramçylyk hökmünde, dabaraly bellenmegi ýöne ýere däldir. Çünki, bu derejäniň ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, medeni galkynyşynda, halkara gatnaşyklarynda tutýan orny örän uludyr.

Halkara gatnaşyklarynyň taryhynda bitaraplyk

syýasaty öz gözbaşyny gaty ir döwürlerden alyp gaýdýar. Ýewropa taryhçylary biziň eýýamymyzdan öňki 340-njy ýylda Gresiýanyň şäherleriniň Makedoniýa garşy bitaraplyk saklandyklary barada belleýärler. Şeýle hem biziň eýýamymyzdan öňki I asyrda Rim imperiýasynyň we Parfiýa patyşalygynyň arasyndaky şertnama bilen berkidilen bitaraplyk ylalaşygy taryhda mälimdir. Ol ylalaşykda Parfiýa patyşalygynyň bitaraplygy kesgitlenipdir. Parfiýa patyşalygynyň paýtagty Nusaý şäheri Türkmenistanyň çäginde ýerleşýär. Munuň özi bitaraplyk syýasatynyň taryhda türkmen topragynda has irki döwürlerde hem öňe sürlendigini görkezýär.

Häzirkizaman dünýäsinde bitarap döwletiň hukuklary we borçlary hukuk taýdan has anyk kesgitlenendir. Bu syýasat döwletara gatnaşyklarynda iň ynsanperwer, iň parahatçylyksöýüji, hoşniýetli gatnaşyklara daýanýan syýasat hasaplanýar.

Dünýäde häzirki wagtda bitaraplygyny yglan eden, bitaraplygy başga döwletler tarapyndan ykrar edilen ýa-da dürli görnüşlerde bitaraplyk syýasatyny alyp barýan birnäçe döwlet bar. Şolaryň arasynda Türkmenistanyň bitaraplygy birnäçe aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Türkmenistanyň bitaraplygynyň iň esasy aýratynlygy onuň dünýä bileleşiginiň iň uly guramasy – BMG tarapyndan ykrar edilenligidir. Munuň özi şol bir wagtda BMG-nyň agzasy bolan her bir döwletiň Türkmenistanyň Bitaraplyk drejesini ykrar edýänligini aňladýar.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş assambleýasy 50/80 belgili rezolýusiýany kabul etdi. Bu rezolýusiýada «Birleşen

Milletler Guramasy Türkmenistan tarapyndan yglan edilen hemişelik bitaraplyk derejesini ykrar edýär we goldaýar» diýip bellenilýär. Döwletiň bitaraplyk derejesini ykrar etmek baradaky şeýle resminama Birleşen Milletler Guramasynyň taryhynda ilkinji resminamadyr. Bu rezolýusiýada Birleşen Milletler Guramasy bütin dünýä jemgyýetçiligini Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesine hormat goýmaga we ony goldamaga çagyrýar. Baş Assambleýanyň şol sessiýasynda Türkmenistanyň Bitaraplygy baradaky rezolýusiýany kabul etmek barada dünýä jemgyýetçiliginiň 185 sany döwleti bir agyzdan ses berdi.

Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi döwletiň içerki kanunçylygy bilen hem doly berkidilendir. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy barada konstitusiýamyzyň giriş maddasynda, «Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslary» bölüminiň 1-nji we 6-njy maddalarynda bellenilýär. Esasy kanunda Türkmenistanyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilen hemişelik bitaraplygynyň döwletiň içeri we daşary syýasatynyň esasy bolup durýandygy aýdylýar.

Halkara gatnaşyklarynyň taryhynda bitaraplyk derejesiniň görnüşleri we hukuk ýagdaýy soňky asyrlarda has hem kämilleşdirildi. 19-njy asyrda hemişelik bitaraplyk düşünjesi, 20-nji asyrda bolsa oňyn bitaraplyk düşünjeleri ýüze çykdy. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy BMG tarapyndan ykrar edilendir, şol bir wagtda Türkmenistan daşary syýasatda oňyn bitaraplyk ýörelgesini hem öňe sürýär. Hemişelik bitaraplyk harby we parahatçylyk döwrüdigine garamazdan, döwletiň ähli

döwürde bitaraplygy saklamaklygyny, harby bileleşiklere goşulmazlygyny, bitaraplyk derejesinden gelip çykýan borçlary yzygiderli ýerine ýetirmekligini aňladýar, hemişelik bitaraplyk möhlet taýdan çäklendirilmedikdir.

Türkmenistanyň oňyn bitaraplyk ýörelgesi döwletiň parahatçylygy we durnuklylygy saklamakda, dostlukly gatnaşyklary, döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlyklary ösdürmekde işjeň pozisiýasyny aňladýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Türkmenistan döwletimiz dünýä döwletleri, halkara guramalary bilen gatnaşyklarda özüniň bitaraplyk derejesinden gelip çykýan hukuklaryna we borçlaryna doly eýerýär, ýurdumyzyň oňyn bitaraplyk ýörelgesi diňe bir Türkmenistan üçin däl, eýsem sebitiň we dünýäniň ähli döwletleri üçin özara bähbitli, dotlukly gatnaşyklaryň ösdürilmegine ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiz üstümizdäki ýylda Buhareste saparynda Demirgazyk Atlantika Şertnamasy Guramasynyň (NATO-nyň) nobatdaky sammitinde eden çykyşynda Türkmenistanyň Bitaraplygy barada taryhy sözleri aýtdy. Şonda Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň parathatsöýüjilik syýasatyny, onuň Bitaraplyk derejesiniň çäklerinde dünýäde parahatçylygyň, abadanlygyň berkakarlygy ugrunda amala aşyrýan ähmiýetli işlerini, şeýle hem, ýurdumyzyň daşary syýasatynyň iň wajyp oňyn ýörelgelerini Sammite gatnaşyjylara ýetirdi. Bilşimiz ýaly, NATO-nyň Sammitine diňe bir onuň agzalary bolan döwletler däl, eýsem, halkara gatnaşyklarynyň beýleki işjeň

subýektleriniň wekilleri, dünýäniň jemi 60 töweregi ýurdundan döwlet we hökümet baştutanlarynyň derejesindäki wekilçilikli toparlar gatnaşypdylar.

Hormatly Prezidentimiziň ynsanperwerlikli syýasatlary netijesinde Türkmenistan bütin adamzada nusgalyk hoşniýetli daşary syýasaty bilen dünýäniň möhüm parahatlyk we ynsanperwerlik merkezleriniň birine öwrüldi. Ýurdumyz tarapyndan amala aşyrylýan iri ynsanperwerlik çäreleri hem munuň aýdyň subutnamasydyr. Bilşimiz ýaly, Hormatly Prezidentimiziň ynsanperwerligi bilen, goňşy döwletleriň, şol sanda Owganystanyň we Täjigistanyň halkyna kyn şertlerde doganlyk goly uzadyldy. Beýik Galkynyşlar zamanamyzda Türkmenistanyň sebitde alyp barýan işjeň syýasaty goňşy döwletleriň, Birleşen Milletler Guramasynyň ýokary bahasyna, yly ynamyna mynasyp boldy. Aşgabatda abraýly halkara guramasynyň Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň işe girizilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr.

Halkara gatnaşyklaryndaky alyp barýan anyk we netijeli işlerimiziň miwesi hökmünde biziň dünýä döwetleri bilen dost-doganlyk, özara bähbitli gatnaşyklarymyz barha pugtalanýar. Türkmenistanyň halkara guramalaryndaky abraýy, bütin dünýäde parahatçylygy ösdürmekde, global meseleleri çözmekde tutýan orny berkeýär. Bu bolsa öz gezeginde Türkmenistanyň diňe bir syýasy ähmiýetini berkitmän, eýsem, onuň ykdysady ösüşiniň hem möhüm faktorlarynyň biridir.

## Umytlara dowam bar...

Milletleriň taryhyny kim ýazýar?! Onuň derdi-aladasyny gerdeninde göterip, mertebesini goraýan kimler?! Bu taryhy sowala paýhas ägirtleriniň kimsi „Halk ykbaly sanlyja kişileriň egninde durandyr. Beýik ynsanlar gökden inen ýyldyrym kimin adamlaryň aňyny ýagtyldyp, geljege ruhlandyrýarlar“ diýse, kimler „Halk öz ykbalyny, taryhyny özi döredýär“ diýen pikiri öňe sürüpdir. Durmuşyň ýüzýyllyklarda toplanan tejribesi bolsa, bu iki pikiri sazlaşdyryp, şu hakykaty orta çykarypdyr: „Elbetde, milletleriň ykbalyny oýaryp, ýüki gerdenine alýan hemişe-de beýik ruhly kämil kişilerdir. Ýöne beýle kişi gökden inmez, ýerden çykmaz. Olary halk döredýändir. Asmanyň gursagy doly bolmasa, ýagty ýyldyrym çakmaz. Halky yzyna düşüribilýän kämil kişiler mydama kämil halkdan çykandyr“.

Hakykat hakykaty açýar. Bu hakykatyň üsti bilen bir hakykata göz ýetirýärsiň: islendik halkyň öňe çykaran Liderinde şol halkyň toplan tejribesi, ruhy keşbi, ýeten derejesi şöhlelenýär.

Bu hakykatdan-da şeýle. Biz muny hormatly Prezidentimiziň alyp barýan işleriniň mysalynda aýdýarys. Bu hakykata göz ýetirmek üçin mertebesi belent ýurt Baştutanymyzyň dünýä ýurtlary bilen ýola goýan gatnaşyklaryna, alnyp barylýan hoşniýetli hyzmatdaşlyklara ser salmak ýeterlik. Dost-doganlyga esaslanýan bu gatnaşyklar döwletimiziň halkymyzyň müňýyllyklarda toplan tejribesine esaslanýan hemişelik Bitaraplygynyň dabaralanmasydyr.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabry. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasy. Onda şeýle sözler bar:“... Baş Assambleýa Türkmenistanyň yglan eden hemişelik bitaraplyk statusyny ykrar edýär we goldaýar. Türkmenistanyň bu statusyna hormat goýmaga hem-de ony goldamaga, şeýle hem onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we territorial bitewiligine hormat goýmaga Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy bolan döwletleri çagyrýar.“.

2007-nji ýylyň 26-njy sentýabry. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasy. Hormatly Prezidentimiziň taryhy çykyşy. Hormatly Prezidentimiz şeýle nygtapdy:“Biz bu ýol bilen aýgytly gitmegi dowam etdirmekçidiris hem-de Milletler Bileleşiginiň ileri tutuýan tutumly wezipelerini durmuşa geçirmäge ýardam edýän halkara hyzmatdaşlygy üçin hemişe açyk bolarys“.

Şu iki taryhy sözüň arasynda bolsa Bitaraplygyň halkyň kalbynda mizemez ynam döreden, döwletimiziň dünýäde ykrar edilmegine getiren şaýoly şaglap ýatyr.

Ol ýolda umytlara dowam beren beýik Galkynyş bar. Bu gün merdana halkymyz şol ak ýolda baky Bitaraplygynyň 13 ýyllygynyň toýuny toýlaýar.

Bu toý – türkmeniň parahatsöýüjiliginiň, ynsanperwliginiň toýudyr, goňşokaradan başlanýan agzybirlik ýörelgesiniň dünýä derejesinde dabaralanmasynyň toýudyr, erkinligiň toýudyr.

Bu ýyl Bitaraplyk baýramynyň Gurban baýramy bilen sazlaşyp gelmeginiň uly simwoliki manysynyň bardygyny hormatly Prezidentimiz ýakynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde aýratyn nygtady. Hut

şoňa görä-de bu baýramlaryň öňüsyrasynda ýurt Baştutanymyzyň etmişine toba eden bendileriň ýüzlerçesiniň günäsini geçmek hakyndaky Permana gol çekendigi aýratyn nygtalmaga mynasyp. Bu Gurban baýramynyň bir-biregi ýakynlaşdyryjy ähmiýetiniň, Bitarap döwletimiziň hoşniýetli, ynsanperwer ýörelgesiniň özboluşly şöhlelenmesi boldy. Bu sahawatly çözgüdiň ençeme ojaklaryň odunyň gaýtadan alawlamasydygyny, çagajyklaryň egniniň ýazylmasydygyny bellemek gerek.

Bir tymsal ýadyma düşýär. Öňem ülkeleriň birinde bir kişi zyndana düşýär. Munuň yzasy onuň körpeje ogluna has agyr düşýär. Onsoň, ejesi günleriň birinde ony kakasynyň ýanyna äkidýär. Oglanjyk kakasyna görkezmek üçin basymrak erkinlige çykmagyny arzuwlap, yhlas bilen bagyň we guşlaryň suratyny çekýär. Her ýerde bir düzgün. Zyndana düşeni-hä düşeni, ol ýerde bendilere erkinligi ýatladýan nämedir bir zady görkezmek hem gadaganmyş. Oglanjygyň suraty zyndanyň agzyndaky sakçydan aňry geçip bilmändir. Oglanjyk umytdan düşmeýär. Indiki gezek gelýänçä, ýene-de bir surat çekýär. Ullakan bag. Käbir ýerlerinde-de nokatlar barmyş. Ol muny kakasyna görkezip bilenine gaty begenipdir. Kakasy gyzyklanan:“Bagyňa-ha söz ýok. Bu garaja nokatlar nämäni aňladýar?“. Çagajyk uly syry açylyp barýan ýaly, daş-töweregine garanjaklapdyr. Soňam barmajygyny agzyna ýetirip, kakasyna pyşyrdapdyr: „Çüşş, bu nokatlar bagdaky guşjagazlaryň gözleri.“.

Çaganyň päkize dünýäsi, elýetmez arzuwlary, asmanda ganat kakýan göwni bar. Çagalygyň şu aýratynlygyny hatyrjem gorap saklaýan döwletiň şu güni

mizemez, geljegi abadandyr. Biziň hemişelik Bitaraplygymyz özi ýurduň ýaş nesilleriniň gülki sesleriniň ýaňlanyp, olaryň erkin kemala gelmeginiň goragynda dur.

Baýramçylyklary türkmen maşgalalarynyň ençemesiniň ähli şertleri ýokary derejede üpjün edilen döwrebap ýaşaýyş jaýlarynda garşylandygyny aýtmak aýratyn ýakymly. Baýramçylyk mynasybetli şeýle ýaşaýyş jaýlarynyň birbada birnäçesi açyldy. Türkmeniň ýurt düşünjesi öý-ojak düşünjesine esaslanýar. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwleti – bitewi bir öý. Her bir öý – özbaşyna döwlet. Şu sazlaşyk hem ýurt abadançylygyny, mizemezligini kemala getirýär.

Aslynda, beýik Galkynyş zamanasynda amala aşyrylýan işleriň her biriniň halkyň ak geljegini nazarlamak bilen, onuň gündelik durmuşyna gönüden-göni dahyllydygy ynamy artdyrýar.

Şu ýerde bir zady belläp geçesimiz gelýär: türkmen hiç haçan hem çagasyna „eýt-beýt“ diýip gury öwüt berip ýörmeýär. Onuň öz göreldesi, edýän hereketi çaga üçin uly terbiýe mekdebi. Eline pil alyp, uly meýdanyň gyrasyndan girip, gydyrdanyp ýörendir. Oňa kömekleşip, bu görnüşlerden gözi ganyp ulalan perzent zähmetsöýer bolman bilmeýär. Häzirki beýik Galkynyş zamanasynda türkmeniň bu terbiýe ýolunyň döwlet derejesine göterilişiniň şaýady bolýarys. Hormatly Prezidentimiziň her bir işi ýaşlar üçin nusgalyk mekdep. Ýurtda şeýle özgerişleriň uly depginde alnyp barylmagy ýaşlaryň kalbynda hem hyjuw döredýär. Olar gol gowşuryp oturman, bu işlere başardygyndan goşant goşmak isleýär.

Çünki beýik Galkynyş ýaşlar üçin zerur mümkinçilikleriň hem ählisini döredýär. Ýaşlaryň ylym-bilim kämilliginiň ugrunda dünýä ýol salmagynyň özi hormatly Prezidentimiziň dünýä döwletleri bilen alyp barýan işjeň hyzmatdaşlygynyň

netijesi dälmi?! Mertebesi belent ýurt Baştutanymyzyň göreldesine durky bilen eýerýän ýaşlar ýurdumyzyň abraý-mertebesini hemişe baýdak deý belentde saklarlar, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň hoşniýetli ýoluny ak ertirlerde dowam ederler.


1. **„Türkmen Bitaraplygynyň hukuk we ahlak nazaryýeti" ylmy-publisistik makala. Şöhrat AGALYÝEW, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Hukuk we halkara gatnaşyklary fakultetiniň talyby.**

2. ***„Baky bitaraplyk – baky abadançylyk" 2008-nji ýyl.“Nesil“ gazeti. Jeýhun Hojanyýazow, «Nesil» gazetiniň ykdysady synçysy.***
3. ***„Umytlara dowam bar“ Kakamyrat Rejebow, „Nesil“ gazetiniň baş redaktory.***

## Döwlet baýdagy başymyzyň täjidir

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda günsaýyn ösýan ýurdumyz we abadan durmuşada erkana ýaşaýan halkymyz ýaşyl tugymyzyň baýramçylygyna taýýarlyk görýär. Türkmeniň ýaşyl Tugy Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň, eziz Türkmen halkymyzyň başdan geçirýän täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynyň nyşany bolup belentde parlaýar. Jemgyýetiň önümi we onuň esasy instituty (elementi) bolan döwletiň esasy alamatlary bilen bir hatarda onuň özüne mahsus nyşanlary hem bolýar. Belli bolşy ỳaly, döwlet nyşanlary Baş kanunda ỳa-da ỳörite kanunlar bilen kabul edilip, döwletiň milli özygtyỳarlylygyny, özbolușlylygyny alamatlandyrỳan, kähalatda bolsa aňyýet (ideologiki) manysy bolan döwleti tapawutlandyrýan alamatlardyr. Türkmenistanda Döwletiň esasy nyşanlary hökmünde döwlet baỳdagy, döwlet gerbi we döwlet senasy çykyş edỳärler. Her bir döwletde bolşy ýaly, Türkmenistanyň döwlet nyşanlary hem türkmen halkynyň taryhy gelip çykyşyny, milliligini, medeniýetini, ykdysady we syýasy aýratynlyklaryny alamatlandyrýar. Mälim bolşy ýaly türkmeniň döwlet nyşanlarynyň gadymy taryhy bardyr. Gadymýetde türkmen halkynyň nyşanlarynyň bolandygyna türkmen halk eserleri hem şaýatlyk edýär. Bu eserlerde türkmen halkynyň nyşanalarynyň esasylarynyň biri hökmünde köplenç ýaşyl baýdagyň tapawutlandyryandygy we onuň türkmen halkyna mahsus bolan mertlik, erkanalyk, parahatçylyksöýüjilik, hoşniýetlilik, namysjaňlyk, paýhaslylyk we beýleki

häsiýetlerini alamatlandyrandygy barada bellenilýär. Milletimiziň döreýşiniň we ýaşaýşynyň hemme döwründe onuň esasy tapawutlandyryjy alamatlarynyň biri hökmünde nyşanlarynyň öňe çykandygy bellidir. Muňa türkmen halkynyň köp asyrlyk taryhynyň dowamynda guran 70-den gowrak döwletleriniň esasy nyşany hökmünde olaryň ýaşyl baýdaklarynyň bolandygy barada taryhçylaryň galdyran ýazgylary (senenamalary) ýene-de bir gezek güwä geçýär. Taryhçylar we geraldikaçylar (gerbleri öwrenýän ylmyň wekilleri) türkmen halkynyň taryhyň dowamynda guran döwletleriniň nyşany bolan ýaşyl reňkli baýdaklarynda türkmen halkynyň gyzgyn mähirli ýüreklerini, myhmansöýujilikli, hoşniýetli we parasatly kalbyny aňladýan açyk (ýagty) ýarym aýyň we ýyldyzlaryň bolandygy, gerblerinde (tugralarynda) olaryň (türkmen halkynyň) mertligini, batyrlygyny we erkinligini aňladýan bürgüdiň bolandygy barada ýazýarlar.

Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistanyň Döwlet baýdagy onuň beýleki döwlet nyşanlary bilen bir hatarda ýurdumyzyň özygtyýarlygyny, garaşsyzlygyny gazanmagy bilen dünýä indi. Döwlet baýdagynyň resmi taýdan kabul edilmeginden öňürti, baýdakda halkymyzyň taryhyny we milliligini has-da tapawutly alamatlandyrmak maksady bilen ählihalk (umumyhalk) bäsleşiginiň geçirilendigini bellemek zerurdyr. Bu bäsleşige köpsanly suratkeşler, bezegçiler we döredijilik kollektiwleri gatnaşdylar. Bäsleşigiň netijesinde hödürlenen nusgalardan anyk birini saýlamakda ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ýaşaýan ildeşlerimizden gelip gowşan

tekliplериň nazarda tutulmagy, türkmen halkynyň ata-babalarymyzdan gelýän demokratik we aýdyňlyk ýörelgelerine gyşarnyksyz eýerýändigini ýene-de bir gezek subut etdi. Türkmenistanyň Döwlet nyşanlary Esasy Kanunymyzda hukuk taýdan berkidildi. Esasy Kanunymyzyň 15-nji maddasynda «Türkmenistanyň özygtyýarly döwlet hökmündäki nyşanlary – Döwlet baýdagy, Döwlet tugrasy, Döwlet senasy bardyr. Baýdak, Tugra, Sena kanun esasynda kabul edilýär we goralýar.» diýlip bellenilýär. Döwlet baỳdagy, döwlet häkimiỳetiniň resmi nyşany bolup, ol döwletiň özygtyỳarlylygyny alamatlandyrỳar. 19.02.1992 ỳylda kabul edilen „Türkmenistanyň Döwlet Baỳdagy hakynda“ Türkmenistanyň kanunynyň 1-2-nji maddalaryna laỳyklykda, Türkmenistanyň Döwlet baýdagy milletiň agzybirliginiň hem garaşsyzlygynyň we döwletiň bitaraplygynyň nyşanydyr. Türkmenistanyň Döwlet baýdagy gönüburçluk görnüşindäki mata bölegidir. Baýdagyň uzynlygy onuň ininden bir ýarym esse uludyr. Baýdak ýaşyl reňklidir.Gyzyl-gyrmyzy zolakda ýokardan aşak bäş sany esasy haly gölleri bolan ahalteke, ýomut, salyr, çowdur, ärsary gölleri ýerleşdirilen, olar türkmen halkynyň dostlugynyň we jebisliginiň nyşanlarydyr. Olaryň her biriniň daşyna hem haly nagşy aýlanan, onuň daşky gyrasy zolagyň gyralary bilen utgaşdyrylan. Gyzyl-gyrmyzy zolagyň aşaky böleginde başlanýan ýerinde bir-birini kesip geçýän we ýokaryk dürli taraplara gönükdirilen iki sany zeýtun pudagy şekillendirilendir. Olaryň her biri aşakysyndan we ýokarkysyndan başgasy jübüt ýerleşen, uçlarynda kiçelýän ýapraklaryň onusyndan

ybaratdyr. Baýdagyň uly ýaşyl böleginde çep ýokarky burçda ak reňkli ýarymaý we bäş sany ýyldyz şekillendirilendir.

Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň gerilmeli ýerleri „Türkmenistanyň Döwlet Baỳdagy hakynda“ Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda bellenilýär. Sol kanuna laỳyklykda ỳatlama günlerinde: 12-nji ýanwarda we 6-njy oktýabrda matam tutmak hökmünde Türkmenistanyň Döwlet baýdagy aşak egilýär.

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan hemişelik Bitarap döwlet diýlip yglan edilmegi bilen baglanyşykly, 1997-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda „Türkmenistanyň Döwlet Baýdagy hakyndaky“ Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakyndaky“ №211-1 belgili kanunyň esasynda Döwlet baýdagymyza üýtgetme girizilip, baýdagymyzyň gyzyl-gyrmyzy zolagynyň aşaky böleginde başlanýan ýerinde bir-birini kesip geçýän we ýokaryk dürli taraplara gönükdirilen iki sany zeýtun pudagy şekillendirildi. 2000-nji ýylda Döwlet baýdagymyza täze üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 14-nji fewralyndaky PP-3051 belgili Permany bilen Türkmenistanyň Döwlet baýdagy hakynda täze düzgünnama kabul edildi. 2001-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda „Türkmenistanyň Döwlet Baýdagy hakyndaky“ Kanunyň täze redaksiýasy kabul edildi. Döwlet baýdagymyz bilen baglanyşykly kabul edilen Kanunlaryň hemmesi baýdagymyzy döwlet nyşany hökmünde syýasy we hukuk taýdan berkitdi, halkymyzyň

tapawutlandyryjy alamaty hökmünde öňe çykardy, milletiň ýüzüniň tuwagy hökmünde mukaddesledi, döwlet nyşanlar bilen bagly ýüze çykýan gatnaşyklary has-da kämilleşdirdi, onuň kanun taýdan goraglylygyny üpjün etdi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 15-nji maddasynda berkidilen konstitusion kada Türkmenistanyň beýleki Döwlet nyşanlary bilen bir hatarda Döwlet Baýdagymyzyň kanun esasynda kabul edilỳändigini we goralỳandygyny berkitdi. Türkmenistanyň Jenaýat kanunynda Döwlet nyşanlarymyzyň hormatynyň gaçyrylandygy üçin jenaýat jogapkärçiliginiň bellenmegi Esasy Kanunymyzda döwlet nyşanlarymyzyň kanun esasynda kabul edilỳändigi we goralỳandygy baradaky kadanyň özboluşly dowamydyr.

Döwlet Baýdagy mukaddesdir, bu mukaddeslige söýgi we sylag hormat beýik bolmalydyr.

Jumamyrat Gurbanow,

**„Nesil“ gazeti, 2010 ý. Kakamyrat Rejobow.**

**„Ahlak gözelligi – bagtyň gönezligi“**

Adam durmuşda diňe özi üçin ýaşanok. Onuň özi pikir etse-de, etmese-de, ol geçen-u-geljek nesliniň öňünde gönüden-göni jogapkärçilik çekýär.

Bu hakynda Beýik Watançylyk urşunda gazanylan beýik Ýeňşiň 65 ýyllygyna ýurdumyzda mynasyp taýýarlyk görmek, watan gerçeklerini hatyralamak barada söz açylýan şu günlerde çynlakaý oýlara berilýärsiň. Bu hakynda hormatly Prezidentimiz geçen anna güni geçiren Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde ýene bir öwra nygtady. Şol ýyllarda gerçekler jeň meýdanynda baş goýup, watançylyk mekdebine öwrülen bolsalar, zenanlarymyz ojaga wepadarlygyň, halallygyň nusgasyny, ahlak gahrymançylygyny görkezdiler.

Umuman, heran-haçan hem Watan bähbidi ara düşende, hany-manyndan geçip bilen pederlerimiziň nusgalyk ömri bize dünýäniň islendik künjünde başymyzy dik tutup gezere esas berýär. Şol buýsanjy miras alşymyz ýaly, geljek nesillere ýetirmek – biziň şu günki borjumyz. Eýsem, bu babatda biziň borjumyz nämeden ybarat?!

Hudaýa şükür, ýurdumyz parahat, ilimiz asuda. Döwletimizde ähli zerur şertleriň, mümkinçilikleriň döredilmegi bilen, durmuş häzir juda ýeňilleşdi. Ýöne bu ýeňillikleriň biziň ahlagymyzy, ynsanlyk borçlarymyzy ýeňilleşdirmegine ýol bermäge hiç birimiziň haky ýok. Kämil ahlak, mizemez terbiýe ösen döwürde öňküden ençe esse zerurlyga öwrülýär. Çünki ahlak milletiň genofondunyň goragçysydyr. Bu hakynda hem Ministrler Kabinetiniň geçen anna günündäki mejlisinde düýpli

gürrüň edildi. Nygtalyşy ýaly, şu babatda ahlak ýörelgelerini gorap saklamak, neşekeşlige garşy göreşi güýçlendirmek - şu günüň gaýragoýulmasyz meselesi. Bu babatda edilen janagyryly gürrüňler, getirilen anyk mysallar her birimizi oýlandyrandyr.

Käte oturyp pikir edýärsiň. Aç bir arslanyň awlan awyny özi iýmän, ejiz balasyna bermeginde hem, ürkejik towugyň jüýjesini halas etmek üçin ite, arslana topulmagynda hem, injir agajynyň özüniň kirşen iýip, perzentleri bolan miwelerine sap arassa süýt bermeginde hem syryna akyl ýetmez täsinlik bar. Onsoň, ähli barlyklardan kämil hasaplanýan adamyň neşe ýaly peslige ulaşyp, öz perzentleriniň rysgyny, bagtyny ogurlamagy akyla sygjak zat däl. Neşekeşlik – köküňe palta urmak, diňe özüňe däl, milletiň bagtyna hyýanat etmek.

Eýsem, şu meselede türkmeniň dini-ygtykady näme diýýär, gulak goýalyň: «Nebsini ýeňip başaran adam Hakyň ýanynda perişdelerden-de zyýatdyr. Çünki perişdeler barybir haýyr işleri etmek üçin ýaradylandyr, olara nebis berlen däldir. Nebsini öňüne düşüren adam hawanlardan-da pese gaçar. Çünki haýwanlara nebsini ýeňere adamyňky ýaly üşük, aň-paýhas berlen däldir».

Bu babatda türkmeniň asyrlarboýy toplan tejribesi, milli ýörelgeleri näme diýýär: «Päl azman, bela gelmez»,

«Halala hasap bar, harama - azap», «Halal kişiniň bir hoşa üzümi kyrk kişä ýeter». Üstesine, milli Liderimiziň aýdyşy ýaly, türkmende neşe bilen meşgullanýanlar bilen gatnaşyk edilmändir, toýa-märekä çagyrylmandyr, «Neşekeşden il bizar» diýlipdir.

Bu meselä türkmeniň häzirki beýik Galkynyş zamanasy näme diýýär?! Ony hormatly Prezidentimiz bir jümlede anyk-aýdyň aýtdy: «Biziň jemgyýetimizde neşe serişdeleri bilen meşgullanýanlara, ony satýanlara asla orun bolmaz». Bu sözeriň tizara dolulygyna durmuşa geçjekdigine şek-şübhe ýok, muňa bütin il ynanýar. Çünki neşekeşligiň nogtalanmajak nogsanlyk däl ekendigini hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda geçen soňky üç ýyl kemsiz düşündirdi. Şu ýyllarda neşekeşlige garşy alnyp barlan aýgytly göreşiň netijesiniň durmuş ýüzünde aýdyň duýlandygyny adamlar halasgär Prezidentimize çuňňur hoşallyk bilen nygtaýarlar. Eýsem, ýaňy-ýaňylara çenli çözülmesi müşgil görnen bu çylşyrymly meseläniň gysga wagtda çözgüdiniň ugrugybermesiniň özeninde nämeler ýatyr?! Elbetde, ýurtda turuwbaşdan bu belanyň garşysyna göreşýän ýörite döwlet gullugynyň döredilmegi wajyp ädim boldy. Ýöne neşä garşy göreş diňe munuň bilen çäklenmeýär. Raýatlar üçin ýerlerde müňläp-müňläp iş orunlarynyň döredilmegi, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň gaýtadan dikeldilip, aýlyk zähmet haklarynyň yzygiderli artdyrylmagy, ýaş maşgalalaryň ýaşaýyş jaý

babatda-da, beýleki dürli maddy ýeňillikler babatda-da üns-alada bilen gurşalmagy, saglygy goraýşyň we sportuň döwlet syýasaty derejesine göterilmegi...şu we şunuň ýaly ençeme düýpli işler adamlara durmuşyň hakyky manysyny, hözirini duýmaga, ýaşaýşyň lezzetiniň beýleki ähli ýasama,wagtlaýyn lezzetlerden rüstemdigine düşünmäge mümkinçilik berdi. Ýene bir zady bellemeli, durmuşda çep gursagyň gowuz bolsa, doly jübi bilen adam şekilli ýaşap bolmaýar. Adamy adam edýän ruhy baýlyk. «Beýniň öýjükleri hem edil balaryň öýjükleri ýalydyr. Olary baldan doldurmasaň, zäherden dolar» diýipdirler. Mähriban Prezidentimiziň baştutanlygynda, medeniýet, sungat, ylym-bilim boýunça işleriň halkara derejesinde ýola goýulmagy sagdyn, intellektual jemgyýetiň kemala gelmegine gönükdirilendir. Halkyň ruhy baýlygy artyp, aň-düşünjesi ýokary göterildigiçe neşekeşlik ýaly nogsanlygyň öz-özünden aradan aýryljagy düşnükli.

Ýöne munuň üçin, hormatly Prezidentimiziň aýdyşy ýaly, bütin jemgyýetiň aýaga galmagy zerur.

Birnäçe ýyllap kesilmedik üzüm soň miwe bermeýär, beräýende-de ownuk bolýar.

Adam aňynyň hem taraşlanyp durulmagy zerur. Bu babatda ene-atalardan başlap, her birimiziň edip biljek işimiz kän.

Aslynda, bu mesele häzir diňe biziň jemgyýetimizi däl, dünýä jemgyýetçiligini biynjalyk edýän mesele. Bu meselede bolsa ownuk zat ýok. Bütindünýä Saglyk guramasynyň habar bermeginä görä, her ýyl dünýäde ortaça 200000 adamyň ömri neşe serişdeleriniň pidasy bolýar. Ýöne çilim çekmek zerarly ýogalýanlaryň sanynyň neşe serişdelerini ulanyp ýogalýanlaryň sanyndan 25 esse köpdügi, ýylda 4,9 million adamyň çilimiň pidasy bolýandygy hakynda oýlanýarysmy?

Biz maglumatlary getirmek bilen, gürrüňi bolşundan-da çylşyrymlaşdyrmak islämzok. Ýöne diýjek bolýanymyz sagdyn durmuşa zeper ýetirýän islendik bir zat

biziň nazarymyzdan sypmaly däldir. Bu gün göz ýuman zatlarymyz ertir gözlerimizi açdyrman biler. Başyňdan aýlap uran zadyň hem gelip aýagyňdan inýändigine durmuşda mysal az däl.

Adamyň bütin ömrüni çagalykda, ýaşlykda alan terbiýesi kesgitleýär. Şonuň üçin-de, mähriban Prezidentimiz ýaş nesliň edep-terbiýesiniň kämil derejede bolmalydygyny häli-şindi sargaýar. Bu babatda hormatly Prezidentimiz geçen anna günündäki mejlisde hukuk goraýjy edaralar, jemgyýetçilik guramalary bilen birlikde bilim işgärleriniň öňünde-de anyk wezipeleri goýdy.

Gadymy medrese mugallymlarynyň biri hakynda

şeýle gürrüň eşidipdim. Çagalaryň biri belent ýerden ýykylyp, gaty ýere düşýär. Mugallym onuň ýanyna howsala bilen gaýdýar. Ýanyna gelende, onuň öz ogludygyny görüp, uludan dem alypdyr: «Hudaýa şükür, hernä öz oglum eken».

Çagalaryň ykbalyna hemişe-de şeýle jogapkärçilik bilen garaýan mugallymlar zerur gerek! Daşary ýurt teleýaýlymlarynyň birinde iň ýokary jeza çäresi bellenilip, günäkäriň oturgyjynda oturan kişä «Näme aýtjak zadyň bar?» diýlende, onuň bir ah çekip, «Şu sowaly kiçiligimden berip, meniň bilen häzirki ýaly gyzyklanan bolsadylar, häzir günäkäriň oturgyjynda däl-de, başgarak ýerlerde bolardym» diýeni aňymda galypdyr

Käte çagany gowy görmek bilen çaga gowy terbiýe bermek bir zatdyr öýdülýär.

Ýöne akyldaryň aýdyşy ýaly, «çagany gowy görmegi towuk hem başarýar. Ýöne welin, çaga terbiýelemegi başarmak talantlylygy we durmuşy giňden bilmegi talap edýär.».

Hormatly Prezidentimiz kämil edep-terbiýäniň, jemgyýetde sagdynlygyň gazanylmagynyň biziň öňde goýan maksatlarymyza ýetip bilmegimizde-de baş çelgi bolup durýandygyny nygtady. Beýik Galkynyş zamanasynyň sagdynlygyň we ruhubelentligiň

zamanasydygy, onda hapa-haram meýillä asla orun ýokdugy Aý dogan ýaly aýdyň hakykatdyr. Aýdylyşy ýaly, Aýa-Güne gözlerini ýuman kişi bolsa diňe özüni garaňkylyga iterýändir. Şuny her birimiziň aňymyza guýmagymyz gerek.

**Edebiýatlar**:

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky, söýmek bagtdyr.Aşgabat, 2007.

2.Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal, Aşgabat, 2007.

3.Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Rarahatçylyk, döredejilik, progres syýasatynyň dabaralanmagy.Aşgabat,2007.

4.Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy..Aşgabat, 2007.

5.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky çykyşy.Aşgabat, 2009.

6.Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerne tarap.Aşgabat, 2009.

7.Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzyň döredijilik intelligensiýasy bilen duşuşygy.„Mugallymlar gazeti'' 21.01-2008.

8.Goçmyradow H.Ruhy aýna.Aşgabat,1998.

9.Goçmyradow H.Publisistika.’’Nesil’’gazeti.12.06-2008.

10.Garagum zurnaly.2010 6-sany.

11.Streisow W.Osnowy publisistiki,Minsk,1998.

12. Gülsün Çaryýewa, „Ussatlygyň ugrunda“ „Nesil“ gazeti, 2010-njy ýyl. „Nesil“ gazeti.

13. „Edebiýat we sungat“ gazeti. 1994 ý. 30-njy sentýabr. Publisistik makalanyň ady „Erkinlik“

14. „Aşgabat“ gazeti. 2009 ý. 26-njy dekabr.

Publisitik makalanyň ady „Halallyga ygrarlylyk“ Ogulnar Hydyrowa

15. „Galkynyş“ gazeti. 2010 ý.26-njy maý.

Publisistik makalanyň ady „Röwşen geljekli güneşli diýar“ Gurbanmuhammet Ilmyradow,

16. “Türkmenistan – täze başlangyçlarya mekany” Muhammet Şyhdurdyýew, “Türkmen dünýäsi” gazeti 2009-njy ýyl. 23-nji aprel.

17. Gylyçmuhammet Joraýew, “Halkara energiýa syýasaty we Türkmenistan” “Nesil” gazeti 2009-njy ýyl, 14-nji iýul.

18.Publisistik makalalar: H.Goçmyradowyň „Türkmenistan Ata Watan“ („Edebiýat we sungat“ gazeti. 1995-nji ýyl. 10-njy oktýabr), Atamyrat Atabaýeiwiň „Aýak diräre toprak, arka diräre Watan“ („Esger“ gazeti.

199-njy ýyl. 11-nji mart), başga-da birnäçe ýazyjy-şahyrlaryň döredijiliginde, KHBS-niň işgärleriniň taýýarlaýan gepleşiklerinde Bitaraplyk derejämiz, onuň gadyr-gymmaty açylyp görkezilýär.

19. Seýitmyrat Geldiýew, „Ýaşlaryň ruhy dünýäsi“ publisistik makala. „Nesil“ gazeti. 2010-njy ýyl.

20. Aýgözel Bekiýewa, „Türkmen ýaşlary jemgyýetiň aýnasydyr“ publisistik makala. „Güneş“ žurnaly 2009-njy ýyl.

21. Kakamyrat REJEBOW, „Beýik Galkynyş we ýaşlar“ publisistik makala. „Nesil“ gazeti 2009-njy ýyl.

22. Begenç Garaýew,“Türkmenistan” gazeti 2009-njy ý.“Baky Bitaraplyk” publisistik makala

# Mazmuny


1. Giriş..........................................................7
2. Publisisistika...................................................10
3. Publisistikanyň ösüş ýollary.........................13
4. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynyň ideologiýasy...........................20
5. Täze Galkynyş eýýamy................................29
6. Dünýä ýurtlar bilen täze gatnaşyklar......... 32
7. Türkmenistan dünýäniň energiýa howupsuzlygy ugrynda.......................................................36
8. Sungatdaky Galkynyş...................................43
9. Milli medeniýetimiz galkynýar....................47
10. Türkmen ylmyndaky Galkynyşlar............51
11. Beýiki Galkynyş zamanasynyň oba hojalygy.....................................................54
12. Ýaş nesliň aladasy.....................................58
13. Türkmen Bitaraplygy hakynda..............84
14. Edebiýatlar: ...........................................129